

### *I bap*

### *MENIŇ ILKINJI GEZEK GÄMILI ÝÜZÜŞIM*

Men 1632-nji ýylda, York şäherinde abraýly maşgalada doguldum. Meniň kakam Angliýa Bremenden gelip, öz işinde üstünlik gazanypdyr we meniň ejeme öýlenipdir. Ejemiň ady Robinzondy, şonuň üçin meniň adym Robinzon Kroýtsner. Emma bu sözi iňlis dilinde aýtmak kyn bolany üçin, maňa Robinzon Kruzo diýýärler we şeýle-de ýazýarlar.

Meniň iki sany erkek doganym bolupdyr. Bir doganym ispanlara garşy söweşde wepat bolupdyr. Beýlekisine bolsa näme bolandygyny bilmeýärin. Meniň kakam akylly we gowy adam bolany üçin, maňa oňat bilim berip, meniň sülçi bolmagymy isleýärdi. Ýöne men diňe deňizde syýahat etmek barada arzuw edýärdim.

Kakam meniň bilen çynlakaý gürleşmäge synanyşdy. “Näme sebäpden? Näme üçin sen öz öýüňi, ýurduňy taşlap gitmek isleýärsiň? Deňizde sen diňe betbagtçylyga we kynçylyklara duçar bolarsyň” diýip, ol aýtdy.

Ol gürläp durka, onuň gözlerinden gözýaşlary syrygýardy, we men mundan beýläk deňze gitmezligi ýüregime düwdüm hem-de kakama "Seniň isleýşiň ýaly ederin" diýdim.

Ýöne birnäçe gün geçenden soň, men ýene-de pikirimi üýtgetdim we öýden gaçmagy ýüregime düwdüm.

Bir gün men Gul şäherindekäm bir dostuma duşdum. Ol: "Ertir kakamyň gämisi Londona ugraýar. Senem gitmek isleýärmiň?" diýdi. Men şol bada öz razylygymy berdim we şeýlelikde ertesi gün, ýagny 1651-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda gämide Londona ugradym.

Haçanda gämi Gul şäherinden daşlaşanda, şemal öwsüp başlady we tolkunlar güýjedi, men bolsa gorkudan ýaňa sandyraýardym.

"Eý, taňrym, eger men şu gezek diri galsam, şol bada öýe dolanaryn we hiç wagt deňze syýahata gitmerin" diýip ýalbardym.

Bu pikirler meniň aňymda tupan geçenden soň hem az wagt dowam etdi. Ertesi gün şemal ýatdy. Menden deňiz keseli daşlaşdy we öňki eýmenç tupanly deňiz, ümsüm, owadan görnüşe geldi. Ýoldaşym ýanyma gelip:

– Bob, ýagdaýlaryň nähili? Sen öten agşamky şemaljykdan gorkmadyň gerek – diýip sorady.

– Şemaljyk? Ol elhenç tupandy ahyryn! – diýip, men jogap berdim.

– Tupan? Bu entek hiç zat. Sen erbet howa çalt öwrenişersiň. Ýör rom içeli!

Rom içenimden soň, men gorkymy ýadymdan çykardym we deňizçi bolup galmagy ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, meniň ähli betbagtçylyklarym we başdan geçirmelerim başlandy.

Biraz wagtdan soň Londonda men Gwineýanyň kenar ýakasynda bolup gelen gäminiň eýesine duşdum. Ol ýene şol ýere gitmegi ýüregine düwendigini aýtdy we meni hem özi bilen gitmäge yrdy.

Bir gün Kanar adalary bilen Afrikanyň kenar ýakasynyň aralygynda türk gämisi garaşylmadyk ýagdaýda üstümize çozdy. Türkler biziň barymyzy ýesir aldylar. Ýesirleriň köpüsini Salyh şäheriniň bazarlarynda satdylar. Ýöne Türk gämisiniň eýesi meni öz ýesiri hökmünde saklady.

Meniň täze hojaýynym meni öz öýüne alyp gitdi. Onuň bilen indiki deňiz syýahatyna gitmäge we ondan gaçmaga umyt edýärdim. Emma ol meni bagyna we öýüne seretmek üçin kenar ýakasynda goýup gitdi. Haçanda ol gaýdyp gelende maňa gämä seretmegi buýurdy.

Başda men diňe gaçmak barada pikir edýärdim. Ýöne ýekelik we mätäçlik

gaýygymyzda düşenmek üçin ulandyk.

Soňra on ýa-da on iki günläp günorta tarap ýüzdük, iýmiti bolsa, mümkin boldugyça örän az iýýärdik, sebäbi azygymyz gutaryp barýardy. Men irugiç bir gämä duşarys diýip ynanýardym – ýöne oňa çenli iýmitimiz bir ýetermikä? Biz Afrikanyň kenaryna geldik. Ol ýerde adamlara duşduk, olaryň teni gap-garady we eginlerinde hiç hili eşikleri ýokdy. Olar bizi üm bilen yşarat edip çagyrdylar, soňra bize däne we kakadylan et getirip berdiler.

Biz biri-birimizden gorkýardyk, ýöne olar iýmiti ýerde goýup, tä ony gaýyga alyp gidýänçäk daşda durdular. Soňra ýene-de golaý geldiler. Meniň olara berere hiç zadym ýokdy we olara nädip minnetdarlyk bildirjekdigimi bilmeýärdim. Birdenkä Afrikalylary gorkuzyp, elhenç ýabany pişik peýda boldy, men tüpeňimi alyp , ony atdym. Tüpeň sesi olary gorkuzdy, ýöne haçanda olar ýabany pişigiň maslygyny görenlerinde gaty begendiler. Olara onuň etini berip, özüme hamyny alyp galdym. Soňra iki sany aýal uly küýze getirip berdi we Gzuri meşiklerimizi suw bilen doldurdy.

Iýmitden we suwdan geregimizi edinip, biz täze dostlarymyzy goýup gaýtdyk we on bir günläp ýaşyl burun adalaryna tarap ýüzdük. Emma bizi ol ýere eltere ugurdaş şemal ýokdy. Men gaýykda adalara tarap seredip otyrdym we näme etjegimi bilmeýärdim. Birdenkä Gzuri meni çagyrdy:

– Hojaýyn, hojaýyn! Ýelkenli gämi – diýip, portugal gämisini görkezdi. Üç sagatdan soň biz oňa golaý bardyk. Olar menden özüm barada soradylar we men öz başdan geçirenlerimi gürrüň berdim.

Azatlykda we dostlarymyň arasynda özümi nähili duýandygymy siz göz öňüne getirip bilersiňiz. Men kapitana özümiň barja zadymy hödür etdim, emma ol bu zatlary almakdan boýun gaçyrdy:

– Bir gün menem seniň duçar bolan kynçylyklaryňa sezewar bolmagym mümkin. Men Braziliýa tarap barýaryn, eger isleseň seni ol ýere eltip bilerin. Sen ol ýerde zatlaryňy satyp, Angliýa tarap gidýän gäminiň ýol puluny töläp bilersiň – diýdi.

Ol meniň gaýygymy hem satyn aljak diýdi. Onuň maňa bolan rehimdarlygy üçin men ondan pul almak islemedim, barybir ol maňa 80 funt berdi. Kapitan Gzuri- nem 60 funta satyn aldy, ýöne men onuň öňünde Gzurini on ýyldan soň boşatmagy şert edip goýdum.

Indi meniň näme etmelidigim barada pikir etmäge ýeterlik wagtym bardy. Kapitanyň kömegi bilen men Braziliýada zatlarymy satyp bildim. Men bir bölek ýer satyn aldym we şol ýerde gant şugundyryny ekip, bol hasyl aldym.

zerarly iki ýyllap ýesirlikde galdym. Indi hojaýynym öýde adatdakysyndan has köpräk bolýardy. Ol kiçijik gaýykda balyk tutmaga başlady, bir yaş mawr ýigidi we meni gaýyk küreklemek üçin hemişe ýanyna alýardy. Men gowy balykçy bolup yetişdim. Haçanda ol täze balyk iýesi gelende, meni, oglanjygy we garyndaşy bolan mawry bile iberýärdi.

Bir gün hojaýynym dostlary bilen balyk tutmana gitmekçi boldy. Biz gaýygy adatdakysy ýaly iýgi-içgiden doldurdyk. Dostlary bilen aw etjekdikleri sebäpli, onuň içine üç sany tüpeň hem saldyk. Men ähli zady taýyn etdim, ýöne ertesi hojaýynym gaýyk bilen yzyna dolanyp geldi-de:

– Myhmanlar pikirlerini üýtgetdiler, olar kenarda galarlar. Mawr bilen git we balyk tutup getir – diýdi.

Şol ýerde men gaçmaga mümkünçilik tapdym. Haçanda meni hojaýynym ýeke goýup gidende, men balyk tutmaga däl-de, deňiz syýahatyna taýynlandym. Soňra biz gaýykda ornaşdyk. Mawr hiç zady güman edenokdy, birdenkä ony suwa okladym. Ol gaýyga tarap ýüzjek boldy, ýöne men oňa tüpeň çenedim.

– Kenara tarap ýüz, ýogsam seni ataryn! Men azatlyga çykmagy ýüregime düwdüm – diýip, gygyrdym.

Ol örän gowy ýüzüji bolansoň, kenara ýetjekdigini bilýärdim. Soňra, oglana tarap öwrülip:

– Gzuri, maňa wepaly bolsaň, seni uly adam ederin. Eger bolmasaň, senem deňze oklamaly bolaryn – diýdim. Oglan söz berdi, beren sözünde hem tapyldy.

Garaňky düşende, kenara golaýlaşmak üçin, gündogara tarap ugradym. Bäş günläp ýüzenimizden soň, kenar göründi. Yzymyzdan kowgy gelmeýändigi sebäpli, kenara suw almaga çykdym. Biz kenardaky ýabany haýwanlardan gorksak-da, meşiklerimizi suwdan doldurdyk. Gzuri guş atdy we biz täze et iýjekdigimize begendik.

Indi men Kanar adalaryna ugramagy ýüregime düwdüm, ýöne nirededigimizi, haýsy ugra gitmelidigimizi bilmeýärdim. Eger-de, kenarda galan bolsam, kömek etjek iňlis gämisine duşmagym ahmaldy.

Göwnüme bolmasa bir-iki gezek men Kanar adalaryndaky Tenerife şäherindäki beýik dagyň depesini gören ýaly boldum, ýöne şemal päsgel berensoň oňa golaý baryp bilmedim. Biz birnäçe gezek suw almak üçin kenara çykmaly bolduk. Bir gezek ýolbarsa duşduk we men ony atdym. Onuň hamyny sypyryp, günüň aşagynda serip goýduk hem-de ony kiçijik

Üç milýa töweregi küreklänimizden soň, dagdan hem beýik äpet tolkun yzdan bize tarap gaýtdy. Ol bizi şeýle bir güýç bilen zyňdy welin gaýygymyz beýlesine öwrüldi. Ol bizi gaýygymyzdan we biri-birimizden aýyrdy.

Tolkun meni alyp golaýdaky gury ýere taşlady. Men janymy halas etmäge synanyşdym, ýöne başga bir tolkun garbap aldy we suwuň içinde ep-esli wagt saklady. Men demimi saklap, näçe kyn bolsa-da, başardygymça öňe ýüzmäge synanyşdym. Ahyry gury ýere aýagym degdi we men dem almak üçin dik durdum. Ýöňe başga bir tolkun meni gaýa tarap oklady. Gaýa süňklerimi döwere getirdi. Tolkun daşlaşansoň, men gury ýere tarap ylgadym. Deňizdäki elhenç tolkunlaryň ýetip bilmejek otluk meýdanyna baryp oturdym.

Ýoldaşlarymyň arasynda diri galanyma şükür edip, kenaryň ýakasynda gezmeledim. Ol ýerde ýoldaşlarymyň üç sany telpeginden we iki taý köwşünden başga hiç bir zat görmedim.

Ol tolkunlardan sypyp, nädip gury ýere ýetdimkäm diýip, uzakdaky gämä tarap seretdim. Soňra nirededigim we näme etmelidigim barada pikirlendim. Men ruhdan düşüp başladym, sebäbi üstüm-başym öldi, gury eşigim, iýmäge çöregim, içmäge suwum, hatda halas bolmaga-da hiç-hili mümkinçiligim ýokdy. Açlykdan ölmesem-de, men ýyrtyjy haýwanlara şam bolaryn. Hatda aw awlamak, özümi goramak üçin tüpeňim hem ýokdy. Ýanymda pyçagymdan, şybygymdan we azyrak temmäkimden başga hiç zadym ýokdy.

Garaňky düşdügiçe gorkup başladym. Men baga çykmagy we ertesi ölümiň haýsy görnüşini saýlap almak barada pikirlendim. Ölüm maňa gutulgysyz bolup görünýärdi. Ilki bilen arassa suw tapmak üçin töwerege aýlandym. Ahyrsoňy bir çeşmejik tapyp, suw içdim-de baga çykdym. Goranmak üçin bagdan bir şaha döwüp aldym-da, onuň üstünde mazaly ornaşdym. Örän ýadawlygym sebäpli, özümi az-kem gowy duýanymdan soň uka gitdim.

## *III bap*

## *GÄMÄ DOLANYP BARŞYM*

Men oýananymda eýýäm Gün dogup, howa açylyp, tupanly bulutlar ýitirim bolan eken. Men gämini göresim geldi we ony kenar ýakasyna akymyň getirip taşlan ýerinden tapdym. Ol tolkunlaryň meni getirip taşlan gaýasyndan daşda däldi. Men gämä baryp, ätiýaçlyk üçin özüme gerek peýdaly zatlary almak isledim.

## II bap

## TUPAN

Dört ýyl töweregi ol ýerde gant şugundyryny we temmäki ösdürmek bilen meşgullandym. Baýlygym köpeldi, şeýdibem plantator boldym. Bir gün beýleki plantatorlar maňa ýerlerimizde işletmek üçin Gwineýadan Afrikaly gullary getirmegi teklip edenlerinde ylalaşdym. Olar gämini gerekli zatlar bilen üpjün etmegi, soňra bolsa gullary paýlaşmagy teklip etdiler. Men bu teklibi kabul etmeli däldim, ýöne nebsim öňüme düşdi. Şeýlelikde, 1659-njy ýylda biz syýahata ugradyk.

Ilki başda hemme zat gowudy, ýöne soňra güýçli tupan turdy, we biz 12 günläp öleris öýdüp günümizi sanap oturdyk. Tupan ýuwaşanda biz barýan ugrumyzdan müňlerçe milýa daşlaşandygymyzy aňdyk. Gämimiz deşilip, suw göýberip başlady, şonun üçin hem Barbadosa tarap ýüzmeli bolduk. Ikinji gezek hem güýçli tupan turdy-da, bizi ugrumyzdan daşlaşdyrdy.

Güýçli öwsüp duran şemalyň şuwwuldysy bilen garyşyp bir deňizçimiziň “Ýer!” diýip gygyranyny eşitdik. Töweregimize seredip durşumyza, gäminiň suwuň ýalpak çägeli ýerine degenini duýduk. Howsala düşüp, nirä gelenimizi hem bilmedik. Şemal heniz hem güýçli öwüsýändigi sebäpli, gämi suwuň ýüzünde saklanyp biler diýip umyt hem edmeýärdik.

Şunlukda biri-birimiziň ýüzümize seredip, islendik pursatda gelip biljek ajala garaşýardyk.

Biz betbagtçylyga duçar boldyk, gämimiziň soňy geldi öýdýän! Hawa, gämimizde kiçiräk gaýyk bardy ýöne onuň bilen deňizde ýüzüp bilermikäk? Emma şol wagt jedelleşmäge biziň ýagdaýymyz ýokdy, sebäbi gäminiň islendik pursatda çym-pytrak boljakdygyna gözümiz ýetýärdi. Şeýlelikde, biz gaýygy gämiden düşürip, elhenç deňziň rehimdarlygyna umyt edip, gaýyga mündik.

Tolkunlar örän beýik bolansoň, bizi gaýygymyz bilen gark etjekdigine düşündik. Gaýygymyzyň ýelkeni ýokdy, eger-de bolan hem bolsa, bu tupanda ýyrtylardy. Biz ajalyna göni barýan adamlar ýaly, kenara tarap kürekleýärdik. Gaýyk kenara golaý gelende deňiz ony birnäçe böleklere bölüp biljekdigine düşünýärdik.

Biz kenaryň çägesöwdigini ýa-da gyýçak gaýalykdygyny bilmeýärdik. Eke-täk umydymyz deryanyň ýuwaş akýan ýerine düşmekdi. Ýöne biz oňa düşmedik. Kenara golaýlaşdygymyzça, ýer deňizden-de elhenç göründi.

Bagdan düşüp, töwerege täzeden göz gezdirdim. Gämi menden iki milý töweregi daşlykda kenaryň sag tarapynda, tolkunyň we tupanyň getirip zyňa ýerinde ýatyrdy. Men oňa tarap ýöredim, ýöne ýarym milýa geçmänkäm öňde ikimiziň aramyzy kesip geçýän kiçiräk suw aýlagyna duşdum we gäm tarap ýetmegiň aňsat düşjekdigini ýa-da düşmejekdigini pikirime aýladym

Deňiz diýseň parahatdy. Tupan ýatansoň, gämä arkaýyn ýüzüp bary biljekdigime gözüm ýetýärdi. Men gaýga batdym, sebäbi eger ýoldaşlaryn bilen hiç zatdan gorkman gämide galan bolsadym, onda ählimiz diri galardyk Bu ýagdaýy görüp, gözýaşlarymy saklap bilmedim. Mende kiçijik umy uçganaklaýardy, şoňa görä-de näme bolsa-da gämä tarap ýüzmäni ýüregim düwdüm.

Howa şeýle yssy bolansoň, eşiklerimi çykardym we suwa girdim. Ýön gämä ýüzüp ýetenimden soň, onuň üstüne nähili çykjagymy bilmedim. O suwdan has beýikdedi we dyrmaşyp çykara hiç zat ýokdy. Gäminiň daşyndan aýlanyp ýörşüme
tanapyň sallanyp duranyny gördüm. Men kynlyk bilen ony tutup, dyrmaşyp gäminiň üstüne çykdym. Onuň içinde ep-esli suw bardy, ýöne onuň ýa tarapy kenaryň beýikliginde gurak ýerde duransoň suwsuzdy. Ilki bilen nämäniň zaýalanyp, nämäniň zaýalanmandygyny barlamak meniň pikirime geldi.

Gämidäki iýmite suw degmändir. Men ajygýardym, jübülerimi gaty çörekden doldurdym we başga işler bilen meşgullanýanlygyma garamazdan ondan iýýärdim. Romly çüýşäni tapdym we berkemek üçin ondan biraz içdim. Häzir maňa bu gerekli zatlary kenara alyp gitmäge gaýyk zerurdy. Elbetde, gaýyk ýokdy, ýöne gämide agaçlar köpdi, şoňa görä-de men agaçlardan sal ýasamaga başladym. Men agaçlaryň dargamazlygy üçin, olaryň birnäçesini tanap bilen daňyp, deňze taşladym. Soňra gämiden aşak düşüp, olaryň dört sanagyny biri-birine berkidip, sal görnüşinde daňdym we beýleki galan iki-üç sany agajy bolsa onuň üstünden keseligine goýdum. Onuň üstüne münüp arkaýyn gezmelesem-de, agyr ýüki götermejegini duýdum. Şonuň üçin men başga gurallar bilen ýene-de agaçlaryň birnäçe bölegini oňa goşdum.

Indi ýasan salym gerekli agramy göterip biljekdi. Ilki bilen etmeli zadym ony ýüklemekdi. Men onuň üstüne gämiden tapan tagtalarymy goýdum. Soňra deňizçilerimize degişli bolan üç sany sandygyň gulpuny döwüp açdym we olaryň içini boşadyp, sala geçirdim. Sandyklaryň birine bäş bölek

kakadylan eti, üç bölek Golland peýnirini, galan bugdaýy we çöregi saldym. Men iýmitleri ýygnap ýörkäm, kapitanyň çakyrly çelekleriniň üstünden bardym we olary hem ýasan salyma geçirdim. Güýmenip ýörşüme kenarda goýan köýnekdir penjegimi suw tolkunlarynyň alyp gidenini gördüm. Meniň indi diňe balakdyr, jorapdan başga zadym bolmansoň eşik gözläp başladym. Eşik diýseň kändi, ýöne maňa başga zatlaryň has gerekdigi sebäpli, men diňe bir laý eşik aldym. Uzak gözleglerden soň, men agaç ussasynyň sandygyny tapdym we ony sala düşürdim. Bu sandyk maňa altyndan doly gämiden hem gymmatlydy.

Indi bolsa, gämiden ok, däri we ýarag almalydym. Men iki sany gowy tüpeň we iki sany köne gylyç tapyp, olary aldym. Gämide därili gapyrjaklaryň bardygyny bilýärdim we köp wagtlap olary gözlänimden soň tapdym. Olaryň ikisi gurydy, üçünjisiniň içine bolsa suw gidipdir. Iki gury gapyrjagy ýaraglar bilen bilelikde sala geçirdim. Saly çala öwüsýän şemalyň gark edip biljekdigi sebäpli, indi meniň bar aladam ony kenara eltmek boldy. Ýöne işim şowuna boldy, deňiz parahatdy we akym bilen şemal maňa kömek etdi.

Gämiden alan küreklerim bilen ýüzüp barşyma suwuň akymy meni uly bolmadyk derýanyň kenaryna eltdi. Kenara çykmak üçin ýer gözledim. Men akym bilen derýanyň jümmüşine gitmek isledim, sebäbi birden gämi geçäýse, ony görmezligim ahmaldy.

Ahyry men amatly ýer tapdym we kynlyk bilen küregimi ýere diräp, öz salymy kenara golaýlatdym. Men salymy kenara itip hem bilýärdim, ýöne kenar beýikde ýerleşensoň, ol yza gaýdyp öl boljakdy. Salymy tekiz ýere çykarjak güýçli akymyň gelerine garaşmalydym. Suw tekiz ýeri örtensoň, men iki sany döwlen küregimi ýere diräp salymy öl ýere itdim. Suwuň meni we salymy kenarda taşlap yzyna gaýdaryna garaşdym.

## *IV bap*

## *BIR ÝERDE ÝAŞAMALY*

Özüm üçin ýaşamaga ýer gözledim. Menden bir milýa daşlykda ýerleşýän beýik bir baýyr bardy. Men tüpeň bilen därimi alyp, kynlyk bilen onuň depesine çykdym. Daş-töweregime seredip, özümiň adadadygymy bildim. Ondan başga hiç ýerde gury ýer görnenokdy. Käbir ýerde gaýalar daşdan görünýärdi, günbatarda bolsa iki sany kiçeňräk ada ýatyrdy.

Men adada ne-hä adam, ne-de öý-öwzar gördüm. Köp guş gördüm, ýöne olaryň haýsysyny iýmek bolýandygyny bilmeýärdim. Yzyma gaýdyp gelýärkäm, bir uly guşy atyp öldürdüm. Tüpeň sesine guşlaryň müňlerçesi gykylyk turzup asmana galdylar; dünýä döräli bäri, bu adada tüpeň sesi birinji gezek ýaňlanandyr diýip pikir etdim. Ýöne ol atan guşumyň eti göwnüme ýaramady.

Salyma dolanyp bardym we ýükümi kenara daşap başladym. Bu iş üçin günüň ikinji ýarymy sarp boldy. Gije düşdi, we men nirede ýatjakdygym barada pikirlendim. Adada nähili ýabany haýwanlaryň bardygyny bilmämsoň, sandyk, tagta getirip, gaçybatalga ýasandym. Bu ýerde men ümsüm gijäni geçirdim.

Indi men gämiden beýleki peýdaly zatlary getirmek, esasanam, tanaplary we ýelkenleri getirmek barada pikir etmäge başladym, sebäbi indiki turjak tupanyň gämini çym- pytrak etjekdigini bilýärdim. Şeýlelikde, men salda gämä tarap ýüzüp ugradym.

Soňra gämä öňkim ýaly tanapa dyrmaşyp mündüm we ikinji saly taýýarladym. Birinji salymyň düşen ýagdaýy ýadyma düşüp, ikinji salymy azrak ýükledim, ýöne her niçigem bolsa onuň üstüni peýdaly zatlardan doldurdym. Men agaç ussasynyň sandygyndan çüý, palta, çalgy daşyny we başga-da gurallary tapdym. Bu zatlary öz ýaragym we okum bilen bile daňdym. Geýim-gejimleriň ählisini, ýelkenleri, ýorgan düşekleri aldym. Bu zatlardan salymy dolduryp, kenara ýüzüp bardym.

Men gämidekäm iýmitimi haýwanlar iýendiir diýip aladalandym. Emma dolanyp gelenimde sandygyň üstünde oturan ýabany pişikden başga hiç hili haýwan görmedim. Oňa golaýlaşanymda, ol meni tanamak isleýän ýaly ýüzüme seretdi. Men oňa tüpeň çenedim, ýöne ol ýaragyň nämedigini bilmeýärdi. Muňa düşünip, oňa bir bölek çörek okladym. Ýabany pişik ony ysgady, iýdi we ýene-de isledi. Onuň islegini kanagatlandyrmanymdan soň, ol sandykdan düşüp gitdi.

Kenarda meniň ikinji gezek getiren ýüküm duransoň, sütünlerden we köne ýelkenden ýasan kiçeňräk çadyrymy alyp olary getirmäge gitdim. Çadyryň içine günden we ýagyşdan zaýalanyp biljek ähli zatlary salyp getirdim. Soňra boş sandyklary we çelekleri ýabany haýwanlardan goranmak üçin, çadyryň töwereginde düzüp goýdum.

Çadyryň agzyny bolsa tagtalar we sandyk bilen ýapdym. Men düşegimi ýere ýazdym we tüpeňimi bir gapdalymda goýup, ilkinji gezek gyşardym.

Uzakly gün agyr işlänim üçin, örän gowy ýatypdyryn.

Indi meniň hemme gerekli zatlarym bardy, ýöne gämi ol ýerde durka, onuň içindäki ähli alyp gaýdyp biläýjek zatlarymy getirmeli diýip pikir etdim. Her günki deňziň pes akymynda men tanaplary, ýüpleri, çörekdir-romy, gantdyr-uny kenara daşadym.

On üç günüň içinde gämä on bir sapar baryp gaýtdym we güýjümiň ýeten ähli zatlaryny getirdim. Eger meniň gämä-de güýjüm ýeten bolsady, onda ony hem böleklere bölüp, alyp gaýdardym. Ýöne gämä on ikinji gezek gitmäge taýýarlananymda güýçli şemal turdy. Her niçikde bolsa, ýuwaş akym bilen ýüzüp gitdim we gämiden çekmeli tekjäni tapdym. Onuň içinden päki, pyçak, çarşak hemem gyzyl we kümüş pullary tapdym.

Pullary elime alyp, ýaňsylaýjy görnüşde ýylgyrdym. Soňra ony ýelkeniň bir bölegine dolap, beýleki zatlaryň arasyna goşdum. Men ýene bir sal ýasamak barada pikir etdim, ýöne birden şemal beýleki tarapdan güýçli öwsüp başlady. Bu şemalda sal ýasamak meniň köp wagtymy aljakdy. Eger kenara barmak isleýän bolsam, onda akym üýtgemänkä ugramalydym. Şeýlelikde, goşum bilen kenara tarap ýüzdüm.

Kiçijik çadyryma sag-aman dolanyp bardym we töweregimdäki baýlyklarymyň arasynda ýatdym. Uzak gijeki güýçli şemaldan soň ertesi gäminiň garasam görünmedi. Onuň içinden hemme peýdaly zatlary alyp gaýdanyma begendim, soňra bu zatlary ýadymdan çykaryp, nirede ýaşap bolarka diýip pikir edip başladym. Tiz wagtdan çadyrymy oňaýsyz ýerde, ýagny deňziň kenarynyň ýalpak ýerinde gurandygyma düşündim. Men beýigräk we gowrak ýer gözledim we deňzi görüp bolaýjak baýryň üstündäki boş meýdançany gördüm. Baýryň ýokarsyna çyksam, maňa hiç bir howpuň abanmajakdygyny bilýärdim. Baýryň bir gapdalynda gowagyň girelgesine meňzeş bir kiçeňräk ýer bardy.

Şu ýerde çadyrymy gurmagy ýüregime düwdüm. Bu bölek tekiz ýeriň giňligi ýüz ýarda barabardy we onuň uzynlygy iki esse uludy. Uzakly gün bu ýere gün şöhleleri düşmeýärdi.

Çadyrymy gurmazymdan öň, ol ýeriň öňünden ýarym togalak çyzyk çekdim. Ol ýarym togalagyň üstünde iki sany pürsi dikdim. Soňra gämiden alyp gaýdan tanapym bilen pürsleri berkledim. Indi haýatymdan hiç bir janly-jandar geçip bilmez. Tokaýdan agaç çapyp getirmek we olary ýere dikmek köp wagtymy aldy.

Men ol haýatdan merdiwanly geçmelidim. Ondan geçenimden soň, özümi

bütin dünýädäki howplardan azat duýýardym. Şol gije men gowy ukymy aldym. Biraz wagtdan soň, hiç bir howpuň ýokdugyna we bu haýatyň gerek däldigine göz ýetirdim.

Ähli göşlarymy kynçylyk bilen haýatdan geçirdim we ýagyşdan goranmak üçin çadyr gurdum. Şeýle hem biziň kapitanymyzyň kömekçisine degişli bolan gamagy gurdum we indi gijelerine men onuň içinde ýatýardym.

Gowagy gazyp başladym we gazyp çykaran daşdyr-gumlarymy çadyrdan çykardym. Olary haýatyň iç tarapynda goýdum. Şunlukda, çadyrymyň arka ýüzündäki gowagy gazyp öz kiçijik öýümi giňeltdim.

Şu işleriň ählisi üçin birnäçe günümi sarp etdim. Aralykda tupan turup ýagyş ýagdy we ýyldyrym çakdy. „Wah, meniň därim!" diýip, ruhdan düşdüm. Tupan meniň därimi zaýalar diýip gorkdum, sebäbi diňe bir janym däl-de, eýsem, iýmitim hem oňa baglydy. Bagtymdan ol çadyryň içinde ekeni, ýöne töwekgelçilik edesim gelmedi. Tupan ýatan badyna men haltajyklara we gutyjyklara därini salyp başladym. Nähili ýagdaý bolaýanda-da, ot düşüp zaýalanmaz ýaly ony ýapyk gaplarda sakladym. Men bu işi 2 hepdede gutardym we 240 funtluk därimi ýüzlerçe kiçeňräk ýapyk gaplara geçirdim. Öl bolan çelegiň maňa hiç-hili zyýan bermejegini bilemsoň, täze gowagyma saldym we ony nahar iýmek üçin ulandym. Galan därini suw degmejek ýerde, daşlaryň arasynda gizledim we ol ýerleri belledim.

Bu zatlar bilen meşgullanýarkam, günde bir gezek tüpeňimi alyp daş çykýardym. Birinji gezek men daş çykamda geçilere sataşdym. Olara goláy barmak kyndy, şol sebäpden hem olaryň bolşuny synlaýardym. Şol günden soň olary awlap, özümi iýmit bilen üpjün etdim.

Meniň ýaşamaga ýerim bardy we indi maňa ot ýakmaga ýer gerekdi. Bu zatlary nähili başarandygymy we gowagy nähili giňeldendigim barada men size soňrak gürrüň bererin. Ilki men size adadaky başdan geçiren duýgularym barada aýtmakçy.

Ilki başda men bu ýaşaýşa öwrenişip bilmeýärdim, tolkunlaryň arasynda gark bolan öz ýoldaşlarymy ýatlaýardym.

Ähli gerek zatlarymyň bardygyna begendim. Eger-de tüpeňim, zähmet gurallarym, eşigim, ýorgan-düşegim, tanaplarym we ýelkenlerim bolmadyk bolsa, men näme işlärdim. Şonuň üçin öz ykbalyma kaýyldym.

On-on iki gün geçeninden soň, aý-gün hasabyny ýitirendigime düşündim. Men agaçdan uly bir bölegi çapyp aldym we onuň ýüzünde: "Men bu kenara 1659-njy ýylyň 30-njy sentýabrynda geldim" diýip ýazdym. Men ol agaja

her gün pyçak bilen bir bellik etdim. Her alty günden soňky belligimi uzaldýardym, her aýyň birinji gününiň belligini bolsa ondan hem uzaldýardym. Şeýdip, aý-günüň hasabyny ýöredýärdim.

Gämiden getiren zatlarymyň arasynda syýa, galam, kagyz hatda Injil we deňizçilik barada kitaplar bardy. Mundan başga-da, gämide iki sany pişik we bir it bardy. Men pişikleri sala salyp getiripdim, it bolsa suwda ýüzüp gelipdi. Ol wepaly ýoldaşdy we men käte onuň bilen gürleşesim gelýärdi.

Syýa we kagyz gutarýançа men adadaky durmuşym barada ýazgy ýazýardym. Syýa gutarandan soň, men ýazgymy bes etmeli boldum. Mundan başga-da, maňa azlyk edýän zatlar köpdi. Meniň pilim we geýere hiç-hili eşigim ýokdy. Gurallaryň ýetmezçiligi işi haýalladýardy we kynlaşdyrýardy. Haýaty gurup gutarýançam bir ýyl töweregi wagt geçdi. Agaçlar keserden örän gatydy we olary uzakdan getirmelidi. Olary ýere dikmäge hiç-hili guralym ýokdy we men gämiden getiren demir bölegimi ulanýardym, bu bolsa örän haýaldy.

Wagtyň maňa parhy bir barmyka? Dünýäde wagt geçdi, geçmedi, onuň maňa tapawudy ýokdy. Ýöne nähili kynçylyk bolanda-da, ruhdan düşmeýärdim. Men ýaşaýşy söýýärdim we öz ýagdaýlarymy gowulandyrmaga çalyşýardym.

Men gowagy giňeltmäge başladym. Onuň içi giňdi we çägesöwdi, şonuň üçin hem işlemek ýeňildi. Tiz wagtdan özüme peýdaly zatlary ýasamaga synanyşyp başladym. Eger oturgyjym we stolum bolan bolsa, maňa naharlanmak we ýazmak amatly bolardy. Ömrümde elimde gural tutup görmedik hem bolsam, kynçylyk bilen bu işden baş alyp çykmaga çalyşýardym. Işiň haýal gidişi ýüregime düşýärdi. Haçanda maňa tagta gerek bolanda, agajy çapyp, gyra çykaranymdan soň, onuň iki gapdalyny tekizlemek üçin ýene çapmaly bolýardym. Tutuş bir agaçdan ýekeje tagta ýasap bilýärdim. Köp wagt geçse-de, maňa hiçdi, sebäbi meniň wagtym we agaçlarym ýeterlikdi.

Ilki bilen gämiden getiren tagtamyň gysgarak böleginden oturgyç we stol ýasandym. Soňra bir ýarym funt giňlikde tekje ýasandym we ony gowagyň diwaryna berkitdim. Onuň içinde gurallarymy, çüýlerimi we başga-da zatlary goýdum. Soňra tüpeňimi we beýleki ýaraglarymy asmak üçin gaýa gazyk kakdym.

Men gowagyň içini bir az tertibe saldym. Hemme zatlaryň ýerbe-ýer durandygyny we olaryň maňa nähili peýdaly boljakdygyny görmek meni begendirýärdi.

## V bap

## GÜNDELIK

Ilki meniň aladam we işim köp boldy. Biraz öwrenişenimden soň bolsa her gün bolup geçýän wakalar barada gündelik ýazyp başladym. Ada gelen günümden başlap, tä syýam gutarýança ýadyma düşüşine görä gündelik ýöretdim.

30-njy sentýabr 1659 ýyl. Garyp bende Robinzon Kruzonyň gämisi elhenç tupanda gark boldy we ol şu nätanyş adanyň kenaryna düşdi. Meniň ähli ýoldaşlarym heläk boldy, we özüm hem heläkçiligi başdan geçirdim.

Iýmitim, egin-eşigim, ýaşara ýerim, ýaragym, hatda umydym hem ýokdy. Men ölümden başga hiç zada garaşamokdym. Garaňky düşenden soň, ýabany haýwanlardan gorkup, baga çykdym we şol ýerde uklap galypdyryn.

1-nji oktýabr. Ir bilen bu adanyň kenaryna gämini suw akymynyň getirenini görüp geň galdym. Gämä känbir zeper ýetmändir, gämä ýüzüp, gerekli zatlary almagy ýüregime düwdüm. Gämä baranymdan soň, eger hemmämiz onuň içinde galan bolsak, onda ählimiziň diri galyp biljekdigimize göz ýetirdim. Häzir bolsa suw akymy yzyna gaýdansoň onuň içine ýüzüp bardym we bu pikirlere batyp başymy ýaýkap oturdym.

Oktýabr aýynyň birinji ýarymynda bu gämä birnäçe gezek geldim we gerekli zatlarymyň ählisini aldym. Ol zatlary güýçli akym yzyna gaýdanda, akyma düsüp sal bilen kenara getirdim. Şondan soň ýagyş köp ýagdy, bu ýagyş möwsümine meňzeýärdi.

25-nji oktýabr. Bu gün ýagyş gijesi bilen ýagdy we güýçli şemal öwüsdi. Gämi çym-pytrak bolupdyr we onuň döwük böleklerinden başga hiç zady görnenokdy. Bu gün men gämiden getiren ähli zatlarymy ýagyşdan gorap geçirdim.

26-njy oktýabrdan 30-na çenli aralykda ýagyş güýçli ýagansoň zatlaryň ählisini çadyryň içine daşamak bilen meşgullandym.

31-nji oktýabr. Bu gün ir bilen iýmit gözlemek we adany barlamak niýeti bilen tüpeňimi alyp daşyna çykdym. Ol ýerlerde geçileriň gezip ýörenini gördüm we şol günden başlap men geçi awlap et bilen iýmitlenmäge başladym.

1-nji noýabr. Bu gün öz çadyrymy gaýanyň öňünde doly gurup gutardym we onuň içinde ýatmak üçin gamagymy asyp goýdum.

2-nji noýabr. Bu gün ähli tagtalarymy, agaç böleklerimi we sandygymy ulanyp haýat gurmaga başladym.

3-nji noýabr. Bu gün bolsa tüpeňimi alyp daş çykdym we iki sany guş atdym. Olar maňa örän gowy günortanlyk nahary boldy. Nahardan soňra stol ýasamaga başladym.

4-nji noýabr. Bu gün ir bilen turup awa gitjek, ýatjak, adadaky barlaglarymy dowam etdirjek wagtymy bölüşdirdim. Ýagyş ýagmadyk günleri her gün ir bilen tüpeňimi alyp iki-üç sagat adada aýlanýardym. 11-e çenli işlänimden soň nahar edinýärdim. Howa gaty yssy bolansoň, 12-den 2-ä çenli ýatyp ukymy alýardym.

Men ýaramaz agaç ussasy bolamsoň, heniz hem stol ýasamagymy dowam etdirýärdim. Wagt we zerurlyk meni ähli zatdan baş alyp çykmaga mejbur edýärdi.

5-nji noýabr. Bu gün bir ýabany pişigi awladym we ony iýip gördüm. Onuň derisi ýumşak bolsa-da, eti meniň göwnümden turmady. Men her öldüren haýwanymyň derisini ýygnaýardym.

6-njy noýabr. Bu gün irki gezelençden soň, öz ýasap oturan stolumy ahyr gutardym, ýöne oňa känbir göwnüm ýetmedi. Soňlygy bilen men has gowy ýasamagy öwrendim.

7-nji noýabrdan 12-sine çenli aralykda özüme oturgyç ýasandym we ony hem halamadym. Men tä ýasaýşyma göwnüm ýetýänça oturgyçlaryň birnäçesini ýasadym.

13-nji noýabr. Bu gün ýagyş ýagyp howa sowady. Soňra güýçli tupan turdy. Därilerimi ýagyşdan goramak üçin, ony birnäçe ýapyk gaplara böldüm.

14-nji noýabrdan 16-syna çenli aralykdaky döwri kiçiräk dörtburç 2 gadak därini göteräýjek gaplary ýasamak bilen geçirdim. Därili gaplary ýagyşdan gorap gizlin we mümkinçilige görä bir-birinden daşrak ýerlerde goýdum. Bu günleriň birinde ullakan bir guşy atdym we tagamyny barlap gördüm. Onuň eti iýmek üçin ýaramaz ekeni.

17-nji noýabr. Bu gün zatlarym we özüm üçin ýasan çadyrymyň töründäki gowagy giňeldip başladym. Ýöne bu işimi dowam etdirmek üçin araba, pil, sebet gerek bolansoň, bu işimi goýup, olary ýasamaly boldum.

18-nji noýabr. Bu gün men tokaýlykdan gerek bolan üç guralymy tapdym. Olar Braziliýada "Demirden" diýip atlandyrylýar, sebäbi olar diýseň gatydy. Agaçlary köp çapanym sebäpli paltam hem kütelipdir.

Köp wagt sarp edip kynçylyk bilen pil ýasadym. Ýöne ol demirden bolmandan soň, maňa uzak hyzmat edip bilmedi. Belki-de, dünýäde hiç bir ussa pil ýasamak şunuň ýaly agyr bolmadyk bolsa gerek.

Heniz hem arabadyr sebedi ýasamak barada pikir edip ýördüm, sebäbi sebetden gum dökülmez ýaly ýapyk boljak şahalary heniz tapmandym. Arabanyň bolsa aýaklaryndan galan ýerini ýasap biljegime gözüm ýetýärdi, ýöne tigrini nähili ýasajagym aklyma syganokdy. Ahyrsoňy, gurluşykçylaryň hek daşaýan gaplaryna meňzedip, gowakdaky gazan gumlarymy daşyna çykarmak üçin tagtalardan dörtburç gap ýasandym.

Muny ýasamak pil ýasandan aňsat düşdi. Her günki tüpeňli gezelenjimi hasaplamanymda, bu iki guraly ýasamak bary-ýogy 4 günümi aldy.

23-nji noýabr. Şeýlelikde, gowagymy giňeldip, onuň içine goşlarymy ýerbe-ýer edip ýerleşdirmegime 18 gün gerek boldy.

Ýene bir bellemeli zat, bu işimi gutarýançam ýagyş ýaganda çadyrymyň içiniň öl bolýandygyna garamazdan, ol ýerde ýaşanlygymdyr.

10-njy dekabr. Bu gün gowagymy giňeldip boldum diýip pikir edip otyrdym welin, onuň bir böwründen bir tümmek gumuň gaýdanyny gördüm. Eger men onuň aşagynda bolan bolsam, onda ol meni diriligime gömerdi. Indi hemme işi täzeden gaýtalap, hemme dökülen gumy gowakdan daşyna çykarmalydym we munuň ikinji gezek gaýtalanmazlygy üçin gowaga söýeg diremelidim.

11-nji dekabr. Bu gün gowagyň diwarlaryna tagtadyr, agaçlardan söýeg etmäge başladym. Bu iş bir hepdämi aldy.

17-nji dekabrdan 20-sine çenli aralykda birnäçe tekjeleri ýasadym we olary gowagyň diwarlaryna çüýç bilen berkitdim hem-de onda goýmaly zatlaryň ählisini ýerleşdirdim. Häzir öýüm tertibe salnyp bolundy.

20-nji dekabr. Bu gün ähli zatlarymy gowagyň içinde ýerli-ýerinde goýdum. Iýmit goýmak üçin birnäçe tekjeleri gurdum we ýene-de bir stol ýasandym.

24-nji dekabr. Bu gün dynman ýagyş ýagansoň daşyna çykyp bilmedim.

25-nji dekabr. Bu gün hem dynman ýagyş ýagdy.

26-njy dekabr. Bu gün ýagyş diňdi, howa salkyndy we ýakymlydy.

27-nji dekabr. Bu gün bir ýaş geçini atyp öldürdim, başga birini bolsa ýaraladym we ol ýaraly bolansoň ony aňsatlyk bilen tutdym. Ony ýüp bilen daňyp öýe getirdim we barladym, onuň bir aýagy döwülipdir.

Ýene bir bellemeli zat, men oňa gowy ideg etdim. Onuň aýagynyň ýarasy bitip, ölümden sypdy. Ol gapyda ösüp oturan otlar bilen iýmitlenip, hiç ýerik gitmeýärdi. Därim gutaryp, aw edip bilmedik wagtym et we süýt bolar diýen niýet bilen geçileri eldekileşdirip, gapyda saklamak barada pikirlendim.

28-nji dekabrdan 30-na çenli aralygy. Bu gün hiç hili şemal ýokdy, howada yssydy. Men günüň ýarymyny öýde geçirdim, diňe agşamara tüpeňimi alyp ada aýlanmana gitdim. Howa garaldygyça sowaýardy.

1-nji ýanwar. Heniz hem howa yssydy. Men öňküler ýaly gündiz öýde galyp, irden hem-de agşamara tüpeňimi alyp ada aýlanýardym.

3-nji ýanwar. Men haýat galdyrmana başladym, sebäbi heniz hem ýabany haýwanlaryň çozmagyndan gorkýardym. Şonuň üçin haýaty berk we galyň edip galdyrynmagy ýüregime düwdüm.

Jan edip işleýärdim, ýöne meni ýagyş birnäçe gün, käte hepdeläp saklaýardy. Jan edip işleýänimiň sebäbi, özümi diňe haýat doly gutarandan soň howpsuz duýjakdygymy bilýärdim.

Tüpeňimi alyp gitmek bilen gözlegimi dowam etdirýärdim we her gezek adadan bir üýtgeşik zat tapyp gelýärdim. Bir gezek bir giden guşlaryň üstünden bardym olaryň birini atyp, tagamyny dadyp görmek üçin iýip gördüm, ýöne ol süýji däl eken. Guş çagalarynyň birnäçesini tutup ýüp bilen daňdym we olary gapymda eldekileşdirip saklamak isledim, ýöne olar ulalandan soň uçup gitdiler. Her niçik hem bolsa, guşlar tòwerekde köpdi.

Çelek ýasanmaga synanyşýardym, ol başartmansoň, oňa has çynlakaý ýapyşýardym. Şeýle-de maňa şem gerekdi, sebäbi çyra bolmansoň garaňky düşdügi ýerime geçip ýatmaly bolýardym. Birden ýadyma öldüren geçilerimiň ýagyny ýygnap goýanym we günüň aşagynda goýup bişiren palçyk gapjagazym düşdi hem-de çyra ýasandym. Ol ýagtylyk berse-de, ýöne gyrpyldap arasynda sönýärdi.

Işläp ýörşüme men öz zatlarymyň arasynda kiçiräk bir haltajyk tapdym. Bu haltajyga arpa guýanymyz ýadyma düşdi. Ýöne muny alakalar gemiripdir, içinde bolsa arpanyň galyndylaryndan başga hiç zat ýokdy. Ony hem däriden dolduryp gaýanyň aşagynda ýerleşen kiçijik gök ot ösüp oturan meýdançada gizledim.

Şondan soň, haltajyk hiç meniň ýadyma düşmedi, diňe bir aýdan, güýçli ýagyş ýagandan soň haltajygy goýan ýerimde entek bu adada görmedik ýaşyl ösümligimiň ösüp oturanyny gördüm, ol arpanyň ýapraklarydy.

Men örän geň galdym. Olary seresaplyk bilen aldym-da, aýry-aýry edip ýere sançdym.

Ýene bir bellemeli zat, ondan çörek bişirýänçäm, maňa dört aýyň gerek bolanydyr.

Haýaty gurup gutarýançam üç-dört aý geçdi. Men ýene gündeligimi ýazmaga başlaýaryn.



14-nji aprel. Bu gün men haýaty doly gutardym we şol döwrüň içinde men öýüme gapydan däl-de, merdiwanly girip çykdym. Indi daş ýüzünden öýümiň garasy hem görünmeýärdi.

16-njy aprel. Bu gün men merdiwany doly ýasap gutardym. Ony ýokaryk galdyrdym, ondan aşak düşüp barlap gördüm.

Işe gutarma ýok. Şol günüň ertesi ýene-de meniň gowagymyň diwary aşak gaýtdy. Men çadyryň içinde güýmenip ýördüm. Ýokardan gaçýan topragyň sesi meni erbet gorkuzdy. Iki sany gowagyň ýokarsyna direlen direg elhenç ses edip aşak ýykyldy. Muny görüp haýata dyrmaşyp daşyna çykdym.

Haçanda tekiz ýere düşenimde diňe bir gowagyň depesi gaýtman bütin ýeriň yranandygyny bildim. Ýer güýçli yrandy, şol sebäpden onuň ýüzünde hatda iň berk salnan jaý hem ýegsan bolup biljekdi, we şol wagt golaýyma gaýanyň daşynyň uly bir bölegi togalanyp gaýtdy. Meniň pikirimçe, deňzin sarsgyny ýerdäkiden has gorkulydy.

Ýer yranmasy bes edensoň hem haýatdan aňryk geçmek barada pikir edip bilmedim, sebäbi ol ýerde diriligime gömülmegim gaty ahmaldy. Men näme etjegimi bilmän ýerde otyrdym.

Asman bulut bilen örtüldi we ýarym sagat geçmänkä güýçli tupan turup başlady. Deňiz gaýalardan-da beýik görünýärdi, baglar bolsa köki bilen gopupdy. Tupan üç sagatlap dowam etdi. Bir sagat geçenden soň ähli zatlar öňki asuda görnüşine geldi. Ýöne ýagyş ýagmagyny dowam edýärdi.

Men heniz hem öňki ýerimde gorkudan ýaňa galyp bilmän otyrdym. Soňra şemaldyr ýagşyň ýer ýranmadan peýda bolanyna düşündim. Indi men gowagyma gaýdyp barmaly, sebäbi ýer yranmasy gutardy bu ýer bolsa çyg. Men çadyra girip oturdym, ýöne ýagyş güýçli ýagansoň onuň depesinden suw syzýardy, şol sebäpli men gowaga geçmeli boldum. Onuň içinde oturmaga öňkiden-de beter gorkdum, sebäbi onuň depesinden üstüme gum dökülýärdi.

Bu güýçli ýagyş meni işe täzeden başlamaga mejbur etdi. Indi suw gaýadan aşak çukura akmagy üçin onuň töwereginde çukur gazmaly boldum.Şeýdäýmeseň ýagşyň basym gowagymy suwdan dolduraýmagy ähtimaldy. Gowakda ep-esli wagt oturdym we ýer yranmanyň hiç-hili nyşany bolmansoň arkaýynlaşdym. Ertesi gün men özümi gowy duýmak üçin biraz rom içdim.

Ýagyş ýagmasyny ertesi gün hem dowam etdi we şol sebäpli daşyna çykyp bilmedim. Bu gün özümi arkaýyn duýýardym, we adanyň ýer yranmadan soňky elhenç ýagdaýynda näme işlemek barada pikirlenip başladym. Indi gowakda ýaşap bilmejegime göz ýetirdim we dört tarapy haýatly kiçiräk bir külbe salynmagy ýüregime düwdüm. Ähli çeken zähmetimden soň maňa gowagy taşlap gitmek agyrdy, ýöne bu gün bolmasa ertesi üstüme gaýanyň gaýtjagy ikuçsyzdy.

Şeylelikde, çadyrymy göçürmek niýeti bilen soňky iki güni amatly ýer gözläp geçirdim. Häzir maňa göçmek ýa-da göçmezlik baradaky çözgüdiň ikisi-de howpludy, sebäbi, eger gowakda galsam onuň üstümden gaýtmagy ahmal, açyk ýere çyksam ýyrtyjy haýwanlaryň iýmegi mümkin. Başga ýere süýşmegiň köp wagt aljakdygyna göz ýetirenimden soň häzirlikçe öňki ýerde ýaşamagymy dowam edip, amatly ýeriň gözlegini alyp barmagy niýet edindim.

22-nji aprel. Bu gün gurallarymy barlap, olaryň azlygyna göz ýetirdim. Hawa, uly we kiçi paltalarym bar, ýöne direg üçin gerek bolan agaçlary köp çapanlygym sebäpli olar kütelipdir. Dogry, gämiden alyp gaýdan çalgy daşym hem bar, ýöne bu iş üçin ýene-de bir adam gerekdi, ony biri saklasa beýlekisi çalmaly ahyryn.

Ahyrsoňy men köp pikir edip kiçiräk bir tigirçek ýasadym we ony ýüpüň kömegi bilen aýlanar ýaly etdim. Şeýlelikde, iki elimi boş galdyryp, çalgy daşy aýagym bilen aýladym. Bu guraly ýasamak bir hepde wagtymy aldy.

28-nji aprelden 29 –na çenli aralykda ähli gurallarymy ýiteltdim, ýasan guralym çalgy daşyny örän gowy aýlaýardy.

30-njy aprel. Gaty çöregim gutaraňkyrlady we indi her gün ondan bir döwümden başga iýmeýärdim. Bu meni diýseň gaýgylandyrýardy.

1-nji maý. Bu gün suwuň akymy ýuwaşansoň deňze seretdim we kenarda tanyş bir ullakan zady gördüm, ol çelekdi. Şeýle-de gäminiň 2-3 sany döwük bölegi tupan netijesinde kenara çykypdyr. Men gäminiň döwük böleklerine seredip durşuma olary deňziň içinde has beýigräk duran ýaly gördüm.

Çelegiň ýanyna baryp ony barladym, içinde suwdan ýaňa saň gaty bolan tüpeň därilerini tapdym. Her niçikde bolsa, ony kenaryň gury ýerine golaýlaşdyrdym we ýene deňze gämi döwüklerini görmäge gitdim. Onuň ýanyna ýetenimden soň onuň ikä bölünenini gördüm. Gäminiň öň tarapy ilki çägä sümülip, soňra 6 fut töweregi ýokaryk galypdyr. Häzir ol kenara şeýle golaýdy we men akym yzyna gaýdansoň onuň üstüne arkaýyn çykyp biljekdim. Ýer titremesi başga-da birnäçe zatlary daşyna çykarypdyr, gämi

hem onuň netijesinde döwlüp, beýleki zatlar bilen kenara çykan bolsa gerek.

Indi başga ýere göçmek pikiri ýadyma-da düşenokdy. Gäminiň döwük böleklerini ýuwaş-ýuwaşdan kenara çykarmagyň aladasyny etdim, sebäbi onuň ähli zatlary maňa peýda berip biljekdi.

3-nji maý. Bu gün gämi döwükleriniň çägeli ýoluny arassalap başladym, ýöne akym tolkunlary oňa tarap gelip işlemäge päsgel berensoň işimi bes etmeli boldum.

4-nji maý. Bu gün deňze gidip balyk tutdym we olaryň ep-eslisini atiýaçlyk iýmit üçin gün düşýän ýerde kakadyp goýdum.

5-nji maý. Bu gün gämi böleklerini kenara çykarmak bilen meşgullandym. 2-3 sany agajy bir-birine daňyp, onuň üstüne çykdym we gäminiň bir bölegini oňa daňyp suwuň akymyna düşüp kenara geldim.

6-njy maý. Bu gün ýene gämi böleklerini gözden geçirdim we ol öz agramyna döwlüpdir diýen netijä geldim, sebäbi onuň içi çägeden we suwdan doludy.

8-nji maý. Bu gün men ýene-de polat bölegini elime alyp gämi böleklerindäki tagtalary goparyp alyp gelmäge gitdim. Men ol tagtalary kenara akym bilen çykardym we polat bölegini ertirki iş üçin şol ýerde goýup gaýtdym.

9-njy maýdan 14-nji iýuna çenli aralykda men gämi böleklerini getirmegimi dowam etdirdim. Kenara birnäçe agaçdyr-demirleri çekdim. Şeýle-de, çelekleri we deňizçileriň sandyklaryny hem tapyp getirdim.

Bu işimi naharlanýan wagtymdan başga, bütin hepde dowam etdirdim. Naharlanýan wagtymy hem deňiz akymynyň beýgelen pursadyna gabatlaýardym we akym peselen badyna ýene işe başlaýardym.

16-njy iýun. Bu gün kenardan ullakan bir suw pyşdylyny tapdym. Munuň ýaly pyşdyly ilkinji gezek görýärdim. Seredip otursam, olar adada näçe diýseň kän ekeni.

17-nji iýun. Bu gün suw pyşdylyny bişirdim, onuň içinde 16 sany ýumurtga bar ekeni, onuň eti süýjüdi. Adada diňe geçiniň we guşuň etini däl-de suw pyşdylynyň etini hem iýseň boljakdygyna göz ýetirdim.

18-nji iýun. Bu gün günuzyn ýagyş ýagdy we şol sebäpden daşyna çykyp bilmedim. Ýagyş zerarly üşütýändigimi duýdum. Bu adada sowuk ýagşyň ýagmaýanyny bilsem-de, howa meniň üçin sowukdy.

19-njy iýun. Bu gün üşütmekden ýaňa sandyrap, syrkaw halda oýandym.

20-nji iýun. Bu gün bütin gijäni ukusyz geçirdim. Men gyzdyrýardym, we güýçli kelle agyrydan biynjalyk bolýardym.

21-nji iýun. Bu gün men erbet syrkawlanymy duýdum. Adada ýalňyz ýagdaýymy sorara hiç kimsiz, syrkaw ýatmakdan gorkýardym. Soňabaka nämeler samraýanymy bilmeýärdim, ýöne kömek sorap Hudaýa ýalbaranym ýadyma düşýär.

22-nji iýun. Bu gün özümi biraz gowy duýup başladym.

23-nji iýun. Bu gün bolsa üşütmekden, sandyramakdan we kelle agyrydan özümi erbet duýup başladym.

24-nji iýun. Bu güniň birinji ýarymynda üşütdim, ikinji ýarymynda bolsa gyzdyrdym, soňlygy bilen men özümi gowşak duýdum.

26-njy iýun. Bu gün gowulaşdym. Men birnäçe gün bäri naharlanmanymdan soň, tüpeňimi alyp daşyna çykdym we geçileriň birini atdym, ýöne muňa garamazdan güýjümiň ýokdygyny duýýardym. Kyn hem bolsa, geçini öýe süýräp getirdim we ondan birnäçe bölegi kesip, bişirmäge girişdim. Elbetde, onuň etinden çorba bişiresim geldi, ýöne mende uly gap ýokdy.

27-nji iýun. Bu gün ýagdaýym ýene-de erbetleşdi we men aç-suwsyz uzakly gün ýatdym. Suwsaýanymy duýýardym, ýöne ony turup alara mende gurbat ýokdy. Aklym çaşyp nämeler diýýänimi bilmeýärdim. "Hudaý, maňa kömek ber" diýip, aglap başladym we 2-3 sagat geçenden soň uklap galypdyryn. Şol ýatyşyma agşam düşensoň suwsap turdum we ýagdaýlarymyň



gowulaşanyny duýdum. Suw içmek üçin ýerimden turdum, ýöne öýde hiç-hili suw bolmany üçin daň atýança garaşmaly boldum.

28-nji iýun. Bu gün ukymy alyp turdum we suwdan gandym, soňra bir çüýşäni suwdan we romdan dolduryp düşegimiň ýokarsynda goýdum. Eger özümi ýene-de erbet duýsam ol maňa gerek boljakdy.

Geciniň etinden bir az bişirdim, ýöne ondan azajyk hem iýip bilmedim. Az salym gezmeläp başlasam-da özümi gowşak duýdum we ýene-de syrkaw halda ýatmakdan gorkdym. Men agşamlyk naharyna bolsa oduň galan gyzgyn közüne suw pyşdylynyň 3-sany ýumurtgasyny bişirip iýdim.

Soňra tüpeňimi alyp awa gitmek isledim, ýöne biraz ýöränimden soň özümi erbet duýup, ýerde oturdym we deňzi synlamaga başladym. Deňiz asuda we durudy. Soňra haýaljak ýöräp, öýe geldim we oturgyjymda oturdym-da şemi ýakdym. Birden otyrkam brazilleriň derman diýip temmäki alanlary ýadyma düşdi. Sandyklaryň birinde temmäkiniň bardygyny bilemsoň we syrkawlamakdan gorkamsoň, ýerimden turup derrew sandyklary dörüp başladym. Netijede diňe bir temmäki däl-de, öz gizläp goýan birnäçe kitaplarymy tapdym. Olaryň arasynda injil hem bardy.

Temmäkiden nähili derman etjegimi bilmedim we azajyk agzyma guýdum. Ol ýaşyldan ajy bolansoň gözlerimi ýaşardyp, dilimi ýakara getirdi. Soňra temmäkiden birazyny romyň içine atyp içdim. Iň soňunda bolsa onuň ýene birazyny oda atyp ýakdym we oňa golaý durup ýüzümi tüssesine tutdum.

Injili aldym we okap başladym. Ondaky sözler edil meniň üçin ýazylan ýalydy, sebäbi ol sözler barada men köplenç pikirlenýärdim.

Gün gijigenden soň, eger bir zat gerek bolsa görner ýaly diýip şemi ýakyp goýdum we ýatmak üçin ýerime girdim. Ýöne ýatmazymdan öň öz hiç wagt etmedik hereketimi etdim, ýagny dyzyma çöküp hudaýa çokundym.

Soňra içine temmäki atylan romy içdim we uka gitdim. Şol ýatyşyma ertesi gün öýlän oýandym we özümi sagdyn duýýardym.

30-njy iýun. Bu gün men özümi gowy duýamsoň, tüpeňimi alyp awa gitdim we 2-3 sany deňiz guşuny atdym. Olary öýe getirip, suw pyşdylynyň ýumurtgasynyň birnäçesini bişirip iýdim. Soňra bolsa temmäki bilen romyň ýagdaýymy gowylaşdyrýany üçin ondan ýene biraz içdim.

2-nji iýul. Bu gün özümi has hem gowy duýdum we ýene-de roma temmäki atyp içdim.

3-nji iýul. Bu gün özümi hem gowy, hem gowşak duýýardym.

4-nji iýul. Bu gün ir bilen okamak üçin injili elime aldym we her gün irden

ondan biraz okamagy maksat edindim.

Jan saglygyma bu ýagys möwsüminiň ýaramaz täsir edýänini bildim w geljekde göz önünde tutmagy ýüregime düwdüm. Güýjümiň öňki katdyr gelenini duýamsoň, özümi gerek zatlar bilen üpjün etmek üçin işe basladyı we on günläp tüpeň ýasamak bilen meşgullandym.

## *VI bap*

### *MENIŇ ADANY BARLAMAGA BAŞLAÝŞYM*

Men bu adada on aýdan hem gowrak wagt boldum. Maňa halas bolmag hiç hili mümkiniçilik ýok ýaly bolup görünýärdi. Men bu ada aýak basa ilkinji adamdygyma doly ynanýardym, şonuň uçinem ony äýlanyp çykasyr gelýärdi.

15-nji iýul. Men adany barlamaga başladym we derýanyň akymy bilei ýokaryk gitdim. Iki milýa ýöränimden soň, derýanyň akymynyň sowuk suwl şaglawuga öwrülýändigini gördüm. Onuň kenarynda bolsa tekiz otlul meýdan bardy we ol ýerde temmäki hem-de beýleki ösümlikler ösýärdi.

Bu ýerde gant şugundyrynyň hem ösüp oturandygyny gördüm we syýahatlarymda eger ösümlikler dünýäsini has gowy öwrenen bolsam, onda häzir maňa añsat düşerdi diýip pikir etdim.

16-nji iýul. Men ýene şol ugur bilen ýöne has uzagrak gitdim. Men tokaýlyk ýere düşdüm we bu ýerde ençeme miweleriň, şeýle-de olaryň arasynda üzümiň ösüp oturanyny gördüm. Bu meni hem geň galdyrdy, hem begendirdi: men gyşyna iýmek üçin olaryň käbirini güne ýazyp guratmagy ýüregime düwdüm.

Bu gije men öýe gitmän, edil adada geçiren ilkinji gijäm ýaly baga çykyp uka gitdim. Ertesi gün adany barlamagy dowam etdirdim.

Dört mil ýöränimden soň, açyk otluk meýdana ýetdim. Baýyrdan sowuk suwly şaglawuk akýardy. Bu ýerde gezmeläp ýörşüme özümi bu gözel adanyň şasy hasapladym. Limon ýygdym we soňrakdan onuň şiresini suw bilen garyp içdim. Bu maňa sowuk hemem tagamly içgi bolup göründi.

Men limon we üzüm ýygyp, güýjümiň ýetenini öýe äkitdim, galanyny bolsa daşamaga bir zat getirýänçäm goýup gaýtdym.

Şeýlelikde, üç günden soň öýe dolanyp geldim. Üzüm zaýalandy, emma limonyň tagamy henizem gowudy.

Ertesi gün ýygan miwelerimi alyp gelmek üçin iki sany kiçeňräk balta alyp gitdim. Açyk meýdança baranymda, üzümleriň daş-töwerekde ýaýrap ýatanyny, käbirleriniň bolsa iýlendigi meni geň galdyrdy. Bu ýere ýabany haýwanlar gelendir diýen netijä geldim, ýöne men olaryň birinem görmedim.

Üzümler zaýa bolany üçin, olary öýe alyp gitmän, guradyp kişmiş etmek üçin baglarda asyp goýdum. Ýöne men öýe göterip bilen limonymy alyp gitdim.

Men bu ýerde miweleriň bitýändigine begenýärdim. Öýümi adanyň ýaramaz ýerinde gurandygym sebäpli ony has amatly ýere göçürmek barada pikir edip başladym. Ýöne amatly hasaplan ýerimiň deňizden örän daşdadygyna, bu bolsa maňa halas bolmaga hiç hili mümkinçilik goýmandygyna düşündim. Şonuň üçinem men öňki ýaşaýan ýerimde galmagy ýüregime düwdüm.

Şeýle-de bolsa, öz täze tapan ýerimi örän halaýardym. Men iýuly bu ýerde geçirdim we beýik haýatly kiçeňräk öý gurdum. Haýaty agaçlardan çapan pürslerimden gurdum we ondan merdiwan bilen aşyp geçýärdim. Indi meniň deňziň ýakasynda bir öýüm, bu ýerde bolsa dynç alýan başga bir öýüm bar diýip göz öňüme getirdim.

Awgust aýynyň başynda haýaty gurup gutardym. Men işlemäni gowy görýärdim, ýöne ýagyş möwsümi başlady we şol zerarly men öňki guran öýmde uzakly günläp oturmaly bolýardym.

Ýagyş möwsümi başlamaka, men bagda asan üzümlerimiň gurandygyna, we olaryň örän tagamlydygyna göz ýetirdim. Meniňki şowuna boldy, üzümi öýe getirenimden soň, ýagyş ýagyp başlady. Ýagyş oktýabryň ortasyna çenli ýagdy, kä wagtlar ýagyş şeýle bir köp ýagýardy welin, men birnäçe günläp öýden çykyp bilmeýärdim.

Meniň öýümde täze jandarlar peýda boldy. Pişiklerimiň biriniň ýiteni meni alada goýmaýardy. Men ony ýabany haýwanlar öldürendirler diýip pikir etdim. Ýöne awgustyň ahyrynda onuň üç sany pişik çagasy bilen gaýdyp gelmegi meni haýran galdyrdy.

Ýagyş möwsüminiň dowamynda ýagşyň aşagyna düşmezlige we kesellemezlige çalyşdym. Iýmitim azalsa-da diňe iki sapar daş çykdym. Birinji sapar men geçi awladym, ikinji sapar bolsa pyşbaga tutdum. Ertir bilen kişmiş iýýärdim, günortan bolsa kakadylan et. Indi men miwelerimi gaýnadar ýaly pitim bolsady diýip arzuw edýärdim.

Ýagyş zerarly öýde oturamsoň, iki-üç sagatlap gowagymy giňeltmek bilen meşgullanýardym. Ahyry 30-njy sentýabr gelip ýetdi. Meniň ada gelenime laýyk bir ýyl boldy, bu güni men diri galanyma şükür edip, Hudaýa

alkyş okap, agyr oýlara batyp geçirdim.

Syýam azaldy we gündelige hemme bolup geçýän wakalary däl-de, diňe möhüm zatlary ýazmagy ýüregime düwdüm.

Indi men haýsy paslyň haçan gelýandigini bilýardim we öz bugdaýymy ekmek üçin amatly wagta garaşýardym. Bugdaýym ösüp duran wagty men bir peýdaly açyş etdim. Noýabrda ýagyş möwsümi gutaransoň, men otluk meýdanda guran ikinji jaýyma bardym. Hemme zat öňküsi ýaly, ýöne ýasan haýatymyň pursleri kök urupdyr we ondan uzyn şahalar ösüpdir. Men geň galdym we begendim. Üç ýylyň içinde ýaş nahallar ösüp uly agaja öwrülýän ekenler, howaň yssy wagty olaryň aşagynda oturmak ýakymly bolýar.

Men ýene-de agaç çapyp, köne jaýymyň daşyna pürslerden haýat ýasamagy ýüregime düwdüm.

Şu wagta çenli sebetsiz oňan hem bolsam özüme sebet edinmeli diýen netijä geldim. Ilki bilen egip bolaýjak çybyklary ýygnap başladym. Oglanjykkam sebetçiniň işine syn edýardim we bu işi öwrenipdim. Eger gowy çybyk tapsam, onda özümem birnäçe sebet ýasap bilerin. Ikinji öýüme baryp, inçeräk çybyklary çapdym. Olary haýatyň ýanynda guratmak üçin goýdum we doly taýyn bolanda, olary öýe getirdim. Üç aýyň dowamynda men dürli görnüşde we ölçegde sebet ýasadym. Sebetler owadan däldi, ýöne içinde iýmit saklamaga amatlydylar. Şeýle-de, bugdaý saklamak üçin, ýörite sebetleri ýasadym.

Indi men sebet ýasamaga ökdeledim, ir-iýmiş gaýnatmak üçin, piti ýasabilermikäm diýip pikir etmäge başlagym. Sebäbi meniň suw saklamak üçin çüýşelerimden başga hiç zadym ýokdy. Gämiden getiren uly demir pitim bardy, ýöne örän uludy.

Men temmäki çeker ýaly şybygym bolsady diýip arzuw edýardim.

Tutuş üç aýlap haýat we sebet ýasanymdan soň, men adany bir kenaryndan beýleki kenaryna çenli aýlanyp çykmagy ýüregime düwdüm. Tüpeňimi, paltamy, itimi, därimi we adatdaky ýaly iýmit alyp, ýola düşdüm. Ikinji guran öýümden geçenimden soň, günbatarda deňiz gördüm.

Bu gün bulutsyzdy we men uzakda bir gury ýeri saýgardym. Men ol ýeriniň adadygyny ýa-da daldigini bilmeýardim, ýone bu ýeri Amerikanyň bir bölegi diýen netijä geldim. Bu ýeri günorta Amerika golaý bolmaly we iru-giç meniň adamyň ýanyndan gämi ýüzüp geçmeli diýip pikir etdim. Eger-de bu ýeri günorta Amerika bolmasa, onda indeýleriň ýurdy bolmaga çemeli.

Eger şeýle bolsa, adam aýagy sekmedik ada düşenime begenmelidim, sebäbi bu sebitlerde ýaşaýan indeýleriň adam iýýändiklerini eşidipdim.

Men gezelenjimi dowam etdirdim we ajaýyp gülli, otly meýdança çykdym. Köp toty gusa duşdym we olaryň biri agaçda otyrka taýak bilen urup ýykdym. Ony öýe getirip geplemegi öwretmek isledim, ýöne ony birnaçe ýyllap gürledip bilmedim. Ahyrsoňy ol meniň adymy aýtmagy öwrendi.

Men öz gezelenjimde köp haýwana duşsam-da, olaryň hiç birinem öldürmedim sebäbi, guşlar, geçiler, pyşbagalar maňa ýeterlik iymit bolýardy. Men her gün birnäçe milýa ýoräp, gezelenjimi dowam etdirýärdim. Gijelerine bolsa baga çykyp, ýa-da daşyma haýat aýlap ýatýardym. Şunlukda, ýeke ýabany haýwanam meniň golaýyma gelip bilmeýärdi.

Deňziň kenaryna gelenimde, pyşbagalaryň, deňiz guşlarynyň sanardan köpdügini gördüm. Olary atyp hem bilýärdim, ýöne ok sarp edesim gelmedi.

Adanyň bu tarapy gözeldi, ýöne gezelenjimi dowam etdiresim gelmedi. Gowagyma edil öýüm ýaly öwrenişdim. Men kenaryň ýakasy bilen günorta tarap on iki milýa ýöredim. Belgi ücin bolsa kenarda uly agaç bölegini dikip goýdum we öýüme dolanmagy ýüregime düwdüm.

Öýe gaýdyp gelýärkäm, itim bir owlagy görüp, üstüne topuldy. Men ylgap baryp, ony halas etdim. Ony öýüme getirip, süýt we iýmit üçin, eldekileşdirmegi ýüregime düwdüm. Şeýlelikde, onuň boýnuna ýüp dakyp, zordan ikinji guran öýüme idip getirdim we daňyp goýdym. Öýde bir aýlap bolmanym sebäpli, gowaga howlukdym.

Öýe dolanyp gelenim we köneje gamagymda ýatmagym meni örän begendirdi. Men öýden daşa gitmezligi ýüregime düwdüm.

Gezelençden soň tutuş bir hepdeläp dynç aldym. Soňra bicäre owlagy ikinji öýümde haýatyň aňyrsynda taşlap gaýdanym ýadyma düşdi. Owlagy alyp gaýdaýyn diýip, ony goýan ýerime bardym. Ol şol ýerde bardy, ýöne örän açdy. Men oňa iým berdim we soňra öýe alyp gitdim. Ol meniň yzyma edil güjügim ýaly düşdi. Tiz wagtdan ol maňa öwrenişdi we maşgalamyň bir bölegi boldy.

## *VII bap*

## *MENIŇ ADADA GEÇIREN ÜCÜNJI ÝYLYM*

Ýagys möwsümi başlandy, 30-njy sentýabr gelip ýetdi, meniň ada gelenime iki ýyl boldy, halas bolmaga hiç-hili umyt galmady. Wagtal-wagtal men ruhdan düsýärdim. Özümi şu ýeriniň ýesiri hasaplaýardym. Bu pikir kelläme birden

gelip, meni aglamaga mejbur edýärdi. Ýone her gün Injili okaýardym we bu maňa teselli berýärdi.

Şol pursatdan başlap, özümi bagtly saýyp başladym we şu ada taşlany üçin, Hudaýa müň şükür etdim.

Meniň adadaky üçünji ýylym başlandy. Men Injili okaýardym, tüpeňimi alyp, daş çykýardym, nahar bişirýärdim we ir-iýmiş ýygnaýardym. Gurallarymyň azlygy sebäpli we bu işlerde tejribäm bolmany üçin, bu zatlary ýasamak köp wagt egleýärdi. Mysal ücin; gowagymda uzyn tekje ýasamak meniň kyrk iki günümi aldy. Eger iki sany ökde agaç ussasy gowy gurallary bilen bu işi ýarym günde gutarardy. Ýone ahyr-soňy ony ýasap gutardym.

Noýabr we dekabr aýlarynda men bugdaýyň ýetişmegine garaşýardym. Maňa eken bugdaýymy geçileriň iýmeginden gorap saklamak kyn düşýärdi, şonuň üçinem onuň daşyna haýat aýladym. Men uzakly günümi bugdaý meýdanynyň ýanynda elim tüpeňli geçirýärdim, gijelerine bolsa ol ýerde itimi goýup gaýdýardym. Ýone guşlara näme alaç etjegimi bilmeýärdim, olar meniň giderime garaşyp, gidenimden soň bugdaýy çokjalamaga synanyşýardylar. Men olary atyp tüpeň sesi bilen gorkuzdym, emme olar ýene-de uçup geldiler. Bugdaýymy ýitirmezlik ücin guşlaryň birnäçesini öldürip, olaryň maslygyny beýleki guşlara göz edip asyp goýdum. Bu maňa kömek etdi we dekabr aýynyň ahyrynda men hasyly ýygnadym. Meniň bu işe ýaraýjak gurallarym ýokdy, bugdaý sümmüllerini ýygyp, olary sebede salyp daşaýardym.

Bu meniň ücin ägirt uly pursatdy, ýene-de çörek iýjekdigime begenýärdim. Ýöne, men az-kem aladalanýardym, sebäbi bugdaý dänesinden nädip un üwemelidigini, undan bolsa nädip çörek bişirmelidigini bilmeýärdim. Şeýlelikde, men bugdaý dänelerini ýygnap, olary indiki möwsümde täzeden ekmegi we aralykda çörek bişirmegi öwrenmegi ýüregime düwdüm.

Indi men bugdaý dänelerini ýygnamagyň we ondan çörek bişirmegiň nähili kyndygyna akyl ýetirdim. Ýöne çörek bişirmezden öň, agaç pilim bilen ýer gazyp, dänelerimi ekdim. Bugdaýy haýwanlardan goramalydym we ýetişensoň bolsa, ony ýygyp, öýe getirmelidim. Öňki aýdyşym ýaly, bu zatlaryň hemmesi örän köp wagt alýardy, ýöne dünýäde wagtdan köp zadym ýokdy, şonuň üçinem men arkaýyn bugdaýy hem ekip, hem ýygyp bilýärdim.

Ilki bilen men ýer depmelidim, sebäbi meniň uly meýdana ekere ýeterlik dänäm bardy. Täze pil ýasamak meniň bir hepde wagtymy aldy, ýöne ol gowy ýasalmady we örän agyrdy. Şeýle-de bolsa, dänäni öýümiň ýanyndaky

iki sany uly tekiz meýdançada ekdim. Ikinji öýümiň ýanynda ösýän agaçlary ulanyp, onuň daşyna beýik haýat aýladym. Bu meniň üç aý wagtymy aldy we köplenç şol wagtlar ýagyş ýagdy.

Öýümiň içinde-de edere iş tapylýardy. Işläp ýörkäm bolsa toty guşuma gürlemegi öwredýärdim. Ahyrsoňy ol öz adyny Pol diýip tutmagy öwrendi we bu meniň adada eşiden ilkinji sözüm boldy.

Bu döwürde özüme zerur bolan gazanlary ýasamaga synanyşýardym. Eger-de men gazanlary şol günler gutarsam, onda olarda zat saklamak ücin, esasanam, bugdaý üçin amatly boljakdygyny bilýärdim.

Siz meniň birinji ýasan gazanlarymy gören bolsadyňyz, onda hezil edip gülerdiňiz! Olaryň hemmesi gelşiksizdi. Käbirleri döwüldi, käbirleri bolsa jaýryldy, sebäbi olar öz agramlaryny göterip bilmeýärdiler. Birnäçesi bolsa günde guradanymda, beýlekileri bolsa ýygnanymda döwüldi. Iki aý işlänimden soň, bary-ýogy iki sany uly, gelşiksiz küýze ýasadym. Uly gazanlar bilen şowsuzlyga duçar bolan hem bolsam, kiçeňräk jamlary, gazanlary ýasamak başartdy. Ýöne olar meniň üçin peýdasyzdy, sebäbi içinde suw saklap bolmaýardy. Emma bir gün men ýangyn bolan wagty gatan we gyzyl reňke öwrülen gazanyň bir döwük bölegini tapdym. Haýran galyp begenjimden özüme: “Eger ot döwük gazanlary berk edýän bolsa, onda ol abat gazanlary hem berk edip biler” diýdim.

Indi nädip ot ýakyp gazanlary gyzdyrmalydygy barada, ýa-da küýzegärleriň aýdyşy ýaly gazanlary nädip ýakmalydygy barada pikirlenip başladym. Men gazanlary üýşürip goýdum. Olaryň aşagynda ot ýakyp, daş-töweregine bolsa ot üýşürdim. Gazanlar gyzarynça ody öçürmän sakladym. Dört-bäş sagatlap gazanlary gyzdyrdym, soňra bolsa ody öçürdim. Irdene çenli birnäçe gowy gazanym boldy.

Şondan soň maňa hiç-haçan gazan ýetmezçilik etmeýärdi. Elbetde, olar kän bir gelşikli däldi, sebäbi meniň bu işde tejribäm ýokdy, men gazanlary edil çagajygyň gumdan zat ýasaýşy ýaly ýasaýardym.

Şeýle-de bolsa, kiçijik gazanlarymyň bardygyna begenýärdim. Gazanlaryň sowaryna zordan garaşdym, soňra bolsa olaryň birine suw guýup we geçi etini atyp, özüme tagamly çorba bişirdim – bu meniň adada iýen ilkinji çorbamdy.

Indi bolsa maňa dänäni üwemäge bir gural gerekdi. Men birnäçe günümi daş gözläp geçirdim, ýöne adanyň daşlary şeýle bir gumludy welin, olar bugdaýy üwänlerinde ony gum bilen garyp çykarýardylar. Men bir agaç

bölegini gözledim we ony tapanymdan soň, palta görnüşinde kesdim-de, edil Braziliýanyň indeýleriniň gaýyk ýasaýşy ýaly oýdum. Soňra bolsa oýan agajymyň içine däneleri salyp üwemek üçin, özüme demirden agyr gural ýasandym.

Men taýyn uny däne bilen garmazlyk ücin, denizçileriň biriniň pagtadan edilen boýnuna daňan ýaglygyny ulandym.

Indi men çörek bişirmegi öwrenmelidim. Maňa içinde çörek bişirere peje meňzeş bir zat gerekdi, şonuň üçinem birnäçe içi giň gazan ýasandym. Olary beýleki gazanlary gyzdyryşym ýaly gyzdyrdym. Çörek bişirmek üçin tekiz daşlaryň üstünde ot ýakdym. Ot öçensoň, kömri syryp, şol ýere hamyr goýdum we üstüni gazan bilen ýapdym. Soňra gazany gyzdyrmak üçin, daş-töwereginde ot ýakdym. Şeýlelikde, çörek bişirdim; ýöne men işlekli bişirip bilmedim, sebäbi içine salara geçiň we guşuň etinden başga hiç zadym ýokdy.

Bu zatlaryň hemmesi adada ýaşaýan üçünji ýylymyň dowamynda bolup geçdi. Şol döwürde men däne ösdürip ýetisdirmegimi dowam etdirýärdim.

Bütin ýyla ýeterlikli bugdaý ekmegi ýüregime düwdüm. Täze bişen çorek iýýändigime begenýärdim, sebäbi gämiden alyp gaýdan çöregim bir wagt gutarypdy.

## *VIII bap*

## *MENIŇ GAÝYK ÝASAÝŞYM*

Kä wagtlar adany aýlanyp ýörkäm uzakda gören gury ýerim barada pikir edýärdim. Şol gury ýeriň kenaryna çykasym geldi. Eger-de ol ýerde adamlar ýaşaýan bolsa, onda olaryň kömegi bilen watanyma dolanyp barmagyň alajyny taparyn diýip ynanýardym.

Emma, onuň howpludygy barada pikir etmändim, ol ýerde adam iýýän indeýleriň eline hem düşmegim mümkindi ýa-da ýyrtyjy haýwanlara hem duşmagym ahmaldy.

Şol wagt ýanymda ýoldaşym Gzuri we ýelkenli gaýygym bolsady diýip arzuw etdim. Men gäminiň gaýygynyň ýatan ýerine baryp, ony barlamagy ýüregime düwdüm. Gämimiziň betbagtçylyga uçran güni tolkunlar gaýygy kenara zyňypdy. Men ony öňki ýatan ýerinden tapmadym. Tolkunlar we şemal ony gury ýere itip çykarypdyrlar, onuň daş-töwereginde suw ýokdy.

Gaýygy süýşürmek üçin, on sany güýçli deňizçim bolsady diýip pikir etdim. Eger şeýle bolsa, onda yzyma Braziliýa dolanyp bilerdim. Ýöne gaýygy duran ýerinden üýtgetmek edil bir adany ýerinden süýşürmek ýaly kyndy. Şeýle-de bolsa, agaçlardan purs kesip taýýarladym we olary gaýygyň ýanyna getirdim.

Bu işe men üç-dört hepdämi sarp etdim. Gaýygy ýerinden süýşürmek mümkin däldi, şonuň üçinem onuň daş-töweregindäki gumy gazyp aýryp başladym. Şol bir wagtyň özünde men gaýygyň aşagyna ony agdarmak üçin, agaç böleklerini goýdum.

Şundan soň hem gaýygy itip, ony suwa çykaryp bilmedim. Gaýykda ýüzüp gitmek umydyndan el üzdüm, ýöne bu ýerden ýüzüp gitmek arzuwy meni öz günüme goýmady.

Indeýleriň agaçdan oýup gaýyk ýasaýşy ýaly, gaýyk ýasap bilermikäm diýip pikir etdim. Bu maňa gaty bir kyn hem düşmez öýtdüm. Halas bolmagyň ýoluny tapanyma begenip, aklyndan azaşan adam ýaly gaýyk ýasamaga başladym. Men ony nädip suwa çykarjakdygym barada pikir edip, soňra bolsa öz-özüme: “Ilki bilen gaýygy ýasaýyn, soňra bolsa ony suwa çykarmagyň alajyny taparyn” diýip göwünlik berdim.

Ýigrimi günüň dowamynda ägirt uly agajy çapyp, on dört günüň dowamynda bolsa onuň şahalaryny kesip aýyrdym. Bir aý töweregi agajy ýondum we üç aýlap onuň içini oýdum. Ahyrsoňy men gaýygy ýasap gutardym. Ol meniň ýeke özüm we goşlarym üçin gaty uludy. Ony ýasanyma gaty begendim. Indi men ony suwa çykarmalydym.

Ýöne ähli synanyşyklarym başa barmady. Gaýyk suwdan bary-ýogy ýüzlerçe ýard daşlykdady, ýöne ol beýikdedi. Şeýlelikde gaýygy derýa eltmek üçin, ýer gazyp başladym. Bu işe örän köp güýjümi sarp etdim ýöne adam azatlyk barada arzuw edýärkä, ol ýadawlygy asla duýanok. Ýöne gaýygy öňküsi ýaly ýerinden süýşürip bolmaýardy.

Soňra men suwy gaýygyň ýanyna eltmek üçin derýanyň kenaryny gazyp başlamagy ýüregime düwdüm. Haçanda suwuň ýoluny çuň we giň gazmalydygymy aňamda, muňa on ýa-da on iki ýylyň sarp boljakdygyna göz ýetirdim. Kenaryň gyrasy beýikde-di, şonuň üçin suwuň akjak ugry hem çuň bolmalydy. Şeýlelikde, biderek synanyşyklarymy bes etdim. Gijem bolsa, işi ahyryna çenli pikirlenmän başlamagyň nämä eltýändigine men düşündim.

Bu işlere gümra bolup ýörkäm, adadaky dördünji ýylym hem geçdi.

Menin hemme zadym bardy we şu uly adanyň ýeke-täk şasydym. Maňa bäsdeşlik edere hiç kim ýokdy. Men örän köp bugdaý hem ýetişdirip bilýärdim, ýöne maňa onuň geregi ýokdy, şonuň üçin men diňe özümiň iýäýjek bugdaýymy ekdim. Adada ýüzlerçe pyşbaga bardy, ýöne men olaryň her wagt birini zordan iýýärdim. Mende gämileriň ýüzlerçesini gurara agaç we olaryň içini çakyrdan doldurar ýaly ýeterlikli üzüm bardy. Ýöne men olaryň diňe az bölegini ulanýardym. Meniň iýere-içere iýmitim ýeterlikdi. Özüme gereginden artyk huruş edinendigim sebäpli itim hem et iýýärdi.. Maňa diňe az-kem bugdaý ýa-da azrak odun gerekdi, ýogsam zatlaryň barysy zaýalanjakdy.

Bu dünýädäki ähli gowy zatlar diňe peýda getirenlerinde gerek bolýarlar. Näçe baýlyk ýygnasak hem, onuň diňe bir bölegini ulanyp bileris. Adada geregimden artyk zatlar hem bardy. Diňe käbir zerur bolan ownuk zatlardan başga hemme zadym bardy. Hatda altyn we kümüş şaýlarym hem bardy, ýöne olar çekeriň içinde peýdasyz ýatyrdylar. Göwherden doly çeker maňa hiç-hili peýda getirmezdi. Ýöne men olaryň baryny bir az-owlak şybyga, iňlis gök önümleriniň dänelerine, ýa-da syýaly çüýşä çalşardym.

Şu ýerde şeýle uzak wagtlap bolamsoň gämiden getiren zatlarymyň barysy diýen ýaly gutardy. Meniň syýam kän bir uzak wagta ýetmedi. Onuň bilen nämedir bir zat ýazyp bolýança oňa suw garýardym. Gämiden getiren çöregimi bir ýylyň dowamynda günde bir kiçeňräk bölegini iýsem-de, ol gaty köp wagta ýetmedi. Ähli eşiklerimi geýip tozdurdym, ýöne gämiden alyp gaýdan deňizçileriň köýnekleri berkligi sebäpli ýyrtylmady. Mundan başga-da mende deňizçileriň geýen ýüpek ýapynjasy hem bardy, ýöne ol bu yssy howada geýere amatsyzdy.

Maňa ýyly eşikleriň geregi ýokdy, gün şöhleleri endamymy ýakýandygy sebäpli eşiksizem oňup bilemokdym. Köýnek geýsem, özümi has gowy duýýardym. Maňa telpek hem gerekdi, sebäbi günüň şöhlesi kellämi deşip barýardy.

Öldüren haýwanlarymyň derisinden özüme eşik tikinmek barada pikirlenip başladym. Derileri günde guratmak üçin ýazyp goýdum; ýagyş ýaganda öl bolmaz ýaly deriniň tüý tarapyny daşyna edip, telpek tikindim. Mundan başga-da birnäçe eşik tikindim. Bu eşikler o diýen bir gowy hem tikilen däldi, ýöne olar meni günden we ýagyşdan goraýardylar.

Men Braziliýada günden goranmak üçin saýawan ýasaýan adamlary görüpdim. Men hem saýawan ýasamaga synanyşdym, ýöne bu maňa aňsat

düşmedi. Ýygnalýan saýawany ýasamak has hem kyn boldy. Şeýle-de bolsa, ahyrsoňy bir saýawan ýasandym we ony tüý tarapyny daşyna edip, deri bilen örtdüm. Indi men gyzgyn howada hem erkin gezmeläp bilýärdim, saýawan gerek bolmadyk wagty, ony ýygnap elimde hem göterip bilýärdim.

## *IX bap*

## *HOWPLY SYÝAHAT*

Bäş ýylyň dowamynda hiç-hili üýtgeşik zat bolup geçmedi. Öňkim ýaly bugdaý ekmämi, aw awlamamy we Injili okamany dowam etdirdim. Şol döwürde bir kiçiräk gaýyk ýasadym. Men derýanyň suwuny gaýygyň ýanyna akdyrmak üçin suwuň akjak ýerini alty fut giňlikde we dört fut çuňlukda gazmaly boldum, muňa iki ýylym sarp boldy.

Gaýygym taýyn bolanda, men adanyň daşyny ýüzüp çykmagy ýüregime düwdüm. Gäminiň ýelkenlerini ulanyp, gaýyga ýelken tikdim. Gaýygyň her burçunda iýmit we oklary saklamak üçin kiçiräk tekje ýasadym. Günden goranmak üçin saýawanymy aldym. Kä wagtlar derýada gaýygym bilen ýüzýärdim, ýöne gaty uzak aralyga ýüzüp gitmeýärdim.

Ahyrsoňy gaýygymy uzak syýahata taýýarlap başladym we adada ýaşan altynjy ýylymyň içinde, ýagny 6-njy noýabrda adanyň daşyndan ýüzüp geçmek üçin ýola düşdüm.

Syýahatymyň üçünji gününe çenli ähli zat gülala-güllükdi. Güýçli akym gaýygymy açyk deňze taşlady. Men güýjümiň ýetdiginden kürekleýärdim, ýöne akym has güýçlüdi. Deňziň ýüzi asuda bolansoň men gark bolmakdan gorkmadym, ýöne adadan müňlerçe milýe daşlaşaryn öýtdüm.

Meniň şeýle bir ada ýüzüp barasym geldi! Ozal oňa zyndana düşen ýerim ýaly garaýardym. Indi ol maňa dünýäde iň gözel ýer bolup göründi, men ada ýene birje gezek barmak üçin hemme zadymy bermäge taýyndym.

Ahyrsoňy şemal öwüsdi. Ol meniň ýelkenlerimi herekete getirdi. Häzir men adadan örän uzakdadym, ýöne howanyň açykdygyna begendim, sebäbi adany gözden ýitirsem, onda ony hiç wagt görüp bilmezdim. Ahyrsoňy adanyň demirgazykdaky kenaryny gördüm, ol maňa dünýäde iň owadan ýer bolup, göründi. Kenara ýüzüp bardym we gaýygy kenara çykaranymdan soň, uka gitdim. Bu howply syýahat meni halys irizdi.

Indi gaýygymy nädip öňe elterkäm diýip alada edip başladym. Öz howply

syýahatymy täzeden gaýtalamak barada asla pikir hem edemokdym. Men günbatara tarap üç milýa ýöränimden soň, kiçiräk deryanyň guýýan ýerine bardym hem-de gaýygymy şol ýerde goýup gaýtdym. Soňra özümiň nirededigimi bilmek üçin, daş-töweregime göz aýladym.

Tiz wagtdan özümiň guran ikinji jaýymdan uzakda däldigime göz ýetirdim. Şol jaýymda hemme zat öňküsi ýaly ýerbe-ýer ýatyrdy. Men haýatdan aşyp geçdim we dynç almak üçin uka gitdim. Men: "Biçäre Robin Kruzo, sen nirede, Robin Kruzo? Sen nirede bolduň?" diýen sözleri eşidenimde örän geň galdym.

Ilki bilen bu sözleri düýşümde eşidýärmikäm öýtdüm. Soňra men örän gorkdum. Gözümi açanymda öz totyguşum Poly gördüm, ol haýatda duran eken, men onuň oňa öwreden sözlerimi gaýtalandygyna düşündim. Elbetde, bu sözleri totyguşuň aýdandygyna doly göz ýetiren hem bolsam, uzak wagtlap özüme gelip bilmedim. Pol meni görenine örän begendi, ol meniň elime gondy, we ony öýe alyp gitdim.

Indi deňiz syýahatlary barada pikir edemokdym. Ýöne käwagtlar ýene-de gaýykly adanyň daşyndan aýlanyp çykmak barada arzuw edýärdim. Deňiz akymy şeýle bir güýçlüdi, ol meni gaýygym bilen islendik pursatda açyk deňze taşlap bilerdi. Şonuň üçinem men bu niýetimden el çekdim.

## *X bap*

## *ADANYŇ ŞASY*

Ýene bir ýyl asuda geçdi. Indi men guralymyň azlygyna garamazdan ökde agaç ussasy bolup ýetişdim. Şeýle-de men birnäçe küreleri hem gowy ýasamagy başardym. Soňlugy bilen aýlanýan araba tigirlerini hem ýasadym, bu bolsa işimi has aňsatlaşdyrdy. Ýöne öz ýasan şybygyma begenişim ýaly bularyň hiç birine-de begenmändim. Şybyk ýaramaz ýanýan hem bolsa maňa adada-da ösüp oturan temmäkiden çekmäge kömek edýärdi. Şeýlelikde çybyklardan sebetleri hem gowy ýasamagy öwrendim. Olar maňa goş götermäge hem-de zat saklamaga hyzmat edýärdi.

Därilerimiň gutaraňkyrlap barýanyny görenimden soň, indi näme etmelidigi barada pikirlenip başladym. Köp wagtlap gapydaky geçiniň sanyny et we süýt üçin köpeltmek isledim we teke tutup getirmäge synanyşdym, ýöne geçim garrydy, ol öldi.

Indi men bu adanyň içinde 11 ýyly geçirdim, därilerimiň gutaryp barýanlygy sebäpli men geçi tutmak, esasan hem owlakly geçini tutmak üçin duzak gurmagy öwrenmelidim.

Geçilere garşy ýüp bilen guran birnäçe gezekki şowsuz duzagymdan soň ullakan bir çukur gazdym we onuň üstüni çybyklar bilen örtdüm. Geçileriň arpany gowy görýänini bilemsoň onuň üstüne sepdim. Ertesi gün baryp görsem onuň içinde 1 teke we 2 sany geçi bar ekeni. Olary ýüp bilen berk daňyp, kynlyk bilen öýe getirdim. Indi meniň sürim bardy.

Ilki başda olar elimden hiç zat iýmediler, ýöne men olaryň gowy görýän arpa dänelerini öňlerine döküärdim, olar bolsa iýýärdiler.

Soňra geçilerimi düýnki ýabany geçilerden daşda saklamalydygyna düşündim, sebäbi olaryň hem ýabanylaşmaklygy mümkindi. Şonuň üçin olaryň daşyny germew bilen baglaşdyrdym. Ol iş bir adam üçin agyr hem bolsa, ilki bilen ony ýerine ýetirmelidim. Munuň üçin otluk, suwly we günden goranyp bolaýjak ýeri tapmalydym. Öz ýanymdan "Sürim köpelensoň mundan-da köp meýdanyň daşyny baglaryn" diýip pikir etdim.

Bu iş meniň üç aý töweregi wagtymy aldy. Men bar güýjüm bilen işi tamamlanymdan soň, ol ýere geçileri ýüpden boşadyp goýberdim. Olaryň maňa öwrenişmekleri üçin olary iýmitlendirýärdim. Olar tiz wagtdan eldeki bolup ýetişdiler. Olar iýmitlerini gutaryp, maňa bakan ylgap gaýdýardylar we aýagymdan depäme çenli arpa gözläp ysgaşdyrýardylar.

11 aý geçenden soňra owlaklar bilen sananyňda sürimdäki geçileri 12-ä ýetirdim.

Iki ýylyň içinde öldürip iýenlerimi sanamanymda olaryň sany 43-e ýetipdi. Olaryň hiç ýere gaçyp gitmezleri üçin gat-gat germew guryardym.

Häzir men diňe bir et bilen däl-de, eýsem içer ýaly süýt bilen hem üpjündim. Öň hiç haçan süýtden peýnirdir mesgäniň alnyşyny görmändim. Birnäçe gezekki şowsuzlykdan soň olary hem süýtden ýaşamany öwrendim.

Şeýlelikde, obada mesgedir peýnir, öýde bolsa çörek bişirip iýmek bilen açlyk ýadyma-da düşenokdy. Özümi bu adajygyň şasy ýaly duýýardym we men töwerekdäki ösümliklerdir, haýwanlaryň kömegi bilen şa ýaly iýmitlenýärdim. Pol hem şanyň gowy görýän elguşy ýaly öňümde oturyp, meniň bilen gürleşýärdi. Itim bolsa halys garrapdy, ol mydama sag tarapymda oturýardy, gämiden getiren pişiklerimiň nesli bolan iki sany söýgüli pişiklerim bolsa çep gapdalymda, meniň aýratyn üns bermegime we bir bölek et oklanyma garaşyp oturýardylar. Meniň bar gerek zadym adam jemgyýetine dolanmakdy, ynsan zerurlygyny has hem ýiti duýýardym.

Öz ýasan gaýygymy suwda barlap görmek isleýärdim, ýöne şol bir wagtyň özünde hem täze howpuň abanmagyny islemeýärdim. Wagtal-wagtal men gaýygy adanyň ol çetinden öz ýanyma getirmegiň ýollaryny agtarýardym. Sol bir wagtyň özünde hem özümi onsuz hem bagtly hasaplaýardym, ýöne meni iň soňky açyş eden ýerim has özüne çekýärdi. Ol ýere kenary gyraklap gitmegi ýüregime düwdüm. Eger şu wagt Angliýanyň ýaşaýjylarynyň biri meni göräýse güler ýa-da gorkudan ýaňa gaçyp gider, sebäbi men hakykatdan hem elhenç görünýärdim.

Kellämde arkama agyp duran geçi derisinden ýasalan tüýlek telpek bardy we onuň bir bölegi boýnumy günden gorap durdy. Egnimde bolsa ýene-de geçiniň derisinden edilen gysga penjegim bardy. Balaklarym bolsa tekäniň derisindendi we dyzyma çenli gysgady. Geýmäge aýakgabym we joraplarym ýokdy, şonuň üçin ýene-de geçiniň derisini ulanyp, ony aýagyma doladym.

Mundan başga-da, geçiniň guradylan derisinden edilen uzyn guşagym bardy, we ol egnimdäki iki sany geçiniň derisinden bolan baga berkidilipdi, ondan bolsa kiçiräk paltam asylgydy. Şeýle-de, meniň ýene bir egnimden asylgy inçeräjik guşagym bardy. Onda därim we okum asylgydy. Arkamda sebet, egnimde bolsa tüpeň göterýärdim. Depäme bolsa gelşiksiz geçi derisinden edilen saýawanymy göterýärdim. Ýüzüm hem garry geçiniň derisi ýaly goňurdan gasyn atypdy. Sakalymyň iki gapdalyndan galanyny gysgajyk edip kesdim. Barybir, bu sypatymy görere adada hiç kim ýokdy ahyryn.

Kenarda tolkunlar güýçli bolmanyndan soň, men ony gyraklap barýardym. Birdenkä arasynda güýçli akym boldy. Ilki muňa düşünmedim, görüp otursam, tolkun suwuň akymyna we şemalyň ugruna bagly ekeni. Agşamara ýene-de kenardan daşda öwüsýän tolkunlary gördüm, ol meni deňizden daşyna oklanda onuň has golaý gelenine düşündim.

Eger men suw akymyny dogry yzarlan bolsam, onda halas bolup bilerdim. Ýöne bu pikir meniň öňki gaýykdaky syýahatymy ýadyma salyp, meni howsala düşürdi. Men ýene-de bir gaýygy gurmagy we ony adanyň beýleki tarapynda, muny bolsa şu ýerde goýmagy ýüregime düwdüm.

Şeýlelikde, häzir adanyň her tarapynda bir öýüm bardy. Birinjisi daşyny haýatlar bilen berklän gowagymdy. Şu wagta çenli ony birnäçe kiçiräjik bir-biriniň içinden geçýän gowaklara bölüp giňeltdim. Olaryň iň giňi we gurusy, yzky gapysy bolan soňky gowakdy. Men ony uly palçyk gaplaryndan hem-de içi arpadyr iýmitden doly sebetlerden doldurypdym.

Haýat ~~we~~ direg üçin diken agaçlarym ýere kök urup, ählisi ösüp sagdyn,

uzyn bag bolup ýetişdiler. Olarsyz öz öýümi göz öňüme hem getirip, bilmeýärdim.

Öýüme golaý arpa ösüp oturan ekin meýdanym hem bardy. Ol meýdany ekýärdim we ol meni çörek bilen üpjün edýärdi.

Şeýle hem meniň adanyň beýleki tarapynda ýerleşen bagçylygym bardy. Onuň hem haýaty uzyn we gözeldi, onuň ortarasynda üçegi ýelkenden ýasalan külbäm ýerleşýärdi. Onuň içinde deňizçiniň penjeginden gurnalan ýorganly, depesi mal derisinden ýasalan ýatara ýer bardy.

Meniň geçi sürim we ekin meýdanym üzümçiligime golaýdy. Haýatdyr, germewleri gowy saklamak üçin gerek bolan bejeriş işlerini ýerine ýetirýärdim.

Bu bagçylyk birinji öýümiň we gaýygy goýan ýerimiň aralygynda ýerleşensoň garaňka galsam gijäni şu ýerde geçirýärdim. Köplenç bu ýerlere gelip, baglara ideg edýärdim. Käwagtlar onuň içine keýpine aýlanýardym, ýöne men indi hiç wagt munuň ýaly gorkunç syýahata gitmerin. Suw tolkunlaryndan gorkup, kenardan 100 ýard daşlykda gezelenç edýärdim .

## *XI bap*

## *GUMDAKY ADAM AÝAGYNYŇ YZLARY*

Soňra bir täsin zat bolup geçdi.Bir gün kenaryň gyrasy bilen gaýygyma tarap barýarkam,çägäniň ýüzünde adam aýagynyň yzyny gördüm. Şeýle bir geň galdym welin, hatda ýerimden butnap hem bilmedim. Men dińşirgenip, daş-töweregime seretdim, ýöne hiç zat görmedim we eşitmedim. Has uzagrak aralygy görmek üçin baýra çykyp, kenaryň gyrasy bilen hem ýöredim, ýöne daş-töwerekde hiç kim ýokdy. Soňra adam aýagynyň yzy gözüme göründimikä diýip pikir etdim, şonuň üçin şol ýere ýene bardym. Ýöne adam aýagy gözüme görünmändir. Ol hakykatdan hem bardy, käwagtlar yzyma bakyp, yzyma öýüme tarap ökjäni göterdim. Adadaky her bir agaç gözüme adam ýaly bolup göründi, başym-gözüm çaşdy.

Merdiwan bilen öýümiň haýatyndan aşdym, soňra merdiwany hem ýygnadym, ýüregim ýarylyp, agzym hem kepäp barýardy. Şol gije ýatyp bilmedim. Käwagtlar şol aýak yzy adamyňky däl-de, arwahyňkydyr diýip pikir edýärdim, sebäbi bu adam ayagy sekmedik ada kim düşsün? Ony getiren gämi nirede? Beýleki adam aýaklarynyň yzlary nirede? Soňra aklymdan azaşýandyryn öýtdüm. Hakykatdan hem, arwahlar adam sypatyna girip, meni gorkuzmak üçin aýak yzyny goýup gidermi? Eger şeýle bolsa

onda arwah aýak yzyny suwuň ony ýuwup aýyrjak ýerinde goýman, edil öýümiň ýanynda goýardy.

Soňra aýak yzyny esasy adada gören indeýler goýup gitdimikä diýip pikir etdim. Belkem şemal we güýçli akym olaryň gaýygyny meniň adama getirendir,soňra bolsa olar ýene yzyna ýüzüp gidendirler. Eger-de olar gaýygymy gören bolsalar, onda bu adada biriniň ýaşaýandygyna düşünendirler diýip pikir etdim. Eger şeýle bolsa, onda olar köp bolup gelerler, hem-de meni öldürip iýerler. Olar meni tapmasalar hem, bugdaý meýdanlarymy görerler, bugdaýymy, geçilerimi alyp gidip, meni açlykdan öldürerler.

Hudaý meni terk etdi diýip pikir etdim. Bu örän geň zat, öň şu adada özümden başga adama duşaýsam diýip arzuw edýärdim. Indi bolsa adamlardan gorkýaryn.

Belkem aýak yzyny özüm goýandyryn, hem-de biderek ýerden aladalanýandyryn öýtdüm.

Az-owlak özüme gelip, gowagymdan çykmak barada pikir etdim. Gowagymdan çykman üç gije-gündiz geçirdim,meniň iýmitim azaldy. Seýle hem geçilerimi sagmalydym.

Geçilerimi sagýarkam henizem gorkudan ýaňa saňňyldaýardym. Aram-aram yzyma öwrülip islendik pursatda gaçmaga taýýardym.

Emma iki-üç gün geçensoň az-kem batyrlandym. Ahyrsoňy özümi aýak yzyny gören ýerime kenara barmaga mejbur etdim, aýak yzynyň aýagymdan has uludygyny gördüm, men ýene-de gorkup başladym.

Howsalaly pikirler meni uzakly gije ýatyrmady.Ýöne daňdana golaý uka gitdim. Oýanan badyma men ýene-de pikirlenip başladym, adam şeýle bir esasy ada golaýdy welin, belkem ol adamsyz däldir diýip pikir etdim. Bu adada hiç kim ýaşamasa-da, belkem şemal ýa-da güýçli akym adamlary gaýykda kenara getirýändir.

Men adada ýeke ynsan çagasyny görmän on bäş ýyllap ýaşadym. Eger biri kenara çykan hem bolsa,ol adada galmaklyk barada pikir etmezdi. Şeýle bolsa, onda kä wagtlar gaýykly ada gelýän adamlardan başga gorkara zat ýok. Indi diňe indeýler geläýen pursatynda gizlenmek üçin özüme howpsuz ýer tapmalydym.

Gowagymyň daşyny palçyk bilen örtdüm. Onuň içinde gämiden getiren yedi sany tüpeňim üçin deşik ýasap goýdum. Tüpeňlere ok salyp,howply pursatda men iki minutda ot açyp bilerdim. Bu ise meniň birnäçe aýym sarp

boldy, ýöne men tä şol işi gutarýançam, özümi howpsuzlykda duýmazdym.

Gowagymyň daş-töwereginde hem birnäçe agaç pürslerini dikdim. Men pürsler bilen gowagyň aralygynda duşmanlar haýatdan aşyp gelenlerinde olary görer ýaly boş aralyk hem goýdum.

Iki ýylyň içinde birnäçe gök agaçlary ösdürip ýetisdirdim. Olaryň aňyrsynda gowak bar diýip hiç kim asla pikir hem etmez. Ozalkysy ýaly haýatdan merdiwan bilen aşdym.Eger biri haýatdan aşjak bolsa, onda tenini sypjyrdardy ýa-da haýatdan geçip hem bilse oňa tarap meniň tüpeňlerim çenelgidi.

Bu işlere gümra bolup ýörkäm, geçilerim barada hem aladalanýardym. Geçi etim bolansoň aw awlaman oklarymy tygşytlaýardym. Seýle-de bolsa, geçilerimden mahrum bolasym gelenokdy. Köp pikirlenip ahyrsoňy iki sany çykalga tapdym. Olar üçin gowak gazmaly we her gije olary şol gowakda gizlemeli ýa-da olaryn käbirini meýdanda saklamaly. Sürime bir zat bolaýsa, iň bolmanda meýdandaky geçilerim galardy. Bu parasatly çözgütdi.

Men inçe baldakly agaç ösýän ýeri tapdym. Bir aýyň içinde onuň dasyna haýat aýladym hem-de ol ýerde geçileriň we tekeleriň ikisini goýup gaýtdym. Eger siziň ýadyňyza düsýän bolsa men bu zatlaryň hemmesini adam aýagynyň yzyny görenim üçin edýärdim. Iki ýylyň içinde bolup geçýän bu zatlaryň hemmesi maňa erbet täsir etdi. hudaýa ynamymy hem ýitirip barýardym.

Meniň ýalbarmaga gurbatym çatanokdy. Bir gün geçilerimi gizlemäge başga ýer gözläp ýörkäm gözüme deňizde gaýyk görnen ýaly boldy. Indi aýak yzynyň beýle bir üýtgeşik täsin zat däldigine düşündim. Indeýler ýesirlerini iýmäge gelýändirler ýada güýçli akym olaryň gaýygyny kenara çykarýandyr diýip pikir etdim.

Indi çägäniň üstünde ýatan adam süňklerini we ýanan oduň galyndylaryny hem gördüm.

Geň galyp durşuma howplulyk barada unudypdyryn. Ýüregim bulanyp, ol ýerde ýekeje minut hem durup bilmejegimi bilip öýe ylgap gitdim.

Öýe gelip. özümi dürsedim. Indeýler adada adam ýaşaýandygy barada pikir etmeýändirler diýip. özüme teselli berdim. Bu ýerde men on sekiz ýyllap ýaşadym we ýene-de hiç-kime bildirmän ýaşap bilerdim.

Seýlede bolsa. iki ýylyň dowamynda gören zadym barada unutmaýardym. Öz birinji we ikinji guran öýümde ýaşaýardym,geçi bakýan meýdanlarymda gezýärdim. ýöne men indeýlerden edil arwahyň özüni gören ýaly gorkdum.

Gaýygymda ýüzmeýärdim,ýöne başga gaýyk ýasamak barada pikirlenip

başladym. Gaýygymy adanyn bu kenaryna getirmäge gorkýardym.

Wagtyň geçmegi bilen öz aladalarymy unudyp, öňkim ýaly parahat ýaşamaga başladym. Ýöne hüşgärligi hem elden bermeýärdim, tüpeň hem atamokdym; sebäbi kimdir biri adada tüpeň sesini eşitse, bu ýerde biriniň ýaşaýandygyna göz ýetirerdi. Muňa garamazdan hiç haçan tüpeňimi we gämiden getiren uly gylyjymy elime alman öýden daş çykmaýardym.

Aladalarymy unudyp, dänämden piwo ýasamak barada pikir edip başladym. Içinde piwo saklamak üçin nähili bolsa-da çelek gerekdi, ýöne ony hiç haçan ýasap görmändim. Şeýle hem içinde däneleri gaýnatmak üçin ulurak bir gap gerekdi. Pikirlenere zat köpdi.

Soňra indeýleri adam iýýän wagty öldirmek barada pikir edip başladym. Käwagtlar olaryň ot ýakýan ýerinde çukur gazyp,onuň içine däri goýup olary partlatmak barada pikir edýärdim. Soňra tüpeňli bir ýerde gizlenip olary iýýän wagty atyp öldürmeklik barada pikir etdim. Birnäçe hepdeläp bu pikir meni öz erkime goýmady.

Köplenç indeýleriň ýygnanýan ýerine baryp, gizlenere ýer gözleýärdim. Olaryň iýen adamlary üçin ar almak barada pikir edýärdim.

Ahyrsoňy inçe baldakly agaçlar ösýän ýer tapdym. Bu ýerde arkaýyn gizlenip, olaryň hereketlerini yzarlap hem-de islendik pursatda atyp hem bilerin. Şeýlelikde öz tüpeňimden başga iki tüpeňi taýynladym. Olara ok saldym we söweşe ykjam taýarlandym.

Şu zatlardan soň günde irden baýryň depesine çykyp,deňze syn edip başladym. Ýöne iki-üç aý geçenden soň bu meni halys irizdi, sebäbi deňizde hiç zat görnenokdy.

Indeýler barada unudyp, başladym. Meniň olary günäkärlemäge nä hakym bar. Olar hatda edýän zatlarynyň elhençdigine hem düşünmeýärler. Olar maňa hiç hili zyýan bermediler, olary öldürmek adalatsyz bolardy.

Tä indeýler maňa topulýançalar, olara degmeli däl diýen netijä geldim.

Indi duşmanlara garaşyp deňze seredemokdym, gaýygymy beýik gaýalardan akýan suwa eltdim.Bu ýere güýçli akymdan we tolkynlardan gorkup, başga hiç hili gaýyk gelmez.

Hemişe ýaragymy alyp daş çykýardym hem-de her bir sese diňşirgenýärdim. Agaç çapmakdan ,tüpeň atmakdan ýa-da çüý kakmakdan gaty gorkýardym, sebäbi olaryň sesi gowy esidilýärdi. Ot ýakamda hem seresaplylygy elden bermeýärdim, oduň tüssesi hem uzakdan görnüp biler.

Geçilerimi goýup gaýdan haýatymyň ýanynda ýene-de bir öý gurundym.

Ýaňa ol ýerde men arkaýyn ot ýakýardym, gazanlary gyzdyrýardym ýa-da nahar bisirýärdim. Soňra ýanyp gutaran oduň közlerini ulanmak pikiri kelläme geldi. şeýtsem asla tüsse çykmazdy.

Seýlelikde, agaç böleklerini ýakyp, közlerini öýe getirdim. Ýöne ýolda agaçlaryň arasynda bir adaty däl ýere düsdüm. Bu bir tebigy gowakdy, ol ýeriň aşagyna tarap uzalýardy.

Onuň içi örän garaňkydy. Ýöne gowagyň içinde iki sany ýyldyz ýaly ýanyp duran göz gördüm. Bu ýerde adam ýa-da haýwan barmy ýa-da arwah barmy diýip pikir etdim. Bu ýerde ýeke pursat hem durup bilmän, gowakdan örän çalt çykyp gaýtdym.

Emma soňra özümin nähili ýalňyşlyk goýberenime düşündim. Ot ýakyp gowaga ýene-de girdim. Ol ýerde agyra çydamaýan adamyň sesine meňzeş ses eşitdim. Bu ses yene-de ýaňlandy. Gorkudan ýaňa meniň agzym kepäp barýardy. Men gowagyň içi bilen has uzagrak gitdim.

Soňra oduň ýagtysynda öljek bolup ýatan garry geçini gördüm. Ony galdyrjak boldum, ýöne ol ýerinden turardan has ysgynsyzdy. Ony ýatan ýerinde goýup gaýtmagy ýüregime duwdüm,sebäbi ol diňe meni däl, eýsem indeýleri hem gorkuzyp bilerdi.

Men daş-töweregime göz gezdirdim. Gowagyň içi on iki fut giňdi. Onun çat açan ýeri has uzaga gidýärdi, ýöne ol örän pesdi. Şem getirmelidim, onuň içine emedekläp göz gezdirip bilerdim.

Ertesi gün alty sany geçiniň ýagyndan edilen şem getirdim. Emedekläp gaýanyň çat açan ýerini barladym. Uzagrak gitdigimçe geçelgäniň içi giňeldi,indi ýöräp hem bilýärdim şemiň ýagtysyna gowagyň içi owadan bolup görünýärdi. Onun diwarlary edil göwher ýaly ýalpyldaýardy. Ýer bolsa gury we çägesizdi. Bu diýseň gözel ýerdi. Diňe onuň girelgesi amatsyzdy, ýöne ol dusmanlardan gowy gorap biljekdi. Bu ýere zatlarymyň kä birini, ok salynmadyk tüpeňlerimi oklary bilen getirmegi ýüregime düwdüm.

Oklarymy görüp deňizden çykaran içi därili çelegim ýadyma düsdi. Onuň içine suw giripdir,üç-dört dýuýma golaý däri edil das ýaly gatapdyr. Ýöne galany gurudy. Şeýlelikde därim gutaryp barýarka, altmyş funta golaý däri tapdym. Ony täze tapan gowagyma getirdim hemem onuň az-kem bölegini öýüme alyp gitdim.

Garry geçi gowagyň girelgesiniň ýanynda öldi. Ol ýerde çuň çukur gazyp ony jaýladym.

Bu adada eýýäm ýigrimi üçünji ýylymdy. Öz durmuşyma öwrenişdim, eger indeýleriň gelmejegine doly göz ýetirsem onda özümi bu adada has bagtly adam saýardym. Pola ýene-de başga köp zatlary aýtmagy öwretdim. On alty ýyldan soň itim garrap öldi. Ýöne ondan başga iki-üç sany pişigim bardy. Hemişe öýümiň ýanynda birnäçe owlak saklaýardym, olary elimden iýdirýärdim, mundan başga-da adymy "Robin Kruzo" diýip aýdyp bilýän iki sany totyguşum hem bardy, ýöne olar edil Pol ýaly gowy gepläp bilenokdylar. Birnäçe deňiz guşum hem bardy. Olar haýatymda ösen agaçlarda ýaşaýardylar we şol ýerde hem höwürtge ýasanyp, jüýjelerine seredýärdiler.

## *XII bap*

## *GAN WE SÜŇK*

Bir gün adada ýaşap ýören ýigrimi ücünji ýylymyň içinde, dekabr aýynda daň atanda öz bugdaý meýdanyma barýarkam, kenardan iki milýa uzaklykda gören zadym meni haýrana goýdy we gorkuzdy. Men ýerimden butnap hem bilmedim. Eger indeýler eken bugdaýymy tapsalar, onda olar bu adada biriniň ýaşaýandygyna göz ýetirerler diýip pikir etdim Öz tüpeňlerimi dikip gaýdan gowagyma bardym, merdiwanly aşyp, söweşe taýynlandym. Pürsleriň üstündäki tüpeňleriň barsyny okdan doldurdym we özümi goramaga taýynlandym. Bir iki sagatdan soň näme bolup geçýänini bilesim geldi. Merdiwanymy baýra diräp, çür depesine çykdym. Ýerde ýatyp, daş-töweregimi synladym. Az salymdan indeýleri gördüm, dokuz sany indeý oduň daşyna üýşüpdir, olaryň bu ody yssy howada ýylanmak üçin ýakmandyklary belli; olar bir zat bişirjek bolýardylar.

Olaryň iki sany gaýygy kenardady. Garaşanym ýaly, akym üýtgände olar gaýyklaryny münüp ýüzüp gitdiler.

Tüpeňimi we gylyjymy alyp, olary ilkinji gören ýerime ylgap bardym. Deňze seredip, olaryň uzakdaky esasy ada tarap ýüzüp barýşlaryny gördüm.

Kenara baranymda, olaryň oduň ýanynda goýup giden süňklerini hemem gan gördüm, olara bolan ýigrenjim has güýjedi. Olar adama ýygy-ýygydan duş gelmeýärdiler, sebäbi birinji gezek kenarda aýak yzyny görenime eýýäm on bäş aý bolupdy.

Şeýle-de bolsa, özümi arkaýyn duýmadym, hemişe bir zatdan gorkýan

ýalydym. Hemişe gowakdan tüpeňimi aw awlamak üçin däl-de, özümi goramak üçin alyp çykýardym, sebäbi geçilerim maňa ýeterlik iýmit bolýardy.

Şu aladaly geçiren günlerimden hem-de ukusyz geçiren gijelerimden soň, deňizde tupan turup, gök gürläp , ýyldyrym çakdy. Bir gün öýümde Injili okap otyrkam, deňizden tüpeň sesine meňzeş bir ses eşitdim.

Haýsam bolsa bir gämi-hä gark bolýar diýip pikir etdim. Eger gämidäki adamlara kömek edip bilsem, belkem özüm hem halas bolaryn diýip pikirlendim, şonuň üçinem baýryň depesinde ot ýakdym. Şemal öwüsse-de, odun gury bolany üçin gowy ýandy. Elbetde, gämidäkiler ody görendirler, sebäbi men şol bir ugurdan tüpeň sesini eşitdim. Şol gün uzak gije ot ýakdym.

Jahan ýagtylyp, ümsümlik aralaşanda, deňziň gündogarynda bir zat gördüm. Ol gäma meňzemeýärdi. Men uzakly gün oňa seretdim, ýöne ol ýerde hiç-hili hereket ýokdy. Oňa gämidir öýtdüm, hem-de tüpeňimi alyp adanyň daş-töweregini aýlanyp çykdym, ahyrsoňy gark bolan gäminiň böleklerini gördüm.

Eger deňizçiler gaýyklara münüp adanyň kenaryna çykmaga synanşyk eden bolsalar, onda tolkunlar we güýçli akym olary gaýalara urandyr. Bu adanyň golaýynda eýýäm iki sany gämi gark bolup, diri galan diňe men boldum.

Gözlerim ýaşdan doldy, iň bolmanda ýekelikden halas etmek üçin bir deňizçi halas bolsady. Ýöne olaryň hiçisi halas bolmandyr,birnäçe günden soň tolkunlar gark bolan deňizçiniň jesedini kenara şykardylar. Onuň jübüsinde pul bilen şybykdan başga hiç zat ýokdy. Şybyk gözüme puldan hem gymmatly bolup göründi.

Deňze ümsümlik aralaşandan soň, gaýygymy alyp, gäminiň gark bolan ýerine ýüzüp barmagy ýüregime düwdüm. Belkem gämiden bir peýdaly zat taparyn, belki-de biri diri galan bolsa ony halas ederin. Şeýlelikde, baýyrdaky köşgüme howlukdym, özumi çörek, suw, rom, üzüm we beýleki zatlar bilen üpjün etdim. Gaýygymyň ýanyna baryp, onuň içindäki suwy dökdüm we oňa bar zadymy ýükledim. Saýawanymy hem-de geçiň süýdünden edilen peýniri alyp, kenaryň gyrasynda küreкläp başladym.

Ahyrsoňy gäminiň gark bolan ýerine golaýlaşdym. Onuň ýanyna ýüzüp baryp bilermikäm ýa-da bilmezmikäm diýip pikir etdim, gaýalaryň daş töweregindäki güýçli akymy görüp gorkdum. Gaýygym şeýle kiçi bolansoň, akym meniň gaýygymy alyp, açyk deňze taşlap bilerdi. Gaýygymy kenara tarap öwrüp, kenara çykanymdan soň, birnäçe wagtlap oýlanyp oturdym.

Men baýryň depesine çykyp, deňze seredip oturdym. Akym üýtgedi we tolkunlar indi beýle bir howply görünenokdy. Ahyrsoňy ol ýere ýene-de ýüzüp barmagy ýüregime düwdüm.

Küreklerimiň kömegi bilen gäminiň gark bolan ýerine has golaý ýüzüp bardym. Gurluşyna göra gämi ispan gämisine meňzeýärdi. Gämi iki sany gaýanyň arasyndan geçip bilmän galypdyr, onuň yz tarapy derbi-dagyn bolupdyr. Men gämiň üstünde bir ite duşdum. Ol meni gören badyna suwa böküp, maňa tarap ýüzüp başlady. Ony gaýyga çykaryp oňa çörek bilen suw berdim. Ol janawer gaty suwsapdyr.

Ondan başga-da, gämiň döwük bölekleriniň arasynda iki sany gark bolan adamyň jesedini gördüm. Gäminiň üstünde janly adam galmandyr we onuň zatlaryny deňziň duzly suwy zaýalapdyr. Emma men onuň üstünde birnäçe sandyk gördüm hemem olaryň ikisini gaýygyma geçirdim.

Biriniň içinden altyn hem-de kümüş şaýlaryny tapdym. Bu gämi hazyna bilen ýüklenip, Günorta Amerikadan baýlyklary Ispaniýa alyp barýarka gark bolandyr diýip pikir etdim. Ýöne bu baýlyk indi hiç zada derkar däldi.

Kynlyk bilen içi çakyrly çelegi gaýyga geçirdim, şeýle hem tüpeňleri, därini we demir pili aldym. Bu zatlaryň barysy barada men ýigrimi ýyllap arzuw edipdim! Şeýle hem özüm bilen birnäçe kiçiräk demir gazan aldym.

Men bu gijäni itim bilen gaýykda geçirdim. Irden gämiden alyp gaýdan zatlarymyň barysyny öz “köşgümde” däl-de, täze gowagymda saklamagy ýüregime düwdüm.

Soňra ikinji sandygy açdym we onuň içinden birnäçe köýnek tapanyma begendim. Onuň içinde el ýaglyklar hem-de içi çakyrly çüýşeler bardy.

Bu zatlaryň hemmesini hem-de gark bolan deňizçiniň köwsüni alyp, täze gowagyma eltip goýdum. Puluň ýerine birnäçe gowy jorap tapan bolsam gowy bolardy diýip pikir etdim. Şeyle-de, bolsa bu zatlaryň hemmesini ýygnaşdyryp, öz “köşgüme” gitdim.

Ol ýerde hemme zat ýerbe-ýerdi. Men ýene-de öňkim ýaly ýaşap başladym; şeýlelikde, iki ýyl geçdi. Men özümi bagtly saýamokdym. Hemme zadym bardy, ýöne nirädir bolsa başga bir ýere düşsemdim diýip arzuw edýärdim. Bu meniň Braziliýada hem ýadyma düşýärdi. Eger ol ýerde galan bolsam, onda baýap hem giderdim.Ýöne men ýene-de deňiz syýahatyna çykmaly boldum. Indi meniň hazynam bardy–ýöne ol meniň nämäme derkar?!

## *XIII bap*

### *ANNA*

Bir gün agşam birnäçe sagatlap oýaly-ukuly ýatyşyma ahyry uka gidipdirin we düýş görüpdirin. Düýşümde arzuw edýän iki sany gaýygym kenara gelýärmikä diýýän. Gaýyklaryň golaýynda bolsa 11 sany indeý adamlary başga bir indeý adamsyny öldürip, ot ýakyp bişirip iýjek bolýanlaryny görüpdirin. Birden ol ýesir indeý olardan sypyp meniň galama tarap ylgap gaçyp başlaýar. Men bolsa onuň maňa tarap gelýänini görüp öz galamdan çykýaryn, meni görüp öňümde dyzyna çöküp, barmagy bilen merdiwany görkezýär we özüni gizlemegimi soraýarmyka diýýärin.

Bu pikirleri aňymda aýlap oýanypdyryn. Kelläme "Eger indeýleriň birini, elbet-de düýşümde gören ýesir indeýimi tutan bolsam, onda ol maňa esasy ada düşmegime kömek ederdi" diýen pikir geldi.

Ep-esli wagtlap indeý adamlarynyň üstüne çozup, olardan birini ýesir almak pikiri bilen gezdim. Emma bu işi nähili amala aşyrjagym hiç kelläme gelenokdy. Bir ýarym ýyllap gaýyklara garaşdym, ýöne olardan hiç peýda bolmady.

Ahyry 5 sany gaýyk adanyň gapdalyna gelip düşdi. Heniz gorkudan hem açylyp bilmän öz galamyň içinde ýatyrdym. Ol gaýyklaryň hersinde 5-6 sany indeý bardy we 20-30 sany adamyň üstüne ýeke özümiň çozuş edesim gelmedi. Her niçikde bolsa biraz wagtdan soň tüpeňi okdan doldurdym we garaşmakdan ýadap töwerege seretmek üçin gaýa çykdym.

Ol ýerden ada 30 töweregi indeýleriň gelenini gördüm. Olar ullakan bir ot ýakyp et bişirýärdiler we hemmesi üýşüp, oduň daşynda ýabany tanslaryny edýärdiler.

Olar tanslaryny dowam edýän wagtlary gaýygyň gapdalynda öldürmek üçin getirilen iki adamyny gördüm.

Olaryň biri agyr agaç tokmagynyň urgusyna öldürilmezinden öň ýykyldy we öldi. Indi beýleki biri indeýleriň oň üçin elleri boşaýança garaşyp durdy. Ol şol pursat töweregine seretdi, özüne çykalga tapyp, bar güýji bilen maňa tarap ylgap gaýtdy, ýöne ol meni görenokdy. Men bolsa olaryň meni hem kowalap tapyp öldürmeklerinden gorkýardym. Düýşüm näçe ýaramaz bolsa-da, ol hakykata öwrülip barýardy.

Men öňki duran ýerimde durdum we gaçgagy diňe üç indeýiň kowalap gelýänini görüp azajyk arkaýynlaşdym. Ol gaçgak örän çalt ylgaýardy we gaçyp gutulyp barýana çalym edýärdi.

Indeýleriň düşläň ýeri bilen galamyň arasynda kiçijik derýa bardy. Gaçgak derýadan aňsatlyk bilen ýüzüp geçdi. Ýöne ony kowalaýanlaryň biri asla ýüzüp bilmeýän ekeni, beýleki ikisi bolsa gaçgakdan gowy ýüzmeýärdiler.

Ine, şu ýerde ýoldaş tutunmaga mümkinçiligim ýüze çykdy, men ony diri tutmagy başarmalydym. Şonuň üçin merdiwandan düşüp, iki okly tüpeňimi alyp deňze bakan ylgadym. Ol ýer gaýanyň aşak gapdaly bolansoň men eýýäm gaçgak bilen kowgynyň arasynda durdym. Men gaçgagy çagyryp gygyrdym, ýöne ol kowup gelýän indeýlerden däl-de menden beter gorkdy. Ol ýeten ýerinde saklandy we garaşdy. Men bolsa kowup gelýän indeýlere tarap ýöneldim. Beýleki indeýler eşider öýdüp ok atmaga gorkdum we tüpeňiň agaçdan bolan yz tarapy bilen olaryň ilki gelýänini urdum welin, ol şol bada ýykyldy. Ýöne olaryň beýlekisi eýýäm ýanyma gelip ýetipdi we men alaçsyz ony atmaly boldum. Ol ýere ýykyldy. Gaçgak ýesir bolsa tüpeň sesinden gorkup şol öňki ýerinde doňan ýaly bolup durdy.

Oňa ýene bir gezek gygyrdym-da, bärik gel diýip ümledim. Ol muňa düşünip biraz öňe süýşdi, ýöne ýene-de saklandy. Men özüni öldürer öýdüp ol sandyrap durdy.

Men oňa öz dostluk raýdaşlygymy görkezmäge synanyşyp, oňa mähirli bakdym. Ol dyzyna çöküp, on-on iki ädim dyzanaklap maňa tarap golaý geldi. Maňa janyny gutaranym üçin minnetdarlyk aýdýana meňzeýärdi. Oňa seredip durşuma ýylgyrdym. Ol şondan soň golaý gelip, maňlaýyny ýere degirip dyzanaklap gelşine maňa tagzym etdi we ýeri ogşady.

Oňa "Mert bol!" diýip, ony goldamak üçin egnine kakyp ýerinden turuzdym. Ýöne munuň bilen iş gutarmandy, ilki urup ýykan indeýim özüne geldi. Ony ýesir gaçgaga görkezdim welin ol öz dilinde bir zatlar diýdi. Men ada düşelim bäri ilkinji gezek ynsan sesini eşitdim. Ol sözlere düşünmesem-de, olary eşitmek ýakymlydy. Ýöne bu pikirlere ol pursat wagt ýokdy. Urup ýykan indeýimiň ýerinden galanyny görüp meniň indeý dostum gorkdy. Ol meniň gylyjymy görkezip, menden gylyç soraýanyny düşündirdi. Men oňa gylyjy berdim, ony eline alyp öz duşmanynyň üstüne ugrady. Ony bir gezek uranda kellesini aldy. Soňra indeý dostumdan demirden gylyjy hiç wagt ulanmandyklaryny, oňa derek agaçdan ýasalan gylyçlarynyň bardygyny eşitdim.

Indeý dostum indi hoşal bolana meňzeýärdi. Ol birnäçe alamat etmek bilen öldüren indeýiniň kellesini alyp aýagymyň ýanynda goýdy.

Ýöne meni has geň galdyran zat atyp öldüren indeýimdi. Ol menden

jesede tarap geçmegi ümläp sorady. Men oňa rugsat berdim. Ol oka seredip, onuň nämedigini bilmeýän ýaly bolup durdy.

Özüni dürsänden soň, maňa beýleki indeýler hem gelmegi ahmal diýýän ýaly bir zatlar düşündirmek isledi. Ahyry ol maňa bir alamat bilen jesetleri çägä gömmek isleýänini düşündirdi. Sebäbi beýleki indeýler bu jesetleri görseler, biziň yzymyzdan gelmekleri ahmaldy. Ol derrew çukur gazdy. Çukura jesediň biri sygjakdy. Ol şeýle-de etdi, jesediň birini onuň içine itip göýberdi-de, çukury gömdi. Soňra beýlekisini hem şeýtdi. Ol 15 minudyň içinde iki jesedi hem gömdi. Soňra ony öz gowagyma alyp gitdim.

Biz öýe gelenmizden soň oňa çörek, kişmiş hem-de içere suw berdim. Soňra men oňa ýatyp dynjyny almagy üm bilen düşündirdim.

Ol daş keşbi boýunça sagdyn bedenli 25 ýaslaryndaky ýaş ýigitdi. Onuň el-aýagy şeýle-de boýy uzyndy. Ol nurana ýüzlüdi, esasan hem ýylgyran wagty mylakatly görünýärdi. Onuň saçy uzyndan gara we gönüdi, şeýle-de onuň giň maňlaýy hem-de özüne gelşip duran ýiti gözleri bardy. Goňur bedeni bolsa balygyň teňňeleri ýaly ýylpyldaýardy. Onuň ýüzi togalakdan, kiçiräk burny bardy, ýöne ýasy däldi. Şeýle-de gelşikli inçe dodaklary we ýiti ak dişleri bardy.

Ol biraz ukusyny alandan soň, gowagyň daşyna çykdy. Ol meýdandaky geçilerimi görüp, geçi sagdy we maňa tarap ylgap geldi-de, özüni ýere oklap, öňküsi ýaly ýene-de kellesini aýaklaryma golaý goýup tagzym etdi. Oňa düşündim we öz kanagatlananymy hereket bilen düşündirdim.

Indi oňa geplemegi öwredip başladym. Ilki bilen oňa öz adymy öwretdim. Onuň ady Annady, sebäbi ony anna güni halas edipdim we şonuň üçin hem adyny Anna diýip tutdum. Soňra oňa "Hojaýyn", ýagny özüme dakan adymy öwretdim. Şeýle-de, men oňa "hawa" we "ýok" diýmegi, hem-de ol sözleriň manysyny öwretdim.

Oňa geçiň süýdüni we çörek berdim-de, özüm hem iýmek bilen, çöregi nähili iýmegi we süýdi içmegi öwretdim. Ol maňa hereket bilen munuň örän gowudygyny düşündirdi.

Uzak gije ol meniň ýanymda boldy. Ertesi daň atandan soň, oňa yzyma düşmegi üm bilen düşündirdim. Ony öz eşik goýýan ýerime alyp gitmek isledim, sebäbi onuň hiç-hili eşigi ýokdy. Biz iki sany öldüren indeýlerimiziň jesedini gömen ýerimize ýetenimizde Anna saklandy we ol çukurlary gazyp jesetleri çykaryp iýmek isleýänini maňa hereket bilen düşündirdi. Oňa gaharly seredip, birnäçe gezek "Bolmaz!, Bolmaz!" diýip gygyrdym. Ol muňa düşünipdigini üzüm bilen ýoly dowam etdirdi.

Soňra ony öz duşmanlarynyň gidendigini görkezmek üçin gaýanyň depesine çykardym. Men olaryň düşlän ýerine üns bilen seretdim, ýöne ol ýerde olaryň ne gaýygy, ne-de özleri bardy. Olaryň öz ýitiren ýoldaşlaryny gözlemän gidendiklerine göz ýetirip, geň galdym.

Ýöne men entäk doly arkaýynlaşmandym. Arkaýynlaşmak üçin öz täze dostum Annany alyp adany barlamaga başladym. Oňa gylyç we tüpeň berip, biz indeýleriň düşlän ýerine tarap gitdik.

Ol ýerdäki zatlary görüp özümi ýitirdim. Anna bolsa bu zatlara biparh garap durdy. Bu ýer durşy bilen adam süňklerinden doludy. Ol ýerde adam ganynyň doňan yzy, ýarysy iýlen, ýarysy iýilmedik we oda bişirilen adam etiniň bölekleri töwerekde zyňylyp ýatyrdy. Men kelleçanaklaryň, eldir, aýak süňkleriniň çaşyp ýatanyny synlap durdym. Anna hereket bilen indeýleriň eline dört sany ýesiriň düşendigini we olaryň üçüsini indeýleriň iýenini, özüniň bolsa dördünji ýesir bolanyny aýtdy. Annanyň degişli bolan indeý taýpasy bu indeýler bilen söweşipdirler we ýeňilipdirler. Şeýlelikde, olaryň birnäçesini bu indeýler ýesir alypdyrlar. Bu öldürilip iýilen ýesirler bolsa Annanyň taýpadaşlarydy.

Men Anna süňkleri we jeset böleklerini üýşürtdim. Soňra bolsa biz olaryň üstünde ullakan bir ot ýakdyk we olary ýok etdik.

Anna heniz hem adam etini iýesi gelýärdi, ýöne oňa munuň nähili eýmençdigini duýduranymdan soň, ol meniň diýenimi etdi.

Mundan soň yzymyza, galama gaýdyp geldik we Anna deňizçilerimiziň biriniň sandygynda duran balagy çykaryp berdim. Soňra geçiň derisinden oňa telpekdir, penjek geýdirdim. Oňa bu täze eşikler diýseň ýarady.

Ilki başda ol bu eşiklere öwrenişmedi we penjegiň ýeňi geçiniň aýaklarynyň derisi bolansoň gollaryny gysyp agyrdýardy. Ýöne muňa garamazdan ol tiz wagtdan soň eşik geýmäge öwrenişdi. Soňra bolsa özüniň nirede ýatmalydygy barada gyzyklanyp başlady. Ol iki haýatyň aralygynda ýatmak üçin kiçiräjik çadyr gurundy. Onuň girelgesi gowagyma tarap bolansoň, oňa içine açylýan amatly bir gapy ýasadym. Gijesine gapyny içinden ýapyp, merdiwany hem içine salýardym. Mundan soň Anna meniň bolýan ýerime goh-galmagalsyz gelip bilmeýärdi. Şeýle-de agşam düşenden soň, ähli ýaraglary hem ýanyma alýardym, sebäbi men Annanyň adam iýmek isleýäni üçin özümi iýmeginden gorkýardym.

2-3 gün geçenden soň, Annanyň adam iýmek endigini goýdurmak üçin et bermegi makul bildim. Oňa öz sürimden bir ýaş geçini öldürip bermegi

ýüregime düwdüm, ýöne biz sürä tarap barýarkak iki owlajygy bilen duran ene geçä gözüm düşdi. Men Annany sakladym.

Men oňa: “Gymyldaman dur!” diýip ümledim we owlajyklaryň birini atyp öldürdim. Biçäre Anna duşmanynyň nähili öldürilenini bilmänsoň, bu tüpeň sesine sandyrap durdy. Ol atan geçime tarap seretmänsoň, öz penjegini açyp ýaralanan ýerini gözledi. Ony öldürjek bolýandyryn öýdüp dyzyna çöküp ýalbarmaga başlady.

Ony ýerden galdyryp, oňa atan geçimi görkezip, ony alyp gaýtmagy ümledim. Onuň bu uzak aralykdan geçini nähili öldürenime geň galyp duransoň, men ýene-de tüpeňime ok saldym. Az wagt geçenden soň, bagyň üstünde oturan totyguşa gözüm düşdi. Ony Anna görkezip häzir ol ýere gaçar diýip düşündirdim. Soň totyguşy atdym. Anna onuň jansyz ýere gaçanyny görüp geň galdy we öňküsinden hem beter gorkdy. Şondan soň Anna birnäçe günläp tüpeňi eline almady, ýöne şol günden başlap, ol menden özüni öldürmezligimi sorap ýörýärdi.

Ol gorkudan demini dürsän badyna , oňa atyp öldüren guşumy getirmegi tabşyrdym. Garaşyp durkam bolsa Anna görkezmän tüpeňime ok saldym we ýene atmak üçin taýynlandym. Ýöne atara hiç-zat bolmandan soň biz atan geçimiz bilen guşumyzy alyp gaýtdyk.

Geçiniň etiniň birnäçe bölegini gazana salyp, ony gaýnadyp süýji çorba bişirdim. Ondan Anna guýup berdim welin, Anna muňa gaty begendi.

Ol çorba duz atyp iýip oturanymy halamaýan ýaly gaşyny çytyp seretdi-de suw bilen agzyny çaýkap çorbany iýmegini bes etdi. Men hem çemçesiz boş elim bilen bir bölek çig eti alyp, halamaýan ýaly gaşymy çytyp, ony duzsyz iýip bilmeýänimi görkezdim.

Ol köp wagtlap duzly nahar iýip bilmedi, soň-soňlar hem onuň naharyna duzy az atyp bermeli bolýardym.

Şol günüň ertesi oňa eti has köp bermegi ýüregime düwdüm. Men et böleklerini ýüpe düzüp oda bişirdim. Anna etiň tagamyny halaýanyny we indi adam etini hiç wagt iýmejekdigini hereket bilen düşündirdi. Bu bolsa meni begendirdi.

Indiki gün bolsa oňa çörek bişirmek üçin hamyr taýarlamagy öwretdim. Şondan soň ol çörek bisirmäge kömekleşip başlady. Anna basym meniň ähli başarýan işlerimiň hemmesini öwrendi.

Häzir men iki sany çözgüdiň arasyndadym, ýöne ahyrynda köp däne ekmegi dogry hasapladym. Ullakan bir ýeri ölçedim we Anna bilen işläp

başladym. Ol bu ýerde näme ekjekdigimizi bileninden soň has hem höweslenip işleýärdi.

Anna hakda pikirlenip, onuň ýaly ynsany tapmak aňsat däldir diýen netijä geldim. Ol çaganyň öz kakasynyň yzyna düşüşi ýaly yzymdan galmaýardy. Hatda ol meniň üçin janyny bermäge hem taýyndy.

Men oňa geplemegi we diýen zatlaryma düşünmegi öwretdim. Ol dünýädäki ähli dil öwrenýänleriň içinde mugallymyň öwredenini bir gezekde gaýtalatman alýan okuwçydy. Özüniň elmydam mylaýym ýylgyryşy we zähmet söýýänligi bilen özüni aldyrypdy. Biz indi bir-birimize gowy düşünýärdik.

Eger beýleki indeýlerden howatyr etmeýän bolsam, onda adany taşlap gitmegi pikirime-de getirmezdim. Sebäbi bu durmuş adada geçiren ýyllarymyň içinde iň gowusydy.

Anna indi aýdanlaryma doly düşünip, gowy geplemegi öwrendi. Birnäçe ýyllap gürleşmäne adam tapman gezenimden soň, kimdir biri bilen gürleşmek diýseň ýakymlydy. Men gün geçdigiçe Annany gowy görýärdim we ol hem ýüregi bilen maňa ynanýardy.

Onuň öz taýpasynyň arasyna dolanasy gelýärmikä diýip pikir etdim. Haçanda ol muňa jogap bermäge ýeterlikli iňlisçe gepläp başlandan soň ondan: "Siziň taýpaňyzyň adamlary mydama ýeňýärdilermi?" diýip soradym. Ol ýylgyrdy we: "Hawa, biz mydama ýeňýärdik" diýip jogap berdi.

– Eger siz elmydama ýeňýän bolsaňyz, onda sen nädip ýesir düşdüň? – diýip, Anna ýene sorag berdim.

– Hawa, biziň taýpamyz köplenç ýeňýärdi, ýöne şol gezek biz bu indeýlerden ýeňildik we olar biziň dördümizi ýesir aldylar.

– Ýöne näme üçin siziň adamlaryňyz seni we beýleki ýesirleri yzyna almadylar? – diýip, men ýene oňa sorag berdim.

– Duşmanlar bizi gaýyga mündürip alyp gaçdylar, meniň taýpadaşlarymda bolsa şol wagt taýyn gaýyk ýokdy.

– Anna, siziň adamlaryňyz ýesir alan adamlaryny näme edýärler? Olar hem edil şu indeýleriň sizi edişi ýaly daşyna alyp gaçyp iýýärlermi?

– Hawa, taýpadaşlarym hem adam etini iýýärler.

– Olar ony nireden alýarlar?

– Käwagtlar şu ýerlerden, käwagtlar bolsa başga adalardan.

– Sen hem olar bilen şu ýerlerik gelip gördüňmi? – diýip, men Annadan soradym. Ol:

– Hawa – diýip, geçen gezekki indeýleriň düşlän ýeri bolan adanyň demirgazyk-günbatar tarapyny görkezdi. Soňra bir gezek ol ýere gelip 12 sany adam, iki aýal we on çagany iýenlerini gürrüň berdi. Ol 12 sany iňlisçe aýdyp bilmänsoň, ony barmaklary bilen görkezdi.

Soňra men ondan: – Ol ýer adamdan, ýagny indeýleriň ýaşaýan ýeri bolan esasy ada çenli nähili aralykda we olaryň arasyny kesip geçmek howplumy? – diýip soradym.

– Ýok, gaty daş däl, ol ýerde hiç hili howp ýok, biz hiç-wagt gaýygy kowalamaýarys, sebäbi akym ol ýerden daşrak we şemal öwüsýär, akym irden bir ýol bilen aksa, öýlän başga ýola üýtgäp bilýär – diýip ol jogap berdi.

Men bu üýtgemelere akym gelip, gidýändir diýip düşündim, ýöne görüp otursam bu deňiz ýolunyň üýtgemesi Orinoko derýasynyň täsiri zerarly şeýle ekeni. Ýaşap oturan adam onuň edil giň agzynda ýerleşip, günbatarda we demirgazyk-günbatarda görýän meýdanym beýik Trinidad adasy bolup çykdy.

Annadan bu ýurdyň adamlary, kenary, deňzi we golaýda ýaşaýan adamlar barada müňlerçe maglumat aldym. Ol başardygyndan dogry we açyk aýdyp bermäge synanyşýardy. Onuň aýtmagyna görä özi we taýpadaşlary, şeýle-de goňşulary Sarib adamlaryna degişlidiler. Ol aýyň aňyrsynda (men muňa günbatary aňladýar diýip çak etdim) maňa meňzeş ak adamlar ýaşaýar diýip aýdyp berdi. Olar bu ýerik gelip köp adamlary öldüripdirler. Men Anna ispanlar barada aýdýarmyka diýip çak etdim, sebäbi olar bu ýerlerik ir wagtda gelipdiler, ýöne olaryň zalymlygy bularyň ýadyndan heniz hem çykmandyr.

– Anna, men siziň ýurduňyza şu ýerden hähili baryp bilerin? – diýip men soradym.

Ol maňa : – Ullakan gaýykda – diýip jogap berdi. Şol günden başlap bu ýerden Annanyň kömegi bilen bir gün gidip biljegim gyzyklandyryp başlady.

## *XIV bap*

## *PARAHATÇYLYK WE BAGT*

Annanyň maňa kömek etjegini ýa-da etmejegini bilmeýärdim, ýöne elbetde ol kömek eder diýip pikir edýärdim. Öz-öýümi şu wagt adada geçiren döwrümden ilkinji gezek şeýle gowy gördüm.

Bu üç ýylyň dowamynda Anna bilen parahat we bagtly ýaşadyk.

Haçanda Anna bilen biri-birimizi gowy tananymyzdan soň, öz başdan geçiren wakalarymy oňa başardygymça gürrüň berdim. Oňa tüpeňe okdurdärini salmagy we ondan atmagy öwretdim. Haçanda oňa pyçak asylgy guşagy we kiçiräk paltany berenimde ol gaty begendi.

Oňa Ýewropa, esasanam, öz ýurdum Angliýa barada gürrüň berdim. Şeýle-de oňa öž ýaşaýşymyz we näme bilen meşgullanýanymyz barada aýdyp berdim. Oňa biziň gämilerimiziň ýüzüşi barasynda, meniň bu ada nähili düşendigim, meni bu ýere getiren gäminiň heläkçilige uçrandygy barada gürrüň berdim we onuň galan böleklerini hem görkezdim. Soňra biziň gaýyga münüp bu ýerden gitjek bolup synanşygymyzyň başa barmandygy barada hem aýtdym. Şeýle-de bu ýerden ýüzüp gitjek bolşumyzy hem aýdyp berdim. Häzir gaýyk, elbetde, çagşapdy. Anna bu gaýyga seredip biraz eglenenden soň:

– Munuň ýaly gaýygy öň öz taýpamyzyň ýanynda hem gördüm – diýdi.

Men muňa ilki bilen düşünmedim, ýöne ahyrynda gaýygyň olaryň kenaryna gelendigini aklyma aýladym. Elbetde, ony tupan ýa-da güýçli şemal ol ýerleriň kenaryna oklandyr.

Anna gämini suratlandyrdy we: – Biz çekilen suratdaky adamlaryň keşbini ýygnap goýduk – diýdi. Men gaýygyň heläkçilige uçran gämidendigine düşündim.

– Näçe sany ak adam – diýip, men soradym .

– Gaýyk doludy – diýip, ol barmaklary bilen 17 sany görkezdi.

Men ondan – Ýene näme boldy? – diýip soradym.

– Olar biziň adamlarymyz bilen ýaşadylar – diýip, ol jogap berdi.

Bu sözler meni pikirlendirdi. Ol adamlar meniň bilen şol gije heläkçilige uçran adamlardan bolaýmasyn diýip göz öňüme getirdim.

– Bu waka haçan boldy? – diýip, men Annadan soradym.

– Eýýäm dört ýyl töweregi wagt geçdi – diýip, jogap berdi.

– Näme üçin siziň adamlaryňyz olary iýmediler? – diýip soradym.

– Biz diňe söweşde ýeňen adamlarymyzy iýýäris. Biz ak adamlara iýmit berýärdik, olar men ýesir düşemde-de biziňkileriň arasynda ýaşaýardylar – diýip, ol düşündirdi.

Mundan soň Anna bilen käwagtlar gaýaň depesine çykyp deňzi synlap durýardyk. Bir gün deňiz asuda bolansoň biz esasy adany gördük. Anna begenjinden ýaňa duran ýerinden bökmäge durdy:

– Anna, saňa näme boldy – diýip men soradym.

– Men öz ýurdumy gördüm – diýip ol gygyrdy. Onuň begenjini görüp, ol meni mümkinçilik bolsa iýer diýip nädip pikir edip bildimkäm. Onuň meni gowy görýändigi görnüp dur ahyryn.

Men oňa müňkür bolanyma ökündim. Nähili bolsa-da mende oňa bolan biraz müňkürlik bardy, ýone ol ony hiç duýmaýardy. Bir gün men ondan:

– Seniň öz ýurduňa gaýdasyň gelýärmi? – diýip soradym.

– Hawa, elbetde, isleýärin – diýip ol jogap berdi.

– Soň sen näme işlärsiň, sen ýene öňkiň ýaly adam iýermiň? – diýip men soradym.

– Ýok, ýok men olara arpa çöregini iýiň, geçi etini iýiň we agzybir ýaşaň diýip aýdaryn.

Men oňa: – Onsoň olar seni öldürmezlermi? – diýdim.

Ol biraz agraslaşyp: – Ýok, olar meni iýmezler, olar öwrenerler – diýdi-de: – Gaýykda gelen sakgally ak adamlar olara başga-da köp zatlary öwretdiler – diýip ýene sözüniň üstüni ýetirdi.

– Sen yzyňa dolanmak isleýärmiň? – diýip, men ondan yene-de soradym.

Ol ýylgyrdy-da: – Men oň ýaly daş aralyga ýüzüp bilmeýärin – diýip jogap berdi.

– Men saňa gaýyk ýasap bererin – diýdim.

– Eger sen hem meniň bilen gitseň – diýip, ol jogap berdi.

Men oňa – Olar meni iýerler, men seniň bilen gidip bilmerin – diýdim.

– Ýok, ýok, sen meni halas etdiň ahyry, men hem olaryň seni gowy görmeklerini gazanaryn – diýdi. Mundan soň öz adamlarynyň gämileri döwülip heläkçilige uçran 17 sany ak adamlara nähili mylakatly bolandyklary barada gürrüň berdi.

Şol pursatdan başlap meni esasy ada baryp, heläkçilik çeken deňizçilere goşulmak baradaky pikir öz erkime goýmady. Eger esasy adadan 40 milýa daşlykda ýerleşýän şu adadan gidip bilsem, ol deňizçiler bilen ol kenarlardan hem gidip bilerin diýip ynanýardym. Birnäçe gün geçenden soň, öz kiçiräk gaýygymy gizläp goýan ýerimden getirip Anna görkezdim we biz bilelikde ony bejermäge başladyk.

Ol gaýyga seredip: – Bu örän kiçi, biz munda uzaga ýüzüp bilmeris – diýdi.

Soň ony özümiň birinji ýasan gaýygymyň duran ýerine eltdim. Ol gaty uly bolansoň suwa tarap itekläp bilmändim. Ýöne oňa hiç gözegçilik hem etmändim. Üstünden 12 ýyl geçensoň ony gün guradypdyr, indi ondan peýda ýokdy. Şeýle-de bolsa bu Annanyň diýýän gaýygydy.

Men oňa: – Indi biz şuňa meňzeş gaýygy ýasarys, men saňa ýurduňa dolanmaga kömek ederin – diýdim.

Anna birden gaýga batdy. Men ondan: – Saňa näme bolýar? – diýip soranymda ol: – Sen näme üçin maňa gaharlanýarsyň? Men saňa näme etdim? – diýdi.

– Sen näme üçin beý diýýärsiň, men saňa gaharlanamok.

–Ýok, sen gaharlanýarsyň, sen näme üçin meni öz ýurduma ugradasyň gelýär?

– Sebäbi sen öýe dolanasym gelýär diýdiň ahyryn, şeýle dälmi? – diýip men tassykladym.

– Hawa, dogry, ýöne sen meniň bilen gitmeseň, men hem bu ýerde galjak.

– Ýöne men ol yerde näme işlärin? – diýip, men ýene ondan soradym.

– Köp zat, sen olara bu durmuşda täzeçe ýäşamagy öwredip bilersiň – diýdi.

– Ýok, Anna, men ony başarmaryn, sen yzyňa mensiz dolanmaly bolarsyň, meni öňkim ýaly bu adada goýup git.

Ol bilindäki guşakdan pyçagy çykaryp maňa uzatdy.

– Men muny näme edeýin? – diýip, men gyzaryldym.

– Meni öldür, Annany öldür, ýöne Annany yzyna ýeke iberme – diýip, ol gygyrdy. Onuň gözlerinden ýaş döküldi. Ony köşeşdirip ýeke yzyna göýbermejekdigime söz berdim we onuň bilen adada ýaşamagy dowam etdirdim. Ýöne heniz hem esasy ada ýüzmek pikirinden dänemokdym, we ol 17 sany deňizçileri tapmagyň arzuwyndadym. Şeýlelikde Annanyň kömegi bilen ullakan gaýygy ýasamaga girişdim. Men Anna agaçlary saýlamaga rugsat berdim, sebäbi ol bu ýeriň agaçlaryna menden has beletdi. Biz agaçlary çapyp aşak ýykanymyzdan soň, olaryň içini köwüp boşadýardyk. Bir aý agyr zähmetden soň biz ony gutardyk.

Biz ony ullakan kürekler bilen küreklӓp, suwda ýüzmäge taýýarlaýançak eýýäm iki hepde geçdi. Anna gaýyga mündi we ony küreklӓp gördi. Men onuň muny erjellik bilen başarşyna syn edip durdym.

– Gämi ýüzermi? – diýip men ondan soradym.

– Hawa, elbetde, ýüzer, hatda güýçli ýelde hem ýüzer – diýdi.

Men 26 ýyllap saklan gämimiň ýelkenlerini barlaşdyrdym we iki sany ullakan bitin bölegini tapyp, ony öz gaýygymyza dakdym. Soňra ugry görkezer ýaly gaýyga rul dakdym. Ruldyr, ýelkeni gaýyga dakmaklyk biziň köp wagtymyzy aldy, ýöne hernä bu işler gutardy. Anna gaýygy örän gowy

kürekleýärdi, ýöne ol entek ýelkenleri ulanyp görmändi. Haçanda men oňa ýelkenli ýüzmegi görkezemde ol haýran galdy. Hemäme bolsa-da, oňa ýelkenleri işledip ýüzmegi öwretdim we meniň pikirimçe ondan oňat deňizçi çykardy.

## *XV bap*

## *ÇOZUŞ*

Ynha meniň adadaky durmuşym indi 27-nji ýyldan alyp ugrady we Anna meniň bilen üç ýyl bäri biledi.

Men adada yene bir ýyl geçirerin diýip umyt edýärdim. Herniçik-de bolsa ýeri ekmämi, agdarmamy, geçi sagmamy we ir-iýmişleri ýygnamamy öňkim ýaly dowam etdim.

Basym ýagyş möwsümi hem geldi. Täze gaýygymyzy ilki sallarymy getirip goýan ýerim bolan kiçiräk yerde goýduk. Soňra onuň üstüni ýagyş diňýänçä ýapyp goýdum.

Ýagyş diňenden soň, syýahat üçin ýeterlikli iýmit taýýarlap başladym. Annany bolsa ýumurtga üçin suw pyşdyllaryny tutmaga iberdim.

Ol yzyna aljyraňly ýagdaýda basym dolanyp geldi.

– Hojaýyn, ol ýerde bize gorkunç howp abanýar! – diýip gygyrdy.

– Anna, ol ýerde näme boldy? – diýip, men ondan soradym.

– Ol ýerde üç sany ullakan gaýyk bar – diýip, ol ellerini uzadyp görkezdi.

– Onda bu gowy ahyryn, Anna, gorkma – diýip, men ony köşeşdirdim.Ýöne Anna olar özüni iýmäge gelendir diýip, gorkudan ýaňa sandyrap durdy.

– Biz olar bilen söweş gurarys, Anna, sen näme uruşmagy başaraňokmy? – diýip, men ondan ruhlandyryjy äheňde soradym. Ol: – Elbetde, men atyp bilýärin, ýöne olar köplük ahyryn – diýip, Anna maňa jogap berdi.

– Ýaraglarymyz bilen olary ýeňeris – diýip, oňa rom içirdim, soňra içini okdan dolduryp, oňa iki sany tüpeň berdim. Ol dört sany ýaragy alyp, olary okdan doldurdy. Şeýle hem meniň beren gylyjymy guşagyndan asdy.

Bu zatlara taýýarlyk görenimden soňra, men baýyrlyga çykdym. Ol ýerde ýigrimi bir sany indeýleri, üç sany ýesirleri we üç sany gaýyk gördüm. Olar şol ýesirleri iýmäge taýýarlanýanlara meňzeýärdiler.

Olaryň öňki ýerlerinde däl-de eýsem meniň kiçijik derýamyň gyrasynda

düşländiklerini gördüm. Deryanyň akymy şeýle pesdi, we gür tokaýlyk bolsa onuň üstüne abanyp durdy. Bu waka hem-de olaryň özlerini alyp barşyndan ýaňa gorkym Annanyň ýanyna yzyma gaýtmaga hem-de ondan indeýleriň garşysyna göreşmäge kömek soramaga meni mejbur etdi.

Onuň gorkusy uzaga çekmedi, rom içgisi oňa özüni batyrrak duýmaga kömek etdi. Soň ol meniň üçin janyny hem gaýgyrmajagyny aýtdy. Seýlelikde ýaraglarymyzy alyp ýola düşdük. Men içi romly gutujygy jübime atdym-da, Anna bolsa içi däriden doly haltany uzatdym.

Men Anna: – Yzymdan galma, we tä men aýdýançam bir ok hem ataýma – diýdim.

Ýol ugry bolsa öz eden işime ökünip ugradym. Ýok, bu gorkýanym sebäpli däldi, sebäbi meniň ýaragym bardy, olarda bolsa ýokdy. Ýöne maňa hiç-haçan hiç-hili ýamanlyk etmedik adamlary öldürmäge nähili hakym bar diýip oýlandym. Seýlelikde, ilki bilen olaryň ýakynragyna bararyn-da, olara daşyndan ýöne gözegçilik ederin diýen netijä geldim.

Yzymdan galman gelýän Anna bilen tokaýa girdik. Az wagtdan tokaýyň çykalgasynda indeýleriň ýakynragyna geldik. Ýuwaşlyk bilen Annany çagyryp, oňa uly agajy görkezdim: – Anna, sen şol agajy görýärmiň, şo ýere barda olaryň näme edýändiklerini synla, soňra maňa habar ber – diýdim.

Ol meniň aýdyşym ýaly etdi we derrew yzyna dolandy. –Men olary açyk gördüm. Olar bir tussaglyny iýip otyrdylar. Beýlekisi bolsa biraz aňyrrakda eli-aýagy daňylgy gumuň üstünde ýatyrdy, ýöne ol şol ýesirleriň biri däldi, gämidäki sakgally adamlaryň biridi – diýdi.

Men muny eşidenimden gaty gaharym geldi. Agajyň aşagyna baranymda ol ýerde ýatanyň hakykatdanam ýewropa eşiginde, eli-aýagy daňylgy ak adamdygyny aýdyň gördüm.

Ol ýerde indeýleriň 50 ýard aňyrsynda başga bir tokaýlyrak ýer bardy. Men olaryň arasyndan geçip, olary nyşana alyp bolaýjak aralyga bardym. Wagtymy ýitirmeli däldim, sebäbi indeýler eýýäm ýesirleriň ikisini öldürmäge alyp barýardylar. Annany öz ýanyma çagyryp, oňa: – Häzir bolsa aýdyşym ýaly et – diýdim.

– Elimden gelenini gaýgyrmaryn – diýip, Anna aýtdy. – Onda at – diýip gygyrdym we biz bilelikde ot goýberdik .Bilelikde biz iki indeýi öldürdik we ýaraglarymyzy däriden doldurdyk-da, ýene-de birini öldürdik we ýaraladyk. Bu ýagdaýdan soň indeýler bizden nähili gorkandyklaryny bir göz önüne getirip görüň! Ýaralanman galanlaryň hemmesi aýak üstüne

galdylar-da, daş-töwereklerine göz gezdirdiler. Olar oklaryň haýsy tarapdan gelýändigini aňşyryp bilmänsoňlar, nirä gaçjaklaryny hem bilmediler. Men däriden doly ýaragymy elime aldym. Anna hem öz ýaragyny aldy we biz bilelikde olaryň birnäçesini ýaraladyk. Olar edil däliler ýaly iki-baka ylgaşýardylar.

– Indi bolsa, Anna – diýip, däriden doly beýleki ýaragymy elime aldym-da: – Yzyma düş – diýip oňa aýtdym. Ol diýşim ýaly yzyma düşdi. Annany yzyma düşürip tokaýdan ot goýberip bat bilen çykdyk. Aýak üstünde saklanyp bilýän hemme indeýler öz naýzalaryny almaga ylgadylar.

Anna ylgap barşyna atyp olaryň ökjesine düşdi. Men kisämden pyçagymy çykardym-da, eli-aýagy daňylgy ýesiri boşatdym. Ony dik oturtdym-da, Portugal dilinde onyň kimdigini soradym.

Ol latynça "KRISTIANUS" diýip jogap berdi. Ol şeýle bir ysgynsyz we ýarawsyz bolanlygy sebäpli aýak üstünde durmaga hem-de gürlemäge haly ýokdy. Men kisämden romly çüýşäni çykaryp oňa hödürledim.

Ol romy içdi. Mundan başga-da oňa garbanar ýaly bir bölek çörek uzatdym. Ol sag bolsun aýdýan ýaly çala başyny atdy.

Anna bolsa kiçijik aý paltasy bilen olaryň yzyndan kowalamaga başlady. Şol barşyna ol öň ýaralananlaryň üçüsini öldürdi. Spanfard ýaragyna däri guýmak üçin ýanyma gelende, men oňa därili ýaragymy berdim. Ol ýene-de indeýleriň iki sanysyny öldürdi. Olaryň köp bölegi gaçyp gutuldy. Anna olaryň biriniň yzyndan ýetdi we öldürdi. Beýlekisi bolsa gaty çalasyn eken. Ol gaýykda galanlaryň ýanyna ýetende olar birden gözden gaýyp boldular.

Bar bolan 21 indeýden diňe şol gaýykda bolan dördüsi elden sypdy. Olar şeýle çalasyn gaçypdyrlar welin, olaryň birini hem tutup bilmedik.

– Olaryň gaýyklarynyň birini alaly-da, yzyndan kowaly – diýip, Anna ýalbardy. Men onuň bilen razylaşdym, onsoňam olar yzyna iki ýüz ýada üç ýüz adam bolup gelmekleri gaty ähtimaldy. Şol sebäpdenem özümi gaýyga okladym-da, Anna hem yzyma düşmegi buýurdym.

Ýöne men gaýykda gorkudan ýaňa jany çykyp oturan eli-aýagy daňylgy ýatan bir bendäni gördüm. Men onuň ýüplerini kesişdirdim, ýöne onuň hem aýak üstünde durmaga ysgyny ýokdy.

Haçanda Anna ýanymyza gelende oňa ýesir bilen gürleşmegi we onuň azatdygyny aýtmagy buýurdym.

– Ynha, al – diýip, men oňa çüýşäni uzatdym-da: – Oňa içmäge rom ber – diýdim.

Rom oňa özüne gelmäge kömek etdi we ol ýerinden galdy. Anna bu ýagdaýy görüp, begenjinden ýaňa gözlerini ýaşdan dolduryp, ony gujaklap, ogşady. Soňra Anna edil aklyndan azaşan adam ýaly bökmäge we tans etmäge başlady. Ep-esli wagtlap ol hiç zat geplemedi. Ahyrynda özüne gelip, şol ýesiriň öz kakasydygyny aýtdy.

Hatda ondan çykýan sözler hem Annanyň kakasyny tapandygyna begenjini beýan edýädi. Bu waka indeýleri kowalamak pikirini ýok etdi, onsoňam olaryň gaýygy hem bir eýýäm gözden ýitirim bolupdy. Az wagt geçenden soň bolsa, olaryň yzyndan gitmedigimize hem gaty begendik, sebäbi deňizde apy-tupan turdy, bu bolsa hemmämiziň heläkçilige uçramagymyza getirerdi.

Az salymdan Anna bilen halas bolan iki adama iýer ýaly birneme çörek we kişmiş berdik. Soňra Anna köpräk iýmit we suw getirmek üçin öýe gitdi. Olar gowy nahar edinenden soňra, Spanfardan ony öýe alyp gitmäge rugsat soradym. Halas bolan iki adamyny galamyza alyp gitdik-de, indiki etjek işlerimiz barada oýlandyk.

Ýüpler olaryň aýaklaryny kertendikleri sebäpli, olar galamyň basgançagyndan ýokaryk galyp bilmediler.

Anna bilen gämiden galan köne ýelkenlerden we agajyň şahalaryndan galamyzyň düýbünde, agaçlaryň arasynda gowy çadyr dikdik.

Iki adamyny ýerleşdirenimizden soň, men Anna sürimden bir ýaşajyk geçini alyp öldürmegi teklip etdim. Biz ony azajyk bugdaý bilen gazanda garyp bişirdik-de desterhanymyzy täze guran çadyrymyzyň ýanynda ýaýratdyk. Şol ýerde biz üýşüp naharlandyk. Spanfarda hem indeýleriň dili has ýakynrak bolansoň Anna meniň, Spanfardyň hem-de öz kakasynyň arasynda terjimeçi boldy.

Oňat nahar edinenimizden soň, Annany ýene-de ýaraglary getirmek üçin söweş meýdanyna iberdim. Ertesi ol ölen indeýleri we iýilen ýesirlerden galanyny jaýlady. Ol bu işi şeýle bir oňat ýerine ýetirenligi sebäpli, men wakanyň dogry bolup geçen ýerini hem doly aýdyp biljek däldim.

Bu zatlardan soň men şol iki adam bilen gürrüňe başladym. Ilki bilen Annanyň kakasyndan gaýykda gaçyp giden indeýler barada gürrüň bermegi soradym.

– Olar yzyna adam üýşürip gelerlermi? – diýip, men ondan soradym.

Annanyň kakasy bolsa, gaçyp giden indeýler deňizdäki apy-tupandan gaçyp gutulan däldirler diýip, öz pikirini beýan etdi. Ol olar ýa-ha gark bolandyrlar ýa-da tolkun olary haýsam bolsa bir kenara zyňandyr diýip

ynanýardy.

– Eger-de olar hiç-hili heläkçiliksiz yzlaryna, öýlerine dolanan bolsalar näme? – diýip, men soradym. Ol belli bir zat diýip bilmedi. Ýöne ol olaryň gaty gorkandygyny aýtdy. Eger-de olar yzlaryna dolanyp baraýanlaryndada öz adamlaryna üstüne çozuş eden ynsan däl-de ýyldyrym bolaýmasa, we meniň bilen Annany bolsa ýaraglarymyz bilen asmandan ot getiren hudaýa meňzedip, gürrüň berjekdigi barada aýtdy.

– Seniň kakaň munuň beýle boljakdygyny nireden bilýär? – diýip, men Annadan soradym.

Anna soragy terjime etdi.

– Men olaryň şeýle gürrüň edendiklerini eşitdim – diýip, garry goja Annanyň üsti bilen jogap berdi. Onuň indeýler yzyna gelmezler diýen pikiri meger dogry bolup çykaýsady-da.

Bu barada hiç zat bilmämsoň, olar bizi ýene-de görmäge geler diýen pikir meniň kellämden hiç çykmady. Muňa seretmezden biz indi dörtdük we hemmämiziň ýanymyzda ýaragymyz bardy. Bu zatlar ýadyma düsenden soň, men pikir etmämi azaltdym we esasy ada gitmek baradaky pikirimi dowam etdirdim.

Men bu barada Spanfard bilen gürleşdim. Ol maňa esasy adada ýene-de on alty sany ak adam ýerli ilat bilen agzybirlikde, ýöne ýeter-ýetmez günde ýaşaýandyklaryny aýtdy. Olaryň gämisi Gawaýa haýwanlaryň derisini we kümüş alyp barýarkalar heläkçilige uçrapdyr.

Olaryň ýaraglary bardy, ýöne hemme därileri çyglanandygy sebäpli ýaraglaryny ulanyp bilmediler. Olar bu ýerden gitmek üçin telim gezek synanyşdylar. Ýöne olaryň ne-hä gaýyklary bardy, ne-de ony gurmaga gurallary bardy. Şonuň üçin olaryň eden hemme synanyşyklary gözýaş bilen gutarýardy.

– Sen meniň bilen şu ýerden gaçyp gidesiň gelýärmi? – diýip, men ondan soradym. – Ýöne men sen we seniň ýoldaşlaryň maňa garşy gitmejeklerini hökman bilmelidirin. Şol Ispaniýadan bolan adamyny edişleri ýaly indeýler meni hem diriligime iýip bilerler. Ýöne hemmämiz päk ýürekli bolup bilelikde güýjümizi gaýgyrman zähmet çeksek, onda yzymyza Braziliýa dolanmak üçin ullakan gämini ýasap bileris.

Ol muňa begenip ynançly jogap berdi..Olar bu ýagdaýda özlerine kömek edip biljek adama hiç-hili iki ýüzlik edip bilmezdiler. Saýlan islendik hristiýan ýurduma gider ýaly edip ol beýlekileri hem öz tarapyna geçirip biljekdi.

– Maňa gezek galsa – diýip, ol: – Men seniň üçin iň sonky damja ganyma çenli söweşjekdigime söz berýärin, hatda öz adamlarymyň garşysyna gitmäge hem taýýar – diýdi.

Ilki bilen men Spanfardy we Annanyň kakasyny beýlekiler bilen gürleşmäge ibermekçidim. Emma Spanfard öran oňat pikiri orta atdy.

– Elbetde, sende häzir biziň dördümizi eklemek üçin ýeterlikli bugdaýyň bar, ýöne meniň watandaşlaryma bermek hem-de gämini doldurmak üçin ýeterlik bugdaýyň ýok ahyryn. Biz ýerleri täzeden bejerip, köpräk bugdaý ekmeli – diýip, ol aýtdy.

Şeýlelikde biz alty aýdan gowy hasyl almak üçin bugdaý ekdik. Şondan soň men birnäçe berk agaçlary saýladym we biz bilelikde gämini ýasamaga girişdik. Sürime goşmak üçin ýene-de ýigrimi sany ýaşajyk geçileri tutdym. Şol günler üzüm ýygnalýan wagtdy. Biz birnäçe gutulary üzümden dolduryp goýduk.

## *XVI bap*

## *IŇLIS GÄMISI*

Tiz wagtdan hasyl ýygnamaly wagt hem gelip ýetdi we biz ýygnan bugdaýymyzy bir gaba salmak üçin sebet ýasandyk. Spanfard bu işde özüni hasam gowy görkezdi.

Beýlekiler we özümiz üçin ýeterlikli iýmit ýygnanymyzdan soň, men Spanfardy ýoldaşlarynyň yzyndan iberdim.

– Diňe meniň diýenimi etjekdiklerine we maňa wepaly boljakdyklaryna söz berseler, olary alyp gaýt – diýip, men oňa aýtdym. Spanfard Annanyň kakasy bilen indeýleriň galdyryp giden gaýyklaryna münüp ýola düşdüler. Diňe zerurlyk çykanda atmagy tabşyryp, men olaryň her birine därisi bilen tüpeň berdim. Olara hem olaryň ýoldaşlaryna ýene-de birnäçe gün saklanar ýaly ýeterlikli çörek we içmäge suw berdim. Olaryň syýahatlarynyň gowy geçmegini arzuwlap, olary ugratdym.

– Men sendigiňi biler ýaly yzyňa gaýdyp gelýärkäň, şu köýnegi ýokardan asyp goý – diýip, oňa tabşyrdym. Olar razy bolup, gaýyklary bilen deňze çykdylar.

Gidenlerine eýýäm sekiz gün bolsa-da, olardan hiç-hili habar-hatyr ýokdy. Soňra garaşylmadyk waka boldy. Bir gün daň bilen ukudan açylyp bilmän durkam, niredendir bir ýerden Anna ylgap geldi-de: – Hojaýyn, hojaýyn,

olar geldiler – diýip habar berdi.

Men asla hiç-hili erbetlik hakda pikir etmän, aşak böküp düşdim-de, ýaragymy hem alman, kenara ylgap gitdim. Deňizde kiçijik ýelkenli uly gaýyga gözüm düşdi we men bu ýagdaýa gaty geň galdym.

– Anna, sen aňyrrakda dur-da olara görünme, olar biziň garaşýan adamlarymyz däl. Biz olaryň parahatçylykly ýa-da duşmançylykly gelendiklerini bilmeli – diýip, men Anna aýtdym.

Soňra deňze has aňyrrak göz gezdiremde, kenardan birnäçe milýa daşlykda iňlis gämisini görüp begenjimden ýaňa tas uçupdym. Men gäminiň iňlis gämisidigini görsem-de howatyrlygy elden bermedim. Hemme zada taýýardym. Ilki bilen kellä gelen pikir: ýeriň bu çüňküne Iňlis gämisini getiren zat nämekä? Akyly ýerinde bolan iňlis adamsy bu ýerlere gelmezdi. Ony bu ýerlere zyňar ýaly üýtgeşik bir tupan hem turmady ahyryn. Eger-de olar iňlisler bolsa onda ýa-ha ogrular ýa-da galtamanlar bolmaly. Galtamanlaryň ýa-da ganhorlaryň eline düşenimden gowusy, şu günüm bilen oňaýyn. Gämi kenara ýakynlady, olar meniň bäş ädim aňyr ýanymda düşlediler, emma meniň kenardaky gizlin jaýymy welin görmediler. Eger-de olar çeşmämiň gözbaşyny tapyp bilseler, onda öýümiň daşky gapysyna golaýlap bilerdiler.

Şol gaýykdan on bir adam kenara düşende men olaryň iňlislerdigine anyk göz ýetirdim. Olar ýesirlere meňzemeýärdi, sebäbi olaryň elleri daňylgy däldi.

Gelenleriň arasynda üç sanagy beýlekilerden günälerini geçmeklerini sorap durdylar. Bu ýagdaýy gören Anna: – Waý, hojaýyn, serediň, iňlisler hem özleriniň ýesirlerini iýýär ekeni – diýdi.

– Ýok, ýok, Anna, adamlar olary öldürip bilerler, ýöne asla iýmezler – diýip, sözümi dowam etdirdim. Ispan dostumy şeýle göresim gelensoň, men ýesirleri nädip halas edip bolarka diýip pikir etdim. Az wagtdan olaryň ikiden- üçden bölünip, daş-töweregi barlamaga gidýändiklerini gördüm. Olar ýesirleri bolsa şol oturan ýerlerinde goýup gitdiler.

Gaýyk kenara suwuň akymy ýokaryk galanda gelipdi. Häzir bolsa suwyň akymy pese düşüp olaryň gaýygy çägede galdy. Deňizçileriň ikisi gaýykda galypdy. Men muny agşam ýatmazdan öň köpräk rom içenim sebäpli, ilki bada aňşyrmandyryn. Olaryň biri ýatan ýerinden oýanyp, beýlekileri kömege çagyryp gygyrmaga durdy. Ýöne çäge şeýle ýumşak bolany sebäplimi ýa-da gaýyk şeýle agyr bolany sebäplimi olar ony suwa çekip bilmediler.

Şeýlelikde, olar gaýygy duran ýerinde taşladylar. Men olaryň biriniň: „Goý, taşlasana, indiki akymda özi hem süýşer‘ diýenini eşitdim. Soňra olar ýesirleri hem alyp, ýene-de daş-töweregi barlamaga gitdiler.

Men muňa begendim. Sebäbi indiki akymyň diňe on sagatdan geljekdigini bilýärdim. Bu bolsa maňa söweşe ykjam taýýarlanmaga wagt berjekdi.

Özümiň hem-de Annanyň ýaragyny dariden dolduryp söweşe gowy taýýarlandym. Galtamanlaryň hemmesi agaç gözlegine gitdiler we ýadawlygyndan ýaňa aýak üstünde durup bilmänsoňlar, olar bir agajyň aşagynda uka gitdiler. Ýarym milýa daşlykda uly agajyň aşagynda oturan ýesirleriň hem ukusy tutýan bolmaga çemeli. Olara nähili hem bolsa özümi görkezmeli diýen karara geldim.

Galtamanlara görünmän olaryň ýanyragyna bardym. Soňra olara ispança bir zatlar diýip gygyrdym. Olar bu sesi eşidip, geň galyp, şol bada ýerlerinden zöwwe galdylar. Olar meni geçiň derisinde we papakly görüp has hem geň galdylar. Olar hiç zat geplemänsoňlar, özüm birinji bolup iňlis dilinde gürrüňe başladym: – Gaty geň görer ýaly, bu ýerde üýtgeşik bir zat ýok – diýip, men söze başladym: – Meger siz özüňize kömek edip biljek adama duşansyňyz. Görýän welin siz agyr ýagdaýa düşüpsiňiz, size nähili kömek edip bilerin? Siziň kenara gelip düşläniňizi gördüm we olardan sizi bagyşlamaklaryny soranyňyzy eşitdim.

– Sen kim ? Sen näme? – diýip, olaryň biri gözüniň ýaşyny süpürip gürledi.

– Gorkmaň jenap – diýdim. – Men hem siziň ýaly iňlis adamsy. Meniň diňe bir ýoldaşym bar, şeýle-de ýaraglarymyz hem bar. Size nähili kömek edip bileris? Siz bu ýagdaýa nähili düşüp ýörsüňiz?

Ukuda ýatan garakçylara seredip, olaryň biri: – Men gäminiň kapitanydym, ýöne meniň adamlarym meniň garşyma gozgalaň turuzdylar. Häzir bolsa olar meni, kömekçimi we bir ýolagçyny şu adada goýup gitjek bolýarlar – diýdi.

– Düsmanlaryňyzyň ýaraglary barmy? – diýip, men olardan soradym. – Iki sanysy bar – diýip, kapitan jogap berdi: – Olary hem gämide goýdular.

– Ol-a hasam gowy boldy. Indi galanyny maňa goýuň, bir alajyny taparyn. Biz olary öldürelimi ýa-da ýesir edip alalymy? – diýip, men olardan soradym.

– Olaryň içinde diňe iki sanagy erbet – diýip kapitan aýtdy: – Şol ikisine hiç-hili geçirimlilik etmeli däl. Ýöne olaryň galany erbet däl. Eger-de olaryň baştutanyny ýok etsek, onda galany özlerine dolanyp geljeklerine men ynanýaryn.

– Örän gowy, bizi garakçylar eşitmez ýaly we soňky etjek işimiziň planyny gurmak üçin, başga ýere gitsek gowy bordy – diýip aýtdym. Şeýlelikde, biz tokaýyň içine has aňyrraga gitdik.

– Gulak salyň, jenap, ilki bilen siz maňa iki zady söz berip bilersiňizmi?

Birinjiden, meniň adamdakaňyz meniň diýenimden çykmaly dälsiňiz, Ikinjiden, eger-de biz siziň gämiňizi gaýtaryp bersek, onda Angliýa çenli eltmelisiňiz – diýdim.

Kapitan, onuň kömekçisi we ýolagçy şol bada meniň teklibim bilen razylaşdylar. Olaryň her birine därili ýaragy we daşyndan hem birnäçe ok berdim. Şeýlelikde, biz gozgalaňçylar bilen söweşe taýýarlandyk, olaryň arasynda kapitanyň aýdyşyna görä diňe iki sanagy erbet bolansoň, ol galanyny atmaga dözmedi. Biz bu barada maslahatlaşyp otyrkak, gozgalaňçylaryň ikisi oýandy.

– Şol turanlar gozgalaňa başladylarmy? – diýip, men soradym.

– Ýok – diýip, kapitan jogap berdi.

– Bolýar, goý, olar gitsin, ýöne beýlekiler elden sypaýsa, günäkär bolarsyňyz – diýdim.

Ellerine ýaraglaryny alyp, kapitan öz ýoldaşlary bilen gozgalaňçylaryň baştutanyna topuldy. Olaryň biri şol wagt öldi, beýlekisi bolsa ýaralanyp ýatan ýerinden kömek sorady.

– Indi giç. Sen Hudaýyň öňünde ötünç soramaly bolarsyň – diýip, kapitan aýtdy we ony öldürdi. Meniň aňyrdan ylgap, gelenimi görüp, galan gozgalaňçylar hem boýun boldular.

– Men sizi ölümden halas ederin, eger-de siz maňa gämini gaýtaryp berseňiz hem-de ony Ýamaýka alyp gitmegi söz berseňiz. Siz meniň aýdanlarymy etseňiz, onda siziň maňa garşy turuzan gozgalaňyňyzy ýatdan çykararyn. Muny öz kelläňiz bilen etmedigiňizi men bilýärin – diýdi.

Deňizçiler söz berseler-de men kapitana olaryň ellerini we aýaklaryny daňmagy buýurdym. Soňra Annany we kapitanyň kömekçisini gaýygyň küreklerini we ýelkenlerini aýyryp, daňyp gaýtmak üçin kenara iberdim. Az salymdan soň galan gozgalaňçylar hem geldiler. Olar tüpeň sesini eşidipdirler. Gelenlerinde kapitanlarynyň ýesirlikden boşanyny görüp, mundan beýläk oňa wepaly bolup işlejekdiklerini söz berdiler.

Kapitana öz başdan geçirenlerimi gürrün berenimde ol gaty gynandy we aglady.

– Belki-de sen bu ýere meni halas etmek üçin iberilensiň – diýip, ol ahyrynda aýtdy.

Şeýlelikde, men ony we iki sany ýoldaşyny alyp kösgümiň arka tarapyndan eltdim. Olara çaý-çörek berenimden soň, şu jaýda ýaşap başlanymdan bäri ýasan ähli gymmatlyklary görkezdim. Kapitana meniň bakjam, diwarlarym hem-de owadan uzyn agaçlarym has hem gowy ýarady. Häzirlikçe biz gämini nädip ýyzyna almalydygy barada pikir etmelidik.

Men olara: – Size öz jaýymy we sürimi başga bir wagt görkezerin – diýdim. – Ilki bilen gämiňizi yzyna gaýtarmaly. Gämide yene-de näçe sany adam galdy?

– Ýigrimi alty – diýip kapitan jogap berdi: – Olar maňa garşy gozgalaň turuzandyklary zerarly olar yzlaryna Angliýa barsalar dardan asyljakdyklaryny bilýärler. Şol sebäpdenem olar edil haýwanlar ýaly göreşerler. Biz olara şujagaz sanymyz bilen garşy durup bilmeris.

Bu hakda köp pikirlendim. Bir tarapdan bu dogrudy. Ýöne beýleki tarapdan bolsa eger-de olaryň üstüni duýdansyz bassak, gowy bordy.

Soňra men gämidäkiler kenara giden ýoldaşlary barada alada edip bu yere gelerler diýip pikir etdim.

Birden meniň kelläme gaýygyň düýbüni deşip kenarda goýmaly diýen pikir geldi.Onuň içindäki ýaraglary, iýmitleri we romy alyp, gaýygyň düýbüni deşip goýup gaýtdyk. Biz gämini gaýtaryp alyp bilmesek-de, bu gaýygyň deşilen ýerini ýamap, hemişe kellämden çykmaýan dostlarymyň hem-de Spanfardyň yzyndan gidip bilerdim diýip, öz ýanymdan oýlandym.

Bu işler bilen meşgul bolup ýörkäk, gämiden gozgalaňçylaryň yzyna gaýdyp gelmeli wagtyny ýatladýan äheňde tüpeň sesi geldi. Soňra birnäçe tüpeň sesleri yzly-yzyna gelip ugrady. Muňa hiç hili jogap bolmady. Ahyry olaryň onusynyň suwa başga bir gaýygy goýberip kenara tarap ýüzmäge başlandyklaryny gördüm.

Olar göni bize tarap ýüzüp gelýändikleri sebäpli, gowy görünýärdiler. Deňizçileriň üçüsinden galany özlerini edil ýyrtyjy haýwan ýaly alyp baransoňlar, kapitan eýýäm gorkup ugrady.

– Ýaraglaryňyzy taýynlaň! – diýip, men yşarat etdim. Soňra Anna ýesirleriň üçüsinden galanyny gizlin gowagymyza alyp gitdi. Ol olary şol ýerde suwly we çörekli, ýöne öňküsi ýaly eli-aýagy daňylgy taşlap gaýtdy.

Anna olara: – Demiňizi çykarman otursaňyz, belki siziň günäňizi geçmegimiz ähtimal – diýdi: – Gaçyp gideris diýip asla pikir hem etmäň, atarys.

Olar hiç ýere gitmän ýuwaş oturjakdyklaryny aýtdylar. Anna olara birnäçe şemi goýup, özi hem gowagyň agzynda sakçy bolup galdy.

Biziň tarapymyza geçen üç adamlary hasaba alanymyzda biz ýedi sany bolduk, Anna sakçy bolansoň bu sana goşulanokdy. Kapitanyň aýdyşyna görä, olaryň arasynda birnäçe ynamdar adamlar bardy, bu bolsa bize azdakände olary yeňip bileris diýen ynamy berýärdi.

Olar öňki gaýyklarynyň ýanyna geldiler we ony suwdan birýana çykaryp

goýdular. Olar bu gaýygyň içinde ullakan deşikleri görüp gaty haýran galdylar. Daş-töweregine seredip, ýoldaşlaryny birnäçe gezek gygyryp çagyrdylar. Elbetde hiç-hili ses çykmansoň, olar şol wagt ýaraglaryna ýapyşdylar. Gowakdaky oturanlar bu sesleri eşitmeýärdiler, we biziň ýanymyzda oturanlar bolsa asla jogap bermek hem islemediler. Soňra olar yzlaryna dolanyp, birinji gaýykdaky adamlaryň ölendiklerini we olaryň gaýygynda uly deşik bardygyny aýtmaly diýen netijä geldiler.

Kapitan bu ýagdaýy görüp gaty alada batdy. Ol olar gäminin yelkenini açyp giderler we gämisini hiç haçan görmerin diýip pikir etdi.

Soňra ol olaryn yzlaryna kenara gaýdyp gelýänlerini görüp birneme rahatlandy.

Bu gezek olaryň üçüsi gaýyga sakçy bolup galdy, galan ýedisi bolsa beýlekileri gözlemäge gitdiler.

Bu garaşylmadk ýagdaý boldy. Biz näme etjegimizi bilmedik. Eger-de biz olaryň ýedisini tutsak onda gämä tarap ýüzüp gämidäki galanlar bilen gözden gaýyp boljakdylar. Şeýlelikde, biz olaryň diňe daşyndan seredip garaşmaly diýen netijä geldik. Olaryň ýedisi kenara çykdylar, galan üçüsi bolsa gaýyklaryny kenardan gaty daşlaşdyrman onuň ýanynda galdylar. Olaryň arasy ep-esli açyldy.

Kenara çykanlar bir-birinden gaty daşa gitmän galamyň aşagyndaky baýyrlyga göneldiler. Biz olary gowy görüp bilýärdik, emma olar bizi görmeýärdiler. Baýryň depesine ýetenlerinde olar indiki etmeli ädimlerini maşlahatlaşýan ýaly bir agajyň aşagynda oturdylar. Ýöne olaryň ýadawdyklary hem-de gaty ukularynyň tutýandygy görünýärdi.

Biz näme etjegimizi bilmän köp wagtlap gymyldaman ýatdyk. Ahyrynda olar ýerlerinden turdular-da, öz gaýyklaryna tarap gaýtdylar. Olar gözlegi goýbolsun edip yzyna gamilerine gitmekçi bolaýmasalar diýip men öz ýanymdan pikir etdim.

Men kapitanyň kömekçisine Annanyň sakçy duran yerinden gaýdyp gelmegini aýtmagy hem-de ony indeýlerden halas eden ýerimize, günbatardaky kiçijik derýa gitmegi tabşyrdym.

Anna bilen kapitanyň kömekçisi tokaýa girip, deňizçiler eşider ýaly edip gaty gygyrmalydylar. Bu sesi eşiden deňizçiler, elbetde jogap bererler we şol tarapa giderler. Olar bu ýagdaýy saklap deňizçileri näçe daşa tokaýyň içine alyp, gidip bilseler äkitmelidiler, soňra yzlaryna dolanmalydylar.

Olar yerleşenden soň, men derýadaky gaýygyň suwuň gelmegi bilen ýokaryk galanyny gördüm. Deňizçiler üç sakçynyň birini özleri bilen alyp gitdiler. Galan ikisi bolsa gaýygy kenardaky agaja berk bagladylar.

Bu meniň pikir edişimden hem has gowy boldy. Anna bilen kapitanyň kömekçisine işlerini düşündirip, beýlekileri öz ýanyma aldym. Biz derýanyň beýleki tarapyna geçdik-de, gaýykda oturan ikisini tutduk we ýesir edip aldyk.

Biz bu işler bilen meşgul bolýançak, Anna bilen kapitanyň kömekçisi öz işlerini oňat ýerine ýetiripdirler. Olar deňizçileri çagyryp, baýyrdan-baýra, bir agaçdan basga bir agaja böküp, aldaw ýoly bilen alyp gidipdirler. Garaňky düşmezden öň olary gaýyklaryna dolanyp gelmez ýaly edipdirler. Soňra Anna bilen kapitanyň kömekçisi yzlaryna gaýdyp geldiler, ýöne olar hem ýadawdylar.

Deňizçiler yzlaryna diňe birnäçe sagatdan soň gaýdyp geldiler. Olar biri birine ýadawdyklary barada kenara ýetmezden öň gürrüň berip gelýärdiler.Bu bolsa bizi gaty begendirdi.

Ahyry olar gürrüňleşip gaýyklaryna ýetdiler. Ýöne ony ýokarda we içi boş tapdylar. Olar öwran-öwran ýoldaşlaryny çagyrdylar, elbetde bularyň sesine hiç-hili jogap bolmady. Meniň adamlarym olaryň üstüne şol wagt çozuş etjekdiler. Ýöne men ýene-de garasmagy teklip etdim. Biz olaryň ýakynragyna geldik we men Anna hem-de kapitana olaryň ýanyna bildirmän emedekläp näçe golaý baryp bilseler barmagy buýurdym.

Soňra kapitan olaryň baştutanlarynyň birini görüp, Anna bilen ok atyp ugrady. Garakçylaryň biri şol bada öldi, beýlekisi bolsa onuň ýanyna ýykyldy. Goh-galmagaly eşidip, men adamlarym bilen öňe süýşdüm.

Olaryň üstüne gije çozuş edenimiz sebäpli olar biziň näçe adamlardygymyzy saýgaryp bilmediler. Gaýykda tutulan adamlaryň biri biziň diýenimizi etjekdigine söz berenden soň, men oňa deňizçi ýoldaşlarynyň bize boýun bolmagyny soramagy tabşyrdym.

– Tom, Smis, Tom, Smis – diýip, ol gygyrdy.

Nähilidir bir ses: „Bu kim?“ diýip gygyrdy. „Bu senmi, Robins?“ . Ol bu sesi tanana meňzeýärdi.

– Hawa, Tom, öz ýaraglaryňyzy tabşyryň, ýogsam siziň baryňyz ölersiňiz.

– Biz kime boýun bolmaly – diýip, Smis sorady.

– Bu ýerde biziň kapitanymyz bar – diýip, Robins biziň aramyzdan gygyrdy: –Bularyň ýanynda ýene-de elli sany adam bar, Som Gibs öldürildi. Will Freý bolsa ýaralanan, men bolsa ýesir alyndym. Eger siz boýun bolmasaňyz hemme zat biderek bor.

– Eger-de biz boýun bolsak olar biziň günämizi gecerlermi?

– Men häzir sorap göreýin – diýip, Robins jogap berdi. Kapitanyň özi: – Meni sesimden tanansyň, Smis. Eger-de ýaraglaryňyzy taşlap bize boýun

bolsaňyz, onda biz siziň Jon Atkinsden başga hemmäňizi goýbereris – diýdi.

Muny eşiden Jon Atkins gygyrdy: – Hudaýyň adyna meni bagyşla! Olaryň hemmesi hem meniň ýaly ahyryn.

Hakykatda bolsa ol ýalan sözleýärdi. Atkins baştutanlaryn biri bolup, kapitanyň ellerini-aýaklaryny daňyp, oňa gödek sözleri hem aýdypdy. Kapitan bolsa olara ýaraglaryny taşlap, şu ýeriň hojaýynyndan günälerini geçmegi soramalydygyny aýtdy. Şol adanyň hojaýyny diyip bolsa olar maňa aýdýardylar.

Olaryň hemmesi boýun boldular hem-de özleriniň günäleriniň geçilmegini soradylar. Men olaryň ýanyna öz adamlarymy iberip, olaryň ellerini-aýaklaryny daňmagy buýurdym. Meniň elli adamdan bolan goşunym (olar bary-ýogy sekizdiler we olardan başga garakçylardan biziň tarapymyza geçen üç sany denizçidi) garakçylary tutdular.

Biziň indiki işimiz, birinjiden-ä, gaýygyň deşilen ýerini ýamamak, ikinjiden bolsa gämini nädip ele salmalydygyny maslahatlaşmalydy. Deňizçiler kapitandan ötünç sorap, günäleriniň geçilmegini haýyş etdiler. Ol deňizçileriň özüniň däl-de hojaýynyň ýesirleridigini aýtdy. Ol hojaýynyň iňlis adamsydygyny hem-de eger ol islese, olary asyp hem biljekdigini aýtdy.

Deňizçiler kapitanlaryndan özleri üçin hojaýyndan olaryň günäsini geçmegini sorap bermegi haýyş etdiler. Eger-de işimiz şowuna bolsa, onda bu adamlar bize gämini ele salmaga kömek ederler diyip men pikir etdim. Özümi tanatmazlyk üçin, garaňkyrak ýerde bukulyp durdym. Men kapitany ýanyma çagyrdym, muny oturanlaryň biri eşidip: – Kapitan, ol siz bilen gürleşmek isleýär – diýdi. Bu bolsa meniň gaty uzakda däldigimi aýan etdi.

Men kapitana ýesirleri ikä bölmeli diýdim. Anna Atkinsi we arasynda iki sany güýçlülerini saýlap, ellerini-aýaklaryny daňdy. Soňra ol kapitanyň kömekçisi we yolagçy bilen olary gowakdakylaryň ýanyna alyp gitdi.

Beýlekileri jaýyma alyp gitdik we ellerini daňyp, haýatyň golaýynda goýduk.Bu ýerde olary hiç kim görup biljek däldi. Ertesi ir bilen kapitany yesirleriň ýanyna gämini ele salmaga kömek ederlermi diyip soramaga iberdim. Ol olara hojaýynyň aýdan zatlary bilen razy bolsalar, günäsini geçer diýip habar ýetirdi. Siziň bilşiňiz ýaly olar gürrüňsiz razy boldular.

Şeýlelikde, kapitan olara: – Siziň bu aýdanlaryňyzy hojaýyna ýetirerin, eger-de ol razy bolsa, onda görersiňiz – diýdi.

Ol maňa gizlinlikde bu adamlara ynanýandygyny aýtdy. Seresaplygy elden bermezlik üçin men oňa olaryň ýanyna dolanyp, olaryň içinden bize kömek eder ýaly bäşisini saýlap almagy, galan ikisini bolsa beýleki ýesirleriň ýatan gowagyna alyp gitmegi buýurdym. Eger-de olaryň şol bäşisi aldasa, onda

galan ikisi hökman öldüriler.

Indi biz on iki sany adam bolduk – kapitan, kapitanyň kömekçisi, gämidäki ýolagçy, birinji gaýykdan halas eden iki sany adamymyz hem-de meniň jaýymda daňylgy ýatan iki sany deňizçi ýesirdi. Kapitan olara ynam bildireninden soň men olary hem galan bäşisi bilen boşatdym. Anna bilen ýesirleri goramaga hem-de olary naharlamak üçin galdyk.

Soňra men kapitan bilen iki sany ýesiriň ýanyna bardym. Kapitan olara adanyň hojaýyny maňa ýesirleri gözden sypdyrmazlygy buýrandygyny aýtdy.

– Eger siz gaçmaga synanyşyk etseňiz, onda bu adam sizi hojaýynyň galasyna eltip, zynjyr bilen daňar – diýip, kapitan olara aýtdy.

## *XVII bap*

## *ADA BILEN HOŞLAŞYK*

Kapitan iki gaýyk taýynlady. Olaryň birine ýolbaşçylyk etmegi gämiden halas bolan ýolagça buýurdy, ikinji gaýyga bolsa özi ýolbaşçylyk etdi. Olar ýarygijä golaý gämä ýüzüp bardylar.Gämä golaýlaşanlaryndan soň Robinzonyň birinji gaýygy tapandygy barada gygyryp aýtmagy mejbur etdiler. Garakçylar öz aralarynda gürleşýärkäler,olar gaýykly gämä aralaşdylar. Soňra kapitan hem-de onuň kömekçisi gämä çykdylar we kapitanyň beýleki kömekçisini hem-de agaç ussasyny öz tüpeňleri bilen urdular. Olar gämidäki galan adamlary tutup daňdylar, şol wagt hem beýleki gaýyk gämä ýüzüp bardy.

Garakçylaryň ýolbaşçysy iki sany adam we ýaş oglan bilen eli ýaragly gäminiň içine girip, gapyny gulplady. Kapitanyň kömekçisi gapyny demriň bir bölegi bilen döwüp açdy. Garakçy ony tüpeň bilen atdy, kapitanyň kömekçisiniň elinden ok degdi.

Kapitanyň kömekçisi kömege çagyrdy,ol ýaraly bolsa-da, ylgap baryp garakçynyň kellesinden atdy, şeýdip olar gämini ele saldylar. Öňki gürleşişimiz ýaly gämini garakçylardan halas edendiklerini habar bermek üçin kapitan ýedi sany tüpeňe ok salmagy buýurdy. Men kenarda howsala düşüp garaşyp durkam, tüpeň sesini eşidenime begendim. Indi men arkaýyn uka gitdim. Bu gün men gaty ýadadym.

Az salymdan, men tüpeň sesine oýandym, kimdir biri "Hojaýyn, hojaýyn" diýip çagyrýardy. Bu kapitanyň sesidi. Ol baýryň depesinde durdy. Ol gämä tarap görkezip, maňa ýüzlendi:

– Meniň mähriban dostum, bu seniň gämiň, onuň üstündäki bar zatlar

seniňki, biziň hemmämiz hem saňa gulluk ederis – diýip,ol aýtdy.

Men gämä seretdim. Ol kenardan ýarym milýa uzaklykdady. Olar gämini garakçylardan halas eden batlaryna, ony ençeme ýyl mundan ozal salymy kenara çykaran ýerime getiripdirler.

Men geň galmakdan ýaňa aýak üstünde durup bilmezmikäm öýtdüm. Ine, ençeme ýyldan soň maňa halas bolmaga mümkünçilik.Birbada men hatda kapitana hiç zat jogap berip bilmedim.Men ýykylmazlyk üçin, oňa direndim.

Ejizläp durşumy görüp,ol meniň agzyma romly çüýşäni eltdi.Men ondan az-kem içenimden soň, özüme gelip,ýerde oturdym hem-de geplemäge başladym.

Biz ol ýerde bile oturdyk.Begenjimizden ýaňa gözlerimiz ýaşdan doludy.

– Men saňa kiçiräk sowgat getirdim – diýip, kapitan aýtdy. Ol adamlaryna "maňa kiçiräk sowgat" getirmegi buýurdy. Ol maňa içi Madeýra çakyrly alty sany çüýşe,iki funt temmäki, gant hem-de haltanyň içinde gämiden getirilen çörek berdi.Bu zatlaryň barysy maňa gerekdi. Şeýle hem ol maňa içi unly halta, limon, alty sany täze köýnek, jorap hem-de eşikdir, penjek berdi.

Bu meniň üçin örän gowy sowgatdy, ýöne näçe ýyllap geçi hamyndan tikilen eşikleri geýenimden soň, men özümi bu täze eşikde täsin duýdum.

Indi men ýesirler barada pikirlenip başladym: – Bu iki melgun adam, eger olar gämide galmak isleýän bolsalar, onda öz häsiýetlerini üýtgetmeli bolarlar. Biz olara zynjyr dakyp ýanymyza gämä alarys, soňra Ýamaýkada olary hökümediň eline tabşyrarys – diýip kapitan aýtdy.

– Belkem olary adada taşlap gideris? – diýip soradym. Kapitan meniň bu teklibimi halady.

– Bolýar, onda men olary seniň bilen gürleşer ýaly bärik getireýin – diýip aýtdym.

Men Anna ýesirleri we beýleki boşadan iki sany ýesirimi ikinji guran jaýyma getirmegi tabşyrdym.

– Ýesirleri tä men baryançam şol ýerde sakla, ýöne iki boşadylan ýesiri bu ýere iber – diýip Anna aýtdym.

Az salymdan soň, hojaýyn hökmünde öz täze eşiklerimi geýip jaýyma bardym. Men ýesirleri getirmegi buýurdym.

– Kapitan siziň eden zatlaryňyz barada maňa jikme-jik gürrüň berdi, siziň öz kapitanyňyzy öldürjek bolanyňyzy hem bilýärin. Ýöne siz öz guran duzagyňyza özüňiz düşdüňiz. Meniň buýrugym bilen gämi öz hakyky kapitanynyň eline geçdi. Siz ýaly garakçylary asyp öldürmäge maňa hiç-hili päsgelçilik ýok! – diýip aýtdym.



– Ýöne kapitan bizi ýesir alanda öldürmejegine söz berdi ahyryn. Hojaýyn, ýalbarýarys, biziň günämizi öt! – diýip, olar aýtdylar.

– Men siziň günäňizi nädip geçjegimi bilemok. Meniň özüm-ä kapitanyňyz bilen gämä çykyp, Angliýa dolanyp barjak. Kapitan sizi gandala salyp, gämili Ýamaýka eltip hökümetiň eline beräýmese başga alajy ýok – diýip men aýtdym.

– Men diňe siziň janyňyzy halas etmegiň mümkinligi barada pikirlenýärin. Siz şu adada galmak isleýärsiňizmi? – diýip, sözümiň üstüni ýetirdim.

Olar örän minnetdar boldular. Elbetde, bu ölümden gowudy. Bizden kapitan olary bu ýerde goýup gitmezligi sorady.

– Ýuwaş! – diýip, men gygyrdym: – Kapitan, olar seniň däl-de, meniň ýesirlerim. Men olary boşadyp, şu adada taşlap gitjek, eger bu seniň göwnüňden turmasa olary alyp gitmäge synanyşyp göräý! – diýip, men aýtdym.

Şeýlelikde men olary boşadyp, olara ýarag, ok-däri goýup gitdim. Soňra kapitana gämini syýahata taýýarlamagy tabşyrdym-da, deňizçiler bilen gürrüňimi dowam etdirdim.

Men olara öz adadaky başdan geçirenlerimi gürrüň berdim, olara galamy, sürimi hem-de bugdaý meýdanlarymy görkezdim. Men olara nädip çörek bişirenimi, üzümden kişmiş edenimi gürrüň berdim. Bu işler maňa agyr düşen hem bolsa, olar meniň ýaly kösenmezleri üçin bu zatlary olara aýdyp berdim.

Men olara çelek, däri hem-de öz Ispan dostlarym üçin ýazan hatymy goýup gitdim. Şondan soň syýahata taýynlandym. Ýöne biz ;ol bada ugramadyk. Birdenkä bäş sany garakçynyň ikisi gämä ýüzüp bardylar hem-de bizden özlerini gämä ýanymyza almagymyzy soradylar.

– Eger siz bizi özüňiz bilen alyp gitmeseňiz, beýlekiler bizi öldürerler. Eger isleseňiz bizi öldüriň, ýöne adada taşlap gitmäň – diyip ýalbardylar.

Kapitan maňa tarap öwrülip – Näme edeli? – diýip sorady.

– Aý, olary gämä alaýaly. Elbetde, olar özlerini gowy alyp barmaga söz berseler – diýip, men jogap berdim.

*Şeýlelikde, biz olary gämä aldyk, soňra biz ökünmedik, sebäbi olar diýenimizden çykmadylar.*

*Men adam bilen hoşlaşdym. Ýanyma geçi hamyndan tikilen telpegimi, saýawanymy, totyguşumy hem-de ispan gämisinden tapan altyn we kümüş şaýlarymy aldym.*

1686-njy ýylyň 19-njy sentýabrynda men adamy, mähriban dostum Annany goýup ýola rowana boldum. Men adada 28 ýyl, 2 aý 19 gün geçirdim. Adadan gidenimden soň hem köp wakalary başdan geçirdim; bu wakalar barada bolsa men size geljekde gürrüň bererin.

